**R. Teňňeliýew**

# Garaşsyz Türkmenistanda arhiw işiniň guralyşy

**Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin okuw gollanmasy**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi**

**Aşgabat-2010**

# Giriş

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek baradaky syýasatyndan, döwletimiziň galkynyş we özgeriş ýörelgelerinden ugur alyp, talyplaryň bilime-ylma bolan höwesiniň işjeňligini artdyrmakda, öz hünärini çuňňur özleşdirmekde professor-mugallymlar tarapyndan uly işler alnyp barylýar. Döwlet Baştutanymyzyň içerki we daşarky syýasatlary okadylýan derslerde giňişleýin öwrenilýär. Pudaklaýyn arhiwleriň işini öwrenmek dersinde hormatly Prezidentimiziň eden döwlet bähbitli çykyşlary, kabul eden permanlary, kanunlary, kararlary, şeýle-de onuň daşary ýurtlara eden saparlaryndaky çykyşlary geçilýän temalar bilen baglanyşdyrylyp talyplara ýetirilýär. Bu resminamalar bolsa talyplara dersi özleşdirmekde gymmatly we esasy çeşmeleriň biridir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde 2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda sözlän sözünde ýokary okuw mekdeplerine ýurdumyzyň ylym ulgamyny ösdürmäge we alymlaryň täze neslini ýetişdirmäge, olary ylym ulgamyna işjeň çekmäge, okuw kitaplarynyň, gollanmalarynyň taýýarlanyşynyň hilini gowulandyrmaga[1] çagyrdy.

Garaşsyzlygyň ýyllary içinde arhiw işi hakynda kanun we birnäçe kararlar kabul edildi. Soňky ýyllarda hem arhiw işini düzgünleşdirýän ençeme hukuk namalary kabul edildi. 2003-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-yna “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. 2004-nji ýylyň dekabr aýynyň 24-inde Türkmenistanyň Prezidentiniň 7030 belgili Karary bilen Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň we Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň Düzgünnamalary kabul edildi. Düzgünnamalarda arhiw işiniň ýörelgeleri has aýdyň we anyk beýan edildi.

---

[1] “Türkmenistan” g.. , 2009, 13-nji iýun.

“Pudaklaýyn arhiwleriň işini guramak” dersi talyplara arhiw işiniň esasy ugurlary boýunça düşünje bermek bilen, olary şol ugurdan kämil hünärmen edip ýetişdirmegi maksat edinýär.

“Garaşsyz Türkmenistanda arhiw işiniň guralyşy” okuw gollanmasy Türkmen döwlet medeniýet institutynda taýýarlanylýan arhiw hünärmenlerine dersleri çuňlaşdyryp öwrenmäge niýetlenen okuw gollanmasy bolup hyzmat eder.

Gollanmanyň esasy maksady Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümini we mukdaryny, onuň resminamalaryna seljerme geçirmegiň maksadyny we geçirilişiniň usullaryny, arhiw resminamalaryň peýdalanyşynyň görnüşlerini we peýdalanmagy guramagyň ýollaryny, resminamalary toplamaga çeşmeleri saýlap almagyň usullaryny we resminamalary döwlet saklawyna kabul edilişiniň görnüşlerini, Milli arhiw gaznasynyň hasabyny ýöredýän resminamalaryň görnüşlerini, olaryň ýöredilişiniň we ony abat saklamagyň ýollaryny, resminamalara düzülýän ylmy-maglumat ulgamlarynyň görnüşlerini we olaryň düzülişini talyplara öwretmek bolup durýar.

Gollanmany ýazmak üçin diňe Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary bilen baglanyşykly Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň maglumatlary peýdalanyldy.

Gollanma talyplara arhiw işini öwretmek, şeýle-de olary ylmy-gözleg işine ugrukdyrmak maksady bilen ýazylandygy üçin, gollanmanyň ýazgysy dürli usullary ulanmak arkaly ýazyldy.

Hormatly Prezidentimiziň kitaplary, makalalary, çykyşlary Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň arhiwleriniň, arhiw işiniň teoriýasyna we tejribesine dogry düşünmäge, ony

arhiwçileriň gündelik işlerinde peýdalanmagyna metodologiki esas bolup durýar.

Türkmenistanda Täze Galkynyşlar eýýamynyň başlanmagy bilen Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň jöwher paýhasyndan gelip çykýan çuň özgertmeleri giň halk köpçüligi tarapyndan buýsanç bilen amala aşyrylyp durmuşa ornaşdyrylyp başlandy.

Ýurt, halk bähbitli bu çäreler türkmen halkynyň resminamalarynda beýan edilýän mirasyny goramak, aýawly ulanmak işini hem öz içine aldy.

Hormatly Prezidentimiziň işlerinde taryhy resminamalary medeni aň-bilim, ylmy-barlag işlerinde ulanmagyň ähmiýeti hakynda örän gymmatly maslahatlar berilýär.

"Pudaklaýyn arhiwleriň işini guramak " dersi bilen baglanyşykly ylmy-okuw ugurlaryň sany giň. Türkmenistanda arhiw resminamalarynyň guralyşy, onuň saklanylyşy, ylmy-maglumat ulgamynyň döredilişi, resminamalaryň peýdalanmaga berlişiniň usullaryna degişlilikde ol ylmyň dürli pudaklary bilen baglanyşykly. Olaryň arasynda ilkinji orny taryh ylymlary eýeleýär. Sebäbi arhiw resminamalarynyň ählisi adamzadyň dürli döwürlerde alyp baran köptaraply işiniň netijesinde emele gelýär. Taryhy döwre düşünmezden, taryhylyk usulyny ulanmazdan, resminamalaryň ýekejesine-de dogry we doly baha berip bolmaýar. Arhiw resminama-larynyň saklanylyşyny, ylmy-maglumat ulgamynyň döredilişini, resmina-malaryň peýdalanyş usullaryny we tejribesini öwrenmekligi taryh ylymyndan üzňe göz öňüne getirmek hem mümkin däl.

Çeşmeleri öwreniş ylmy arhiw işiniň teoriýasyny we tejribesini özüniň resminamalary ylmy esasda öwrenmek usullary bilen ýaraglandyrýar. Ol ekspertizanyň teoriýa meselelerini dogry çözmäge döwlet goragyna ylmy we durmuşy ähmiýetli resminamalary dogry seçip almakda, arhiw

gaznasynyň çäklerinde olaryň klassifikasiýasynyň (bölmegiň) esaslandyr-masyny işläp düzmäge ýardam edýär.

Taryh ylymlarynyň düzümine girýän kömekçi taryhy dersleriň arhiw resminamalarynyň mazmuny bilen işlemekde örän uly ähmiýeti bardyr.

Döwlet edaralarynyň taryhy dersi, Türkmenistanda döwlet dolandyryş apparatynyň döwlet edaralarynyň, kärhanalarynyň, guramalarynyň dörän gününden başlap dürli arhiw gaznalarynyň dogry guralyşyna düşünmäge kömek edýär.

Garaşsyz Türkmenistanda arhiw işiniň guralyşy dersi informatika, arheologiýa, arhiw adalgalaryny öwreniş, arhiw hasabaty ýaly ylmy ugurlar bilen-de gö s-göni baglanşykly. Öz gezeginde arhiw işiniň nazarýeti we tejribesi dersi öz işinde beýleki ylmy ugurlaryň gazananlaryny almak bilen çäklenmän,eýsem olaryň ösmegi, dogry ylmy- barlag işlerini alyp barmagy üçin belli bir borçlary ýerine ýetirýär. Şeýlelikde, ýokarda agzalan dersleri bir-birinden arhiw işinden hem üzňe göz öňüne getirmek mümkin däl. Şeýle baglanyşygy göz öňünde tutýan okuw, okuw gollanma kitaplary, monografiýa ylmy barlaglary garaşylýan netijeleri has doly berip biler.

Hödürlenýän okuw gollanmasynda şeýle dersara baglanyşyklary göz öňünde tutmak bilen ylymda entäk öwrenilmedik ägirt uly ylmy, syýasy, durmuşy, halkara ähmiýeti bolan – Garaşsyz Türkmenistanda arhiw işiniň guralyşy  beýan edilýär.

Okuw gollanmasyny ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşan Türkmen döwlet medeniýet institutynyň “Muzeý öwreniş we arhiw işi” kafedrasynyň mugallymlaryna, institutyň Alymlar geňeşiniň agzalaryna, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň (başlygy taryh ylymlarynyň kandidaty M.Mollaýewa) Guramaçylyk usuly bölüminiň başlygy M.Bäşimowa, şol bölümiň baş hünärmeni M. Ahunowa, Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň uly ylmy

işgäri O. Annamyradowa, Ahal welaýatynyň döwlet arhiwiniň başlygy, taryh ylymlarynyň kandidaty O.R. Jumaýewa, aýratynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasynyň Türkmenistanyň Prezidentiniň eserleriniň doly ýygyndysyny taýýarlamak we neşir etmek bölümçesiniň baş ylmy işgäri, taryh ylymlarynyň kandidaty N.Rahymowa aýdan teklipleri, tankydy bellikleri üçin uly minnetdarlyk bildirýäris.

Elbetde, talyplar üçin şeýle okuw gollanmasynyň Türkmenistanda ilkinji gezek çap edilýänligi, ýüze çykmagy mümkin bolan kemçilikleri düzetmäge, aýdylan tankydy bellikleri, teklipleri uly minnetdarlyk bilen kabul etmäge awtorlaryň taýýardygyny öňünden aýdýarys.

**Biziň salgymyz:** Aşgabat şäheri, Magtymguly şaýoly, 4-nji jaý, Türkmen döwlet medeniýet instituty. Tel. 27-21-33.

# 1 bap. Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy

## § 1. Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary

Retrospektiw (geçmişe gönükdirilen) resminama maglumatlary ulanmak maksadynda resminamalary kabul etmegi, saklamagy we ulanmagy amala aşyrýan guramalara ýa-da onuň düzümine girýän bölümlere arhiw diýilýär. Ilki bilen "arhiw" sözüniň gadymydygyny bellemek gerek. Häzirki döwürde bu söz birnäçe many aňladýar. Bu söz türkmen dilinde esasan resminama saklanylýan ýer, resminamalary saklaýan we olar bilen iş geçirýän edara manysyny aňladýar. Şonuň üçin hem arhiw işi diýlip-arhiw resminamalaryny saklamak we peýdalanmak meselelerini öz içine alýan pudak işine düşünilýär. Ol döwlet işiniň bir pudagy höküminde arhiw

resminamalarynyň we arhiw edaralarynyň işiniň guralyşynyň syýasy, ylmy, hukuk we gündelik iş meselelerini öz içine alýar.

Şonuň üçünem arhiw işiniň taryhyny öwrenýän, onuň teoriýa, usulyýet we guramaçylyk meselelerini işläp düzýän ylmy derse arhiwiöwreniş dersi diýilýär.

Türkmenistanda gymmatly arhiw resminamalarynyň toplumnyň döwlet eýeçiliginde bolmagy Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasyny düzýär. Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy diýlip, türkmen halkynyň maddy we ruhy durmuşyny beýan edýän hem-de taryhy, ylmy, durmuş, ykdysady, syýasy we medeni taýdan ähmiýetli resminamalaryň jemine aýdylýar.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy "Türkmenistanyň Milli arhiw fondyny döretmek hakynda"[2] Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany (23 ýanwar, 1992 ý) esasynda döredildi. Ol Türkmenistanyň Ýokary Sowetiniň 1991-nji ýylyň 26-njy oktýabrynda halkyň mälim eden erk-islegini, Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň döwlet özygtyýarlygy hakyndaky Jarnamany durmuşa geçirmek maksady bilen kabul edilen kararlaryň amala aşyrylmagynyň möhüm görkezijileriniň biridi. SSSR ýykylandan soň Garaşsyz Döwletleriň arkalaşygyna girýän döwletleriň arasynda emläk dawalary bolmaz ýaly "SSSR döwründe her döwletiň çäginde döredilen emläkler garaşsyz döwletleriň öz döwlet emläkleri" (Öňki SSSR-iň döwlet arhiwlerine hukuk eýeçiligi baradaky

[2] Türkmenistanyň Milli arhiw fonduny döretmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany // Türkmen arhiwi 1' 1993.

Ylalaşyk 06.07.92) diýlip ykrar edildi. Şonuň üçinem Garaşsyz Türkmenistan Döwletiniň çägindäki arhiw gaznasy Türkmenistanyň döwlet emlägi statusyny alypdy.

Öň Türkmenistanyň cäklerindäki ähli arhiwler SSSR-iň arhiw fondunyň düzimine girýärdi. SSSR-iň arhiw fondunyň düzgünnamasy SSSR Ministrler Sowetiniň 1980-nji ýylyň aprel aýynyň 4-indäki № 274 Karary bilen tassyklanylandy.[3] Şol Düzgünnama laýyklykda SSSR-iň döwlet arhiw fonduna Sowet döwletine degişli syýasy, halk hojalyk, ylmy, durmuş-medeni ýa-da taryhy ähmiýetli resminamalaryň ählisi tutuşlygyna girýärler.[4] Resminamalary SSSR-iň döwlet arhiw fondunyň aýratyn gymmatly bölegine degişli etmek we olaryň ätiýäçlik nusgalarynyň gaznasyny döretmekligiň tertibini SSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi belleýärdi.[5] SSSR-iň düzümine girýän soýuz respublikalaryň merkezi döwlet arhiwleriniň, döwlet arhiwleriniň we olaryň filiallarynyň sanawyny soýuz respublikanyň Ministrler Soweti SSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi bilen ylalaşandan soň tassyklap bilýärdi.[6]

Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary biziň öwrenýän döwrümizde ylmy hem-de durmuşy ähmiýetde guralmagynda 1991-2006-njy ýyllarda 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul edilen “Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynyň ägirt uly ähmiýeti boldy. Bu Kanunyna

---

[3] Положение о Государственном архивном фонде СССР.

Положение о Главном архивном управлении при Совете Министров СССР. М:1980.

[4] Şol ýerde s. 2.

[5] Şol ýerde.

[6] Şol ýerde s. 4.

laýyklykda[7] Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi, Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy, Türkmenistanyň Syýasy resminamalarynyň merkezi döwlet arhiwi, Türkmenistanyň kinofotofonoresminamalarynyň merkezi döwlet arhiwi, Ahal welaýatynyň döwlet arhiwi, Balkan welaýatynyň döwlet arhiwi, Daşogyz welaýatynyň döwlet arhiwi, Lebap welaýatynyň döwlet arhiwi, Türkmenistanyň Atamyrat şäherindäki döwlet arhiwi, şeýle-de Tagtabazar etrapara we Tejen, Babadaýhan, Sarahs etrap arhiwleri, "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy, Türkmenistanyň Oba hojalyk ylymlar akademiýasy, Türkmenistanyň Medisina ylymlar akademiýasy, muzeýler, kitaphanalar Döwlet arhiw fondunyň taryhy taýdan emele gelen dokument komplekslerini hemişelik saklamak işini alyp barýardylar. Olaryň bu işi şol edaralar hakyndaky Düzgünnama arkaly kesgitlenilýär". Şeýle-de Milli arhiw gaznasynyň resminamalary Türkmenistanyň edaralarynda, guramalarynda, kärhanalarynda saklanylýar.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy diýen kesgitlemäni 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul edilen "Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda, "Iş dolandyryş we arhiw işi" atly Türkmenistanyň döwlet standartynda TDS 621-2003-de, "Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda (2003-nji ýylyň sentýabr aýynyň 30-y) berilýär. "Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy (TMAG) – türkmen halkynyň maddy we ruhy durmuşyny beýan edýän, taryhy, ylmy, durmuşy, ykdysady, syýasy, medeni ähmiýeti, onyň taryhy-medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi we döwletiň maglumatlar gorunyň düzümi bolan, taryhy taýdan emele gelen, hemişe üsti doldurylyp durulýan we hemişelik

[7] Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakynda Türkmenistanyň Kanuny // Türkmen arhiwi 1' 93. s. 7.

saklamaga degişli arhiw resminamalarynyň jemi”[8] diýip bellenilýär . Başgaça aýdanyňda Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy – hemişelik saklanylmaly resminamalaryň jemi bolyp, mazmun taýdan türkmen halkynyň we Türkmenistanyň halklarynyň durmuşynyň dürli ugyrlaryna degişli ýazuw çeşmeleridir.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň abat saklanylmagyny üpjün etmek işi döwletimiziň gündelik alyp barýan işleriniň biridir. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Milli arhiw resminamalarynyň abat saklanylmagyny üpjün etmek işini Türkmenistanyň Ministler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň üstü bilen amala aşyrýar. Türkmenistanyň Milli arhiw fonduny döretmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 23-nji ýanwaryndaky Permanynda “Türkmenistanyň Milli arhiw fonduny döretmegi we arhiw işini ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmegi, şeýle hem şu meseleler boýunca Türkmenistanyň ministrlikleriniň hem-de wedomstwolarynyň işini ýerli häkimýet we dolandyryş organlary bilen arkalaşyp utgaşdyrmagy Türkmenistanyň Hökümetiniň ýanyndaky Baş arhiw uprawleniýesiniň üstüne ýüklemeli ”[9] diýilýär. Şeýlelikde, bu Perman Türkmenistanyň çäklerinde arhiw işine jogapkär ýeke täk edarany belledi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň sentýabr aýynyň 2-sindäki № 1475 Karary bilen Türkmenistanyň Milli arhiw fondunyň Düzgünnamasy, Türkmenistanyň Ministrler

---

[8] Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky Türkmenistanyň Kanunu. 30.11.2003 ý. // Türkmen arhiwi, 2003-2004-2005. s.7.

[9] Türkmenistanyň Milli arhiw fonduny döretmek hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany // Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy.-1992.- № 1.

Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň Düzgünnamasy, Türkmenistanyň döwlet arhiw gullugynyň düzümi, şeýle-de Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň döwlet saklawyny amala aşyrýan döwlet pudaklaýyn arhiw gaznasynyň sanawy tassyklanyldy.[10]

Türkmenistanyň Milli arhiw fondunyň Düzgünnamasy öz gezeginde "Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda Türkmenitanyň Milli arhiw gaznasyny guramagyň we dolandyrmagyň meseleleriniň, şeýle-de resminamalary toplamagyň, saklamagyň we onyň hasabyny ýöretmegiň, ondan peýdalanmagyň tertibini belleýär.

Ol Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamasy diýen düşünjä bilen baglanyşyklydyr. "Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunynda oňa şeýle kesgitleme berilýär: "Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamasy-gymmatlylygynyň seljermesi geçen, döwlet tarapyndan hasaba alnan we hemişelik saklanylmaga degişli arhiw resminamasy"[11] diýip belenilýär. Şu ýerde bir zady bellemek gerek, ýagny resminama diýen düşünjäniň dürli usullarda we serişdelerde edilen ýazgyny aňladýandygy gelip çykýar. "Resminama-hakykat ýüzündäki zatlar hem-de adamynyň pikiriniň işi hakynda hat, grafika, foto, widio we fono ýazgysy ýa-da beýleki islendik usulda aňladylan maglumat şekillendirilen maddy obýekt"[12] hökmüinde baha berilýär. "Iş dolandyryş we arhiw işi, hakyndaky Türkmenistanyň döwlet standartynda (TDS 621-2003) bolsa "resminama-maddy saklaýjyda ýazylan we alamatlary (rekwizitleri) arkaly kesgitlenip bilinýän maglumat"[13] diýip

[10] Türkmenistanyň arhiw işi hakynda kanunçylyk-normatiw aktlarynyň ýygyndysy. Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi, Aşgabat, 2005.

[11] Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky Türkmenistanyň Kanuny 30.11.2003 ý; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005. s.7.

[12] Şol ýerde.

[13] Iş dolandyryş we arhiw işi. Türkmenistanyň döwlet standarty (TDS) 621-2003, -Aşgabat, 2003, s.1.

bellenilýär. Arhiw resminamasy bu jemgyýet üçin ähmiýetliligine we onuň eýesi üçin-de gymmatlylygyna garap saklanylýan ýa-da saklanylmaga degişli resminamalardyr.

Arhiw gaznasy diýlip, esasan, bir edaranyň, guramanyň, kärhananyň ýa-da şahsyň, nesiliň, kowumyň işiniň netijesinde emele gelen resminamalaryň jemine aýdylýar. Arhiw gaznasy düşünjesi arhiw işinde hasaba alyş birligi bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde müňlerçe gazna saklanylýar. Gaznadaky işleriň mukdary dürli-dürlüdir. Gazna döredijiniň işiniň netijesinde näçe köp hemişelik saklanylmaly resminama döreýän bolsa arhiw gaznasynyň resminamalary şonça köpdür. Egerde gaznada birnäçe gazna döredijiniň resminamalary saklanylýan bolsa onda şeýle gazna arhiw toplumy diýilýär. Arhiw gaznasy we arhiw toplumy işleri arhiwiň içinde bölüşdirip saklamak üçin ulanylýar. Resminamalaryň arhiwiň içinde bölünişi diýlip, olaryň arhiw gaznalaryna we arhiw toplumlaryna bölünmegine düşünilýär. Bu iş arhiwiň resminamalarynyň üstüni ýetirmek, aýawly saklamak we hasabyny ýöretmek şeýle-de oňat hilli ylmy-maglumat ulgamynyň döredilmegi hem-de resminamalaryň dürli ugurlarda peýdalanmak işi bilen baglanyşyklydyr.

“Arhiw gaznasy” resminamalary bölmek we hasaba almak üçin birlik hökminde ulanylýar. Arhiw gaznasynyň şeýle görnüşleri bolýar: edaranyň, kärhananyň, guramanyň belli bir adamyň, şahsyň arhiw gaznasy, birleşdirilen arhiw gaznasy, resminamalaryň arhiw toplumy, ylmy-tehniki resminamalaryň toplumy.

Edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň, harby bölümleriň, belli bir şahslaryň işleriniň netijesinde resminama emele gelýän bolsa, onda olara gazna döredijiler diýip atlandyrýarlar.

Arhiw gaznasy resminamalardan düzülýär. Resminamalaryň ähli toplumy haýsydyr bir gazna döredijiniň işiniň netijesinde emele gelen bolsa, onda oňa resminama gaznasy diýilýär.

Her bir resminama gaznasy öz düzüminde gazna döredijiniň ähli resminamalaryny alýar: iş dolandyryşdaky resminamalar, gazna döredijiniň arhiwindäki resminamalar, onuň döwlet arhiwinde saklanylýan resminamalary diýärler.

Wagtlaýyn saklanylmaly resminamalar Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň bellän tertibine laýyklykda ýok edilýär, ylmy we ulanmak üçin gerek bolan resminamalar döwlet arhiwlerine kabul edilýär we arhiw gaznasyny düzýärler.

Gaznanyň işleri bir ýazgyda-da, şeýle-de birnäçe ýazgylarda hem bolup biler. Ministrlikleriň, pudak dolandyryş edaralarynyň gaznasynyň işleri birnäçe ýazgydan durýar. Gaznanyň ýazgylarynyň mukdary hemişelik däldir. Wagtyň geçmegi bilen gazna döredijiniň gurluşynyň üýtgemegi bilen täze ýazgylaryň döredilmegi mümkindir, şeýle-de ýazgydaky işleriň mukdarynyň 4 (dört) belgili sana ýetmegi bilen ol ýazgynyň bes edilip täze ýazgylaryň düzülmegi müňkindir. Şeýle-de arhiwiň gaznalarynda ondaky resminamalara maksatlaýyn seljerme geçirilende, seljermäniň netijesinde täze ýazgy düzülip bilner hem-de birnäçe ýazga derek az mukdarda ýa-da diňe bir ýazgy hem düzülip bilner. Türkmenistan Garaşsyzlygyny alandan soňky ýyllarda döwlet arhiwlerinden maksatlaýyn seljerme işi örän seýrek geçirilýär.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary 3 basgançakda bölünýär:

1. Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň
tutuşlygyna bölünişi;
2. Resminamalareyň arhiwiň içinde bölünişi;
3. Arhiw resminamalarynyň gaznanyň içinde bölünişi, resminamalaryň
(işleriň) tertip bilen ýerleşdirilişi.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň bölünişi netijesinde döwlet arhiwleriniň ulgamy döredilýär.

1. Resminamalaryň belli bir taryhy döwre degişliligi;

2. Resminamalaryň döwlet derejesindäki edaralaryň we ýerli
dolandyryş edaralaryna degişliligi;
3. Resminamalaryň belli bir çäk birligine degişliligi;
4. Resminamalaryň belli bir ulgama degişliligi;
5. Resminamalaryň düzülişiniň usulynyň we tehnika bilen döredilşiniň
aýratynlygy.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň bölnüşi we döwlet arhiwleriniň ulgamy barada degişli bölümlerde giňişleýin gürrüň edilýär.

## §2. Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň alamatlar boýunça toparlara bölünişi

Resminamalaryň belli bir taryhy döwre degişlilik ölçegi arhiw işinde
giňden ulanylýandyr. Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy şu ölçeg boýunça 3 döwre bölünýär.

Birinji döwür taryhy döwür, bu döwre 1870-1917-nji ýyllaryň aralygyndaky dörän resminamalar girýär. Ikinji döwür Sowet döwrüniň gaznalaryny öz içine alýar, oňa 1917-1991-nji ýyllaryň resminamalary girýär. Üçünji döwür Garaşsyzlyk döwri 1991-nji ýyldan bärik Garaşsyzlyk eýýamynyň resminamalaryny öz içine alýar. Bu meselelere “Arhiw resminamalarynyň bölünişi-gaznalaşdyrylyşyny” temany öwrenemizde düýpli serederis.

Türkmenistanyň arhiwlerinde diňe Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde kagyza ýazylan taryhy döwre degişli resminamalar saklanylýar. Türkmenistanyň kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwinde taryhy döwre degişli fotoresminamalar we fonoresminamalar

saklanylýar. Türkmenistanyň ähli döwlet arhiwlerinde Sowet we Garaşsyzlyk döwrüniň resminamalary saklanylýar.

Resminamalaryň dürli derejedäki edaralarda döredilendigi we döredilýändigi onuň **döwlet edaralaryna, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryna degişlilik ölçegi** emele getirýär**.** Olar ýurt derejesindäki edaralar, welaýat edaralaryna we etrap derejesindäki edaralara bölünýär. Resminamalaryň şeýle bölünişi döwlet arhiwleriniň ulgamy döredilende uly rol oýnaýar. Merkezi edaralaryň hataryna ýokary we merkezi döwlet edaralary, jemgyýetçilik guramalarynyň merkezi edaralary girýärler. Ýerli edaralara bolsa, welaýat häkimýet we dolandyryş edaralary girýär. Resminamalary döredijileriň beýle bälünmegi merkezi we ýerli döwlet arhiwleriniň ulgamyny döretmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň merkezi edaralarynyň resminamalary Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwne toplanylýar. Ýerli edaralaryň resminamalary bolsa Türkmenistanyň welaýat döwlet arhiwinde, Atamyrat şäherindäki Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde jemlenýär.

Dolandyryş çäk gurluşy Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary bölünende hasaba alnyp ýurduň arhiwleriniň ulgamy düzülýär we **Resminamalaryň belli bir dolandyryş çäklere degişlilik ölçegi ulanylýar.** Ol bu alamat beýleki alamatlar bilen bilelikde ulanylýar. Her bir welaýatyň çäklerinde ýerleşen edaralaryň resminamalarynyň diňe şol welaýatyň döwlet arhiwinde saklanylmaga degişlidigini aňladýar.

Resminamalaryň bölünişi şol resminamalaryň mazmuny bilen baglanyşykda kesgitlenilýändigi **Resminamalaryň belli bir ulgama, ugra degişlilik ölçe**gini emele getirýär.

Biziň ýurdumyzda şu alamat boýunça diňe bir arhiw Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwi bar. Arhiw gaznasynda Türkmenistanyň kommunistik partiýasynyň, Kommunistik leninçi ýaşlar guramasynyň

merkezi we ýerli guramalarynyň, demokratik partiýanyň we Magtymguly adyndaky ýaşlar guramas-ynyň merkezi we ýerli guramalarynyň resminamalary saklanylýar.

**Resminamalary döretmegiň we okamagyň tehniki usuly ölçegi**

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzüminde belli bir möçberde ylmy-tehniki resminamalar, kino-foto-fonoresminamalar bar. Olaryň saklanmagy we ulanylmagy ýörite şertleri talap edýär. Olaryň ýagdaýlaryny anyklamak üçin ýörite enjamlaryň bolmagy zerur. Şonuň üçin hem şu alamat bu resminamalary kagyz esasdaky resminamalardan aýratyn saklamaga bölmäge getirdi. Şu alamat esasynda Türkmenistanyň kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwi işleýär.

## § 3. Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň düzümi

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň bölüniş aýratynlyklarynyň esasynda Türkmenistanyň arhiwleriniň işi guralýar.

Öň aýdylşy ýaly, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan döwlet arhiwlerini dolandyrýar. Türkmenistanyň Döwlet arhiwleriniň düzümi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2004-nji ýylyň dekabr aýynyň 24-ine çykaran 7030 Karary bilen Türkmenistanyň arhiwleriniň düzümi tassyklanyldy: Ol Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi. Aşgabat şäheri.

Türkmenistanyň kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwi. Aşgabat şäheri.

Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwi. Aşgabat şäheri.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy. Aşgabat şäheri.
Ahal welaýatynyň döwlet arhiwi. Aşgabat şäheri.
Balkan welaýatynyň döwlet arhiwi. Türkmenbaşy şäheri.
Daşogyz welaýatynyň döwlet arhiwi. Daşogyz şäheri.
Lebap welaýatynyň döwlet arhiwi. Türkmenabat şäheri.
Mary welaýatynyň döwlet arhiwi. Mary şäheri.
Atamyrat şäherindäki Türkmenistanyň döwlet arhiwi. Atamyrat şäheri.

Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinden başga-da Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryny hemişelik saklaýan döwlet pudaklaýyn arhiw gaznalary hem bar. Olar:

1. “Türkmengeologiýa” döwlet korporasiýasynyň ýanyndaky
Türkmenistanyň geologiýa gaznasy;
2. Türkmenistanyň geodeziýa, kartografiýa we kadastyr baradaky
döwlet komiteti;
3. “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynyň Türkmen
standartlary maglumat merkeziniň Döwlet standartlar arhiw gaznasy;
4. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky
Gidrometeorologiýa baradaky Milli komitetiň Döwlet gidrometeorologik maglumatlar we habarlar arhiw gaznasy;
5. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika
baradaky ýokary geňeşi. Şu wagt Türkmenistanyň ylymlar Akademiýasynyň arhiwi).
6. Türkmenistanyň Medeniýet we teleradioýaýlymlar ministrliginiň
kitaphanalary we muzeýleri.

Türkmenistanyň arhiwler ulgamynda resminamalary şertnama esasynda uzak wagytlaýyn saklaýan we

şertnamadaky görkezilen möhlet gutarandan soň Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryny döwlet arhiwlerine hemişelik saklamaga tabşyrýan pudaklaýyn arhiwler hem bar. Oňa aşakdaky ministrlikleriň we dolandyryş edaralaryň özleri we olaryň ýerlerdäki guramalary, edaralary, kärhanalary girýärler:

1. Türkmenistanyň Goranmak ministrligi;
2. Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi;
3. Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi;
4. Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi;
5. Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi;
6. Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy;
7. Türkmenistanyň Daşary ýurt raýatlaryny hasaba alyş döwlet gullugy.

Bu arhiwlerden başga-da hemişelik saklanylmaly resminamalary wagtlaýyn saklaýan esasan şahsy düzümiň resminamalaryny saklamaga niýetlenilen Ahal welaýatynda Ahal welaýat döwlet arhiwiniň Tejen şäherindäki aýawhanasy we Mary welaýatynda Mary welaýat döwlet arhiwiniň Tagtabazar aýawhanalary bar.

## § 4. Garaşsyz Türkmenistanda Arhiwiň resminamalarynyň bölünişi – gaznalaşdyrmak

Resminamalaryň arhiwiň içinde oňaýly ýerleşdirmegi hem-de gerek bolan halatynda tiz tapmagy üpjün etmek maksady bilen olary toparlara bölýärler. Resminamalaryň arhiwiň içinde toparlara bölünişine resminamalary gaznalaşdyrmak diýilýär. Arhiw gaznalarynyň birnäçe görnüşleri bardyr. Olar arhiw gaznasy, birleşdirilen arhiw gaznasy, şahsy gelip çykyşly arhiw gaznasy, arhiw toplumydyr.

Bu iş Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň üstüni ýetirmek, aýawly saklamak we hasabyny

ýöretmek şeýle-de oňat hilli ylmy-maglumat ulgamynyň döredilmegi hem-de resminamalaryň dürli ugurlarda peýdalanmak işi bilen baglanyşyklydyr.

Arhiw gaznasy guramanyň, edaranyň, kärhananyň, belli bir şahsyň işiniň netijesinde emele gelen we özüniň saklaýan maglumatynyň gymmatlylygy üçin döwlet arhiwlerinde, döwlet aýawhanalarynda, pudaklaryň döwlet gaznalarynda saklanylýan arhiw resminamalarynyň jemidir.

Edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň, harby bölümleriň, belli bir şahslaryň, işleriniň netijesinde resminama emele gelýän bolsa, onda olara gazna döredijiler diýip atlandyrýarlar.

Arhiw gaznasy resminamalardan düzülýär. Resminamalaryň ähli toplumy haýsydyr bir gazna dörediјiniň işiniň netijesinde emele gelen bolsa, onda oňa resminama gaznasy diýilýär.

Resminama gaznasynyň aýratynlygy-bu gazna, gazna dörediјiniň işiniň netijesinde emele gelen ähli resminamalary saklaýanlygydyr. Onuň düzümine hemişelik saklanylmaly, şahsy düzüme degişli uzak wagt saklanylmaly resminamalar, şeýle-de wagtlaýyn saklanylmaly resminamalar hem girýärler hem-de resminama gaznasynyň düzümi üýtgäp durýar. Pudaklaýyn arhiwleriň resminamalary döwlet arhiwlerine tabşyrmaga taýýarlanylyp resminamalara geçirilýän seljermäniň netijesinde resminamalaryň saklanylmaly möhletleri üýtgedilinip biler. Resminamalara seljerme geçirilende şahsy düzümiň resminamalary hem Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümine girýän resminama öwrülip biler. Wagytlaýyn saklamaga degişli resminamalara seljerme geçirilende, olaryň hem belli bir gymmatly maglumatlary saklaýan bölegi hemişelik saklanylmaga degişli edilip Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamnalarynyň düzümine girýän resminamalara öwrülip biler.

Wagtlaýyn saklanylýan resminamalar Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň bellän tertibine laýyklykda ýok edilýär. Wagtlaýyn saklanylmaga degişli resminamalarda bellenilen döwürlerde birnäçe gezek seljermeler geçirilýär. Ilkinji gezek

resminamalara seljerme haçanda olar iş dolandyryşda öz wezipelerini ýerine ýetirip olar işleriň at ýazgysyna laýyklykda işlere toplanylanda geçirilýär. Ikinji gezek bolsa haçanda resminamalar tertipleşdirilip, edaranyň öz arhiwine tabşyrmaga taýýarlanylanda geçirilýär. Resminamalarda üçünji gezek seljerme haçanda edaranyň arhiwindäki resminamalar döwlet arhiwine tabşyrmaga taýarlanylanda geçirilýär. Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümine degişli edilen resminamalar döwlet arhiwlerine hemişelik saklamak üçin kabul edilýär we arhiw gaznasyny düzýärler.

Arhiw gaznasynyň we arhiw toplumlarynyň saklamagyň esasy wezipeleriniň biri olaryň bölünmezligidir. Resminamalar bölünende möhüm orun arhiw gaznasynyň bölünmezlik alamatyna degişlidir. Edaralaryň, kärhanalaryň, jemgyýetçilik guramalaryň, harby bölümleriň, belli bir şahsyň arhiw gaznasy taryhy taýdan emele gelen resminamalar toplumyny düzýärler. Döreýşiniň birmeňzeşligi, taryhy we montiki arabaglanşygy, gaznanyň resminamalarynyň bir bitewiligi saklanylmagyny talap edýär.

Şu alamat boýunça bir gaznanyň resminamalarynyň diňe bir arhiwde emele gelmegini gazanmaly.

Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde saklanylýan arhiw gaznalary özüniň degişli döwrüne baglylykda, ýokarda belleýşimiz ýaly, üç döwre bölünýär. Birinji döwrüň resminamalaryna 1870-1917-nji ýyllar aralygynda döredilen resminamalar girýär. Ol döwre taryhy döwrüň gaznalary diýilýär we ol gaznalaryň harp belgisi kirilisa elipbiýiniň “I” harpy bilen bellemek kabul edilendir. “I” harpy rus diliniň “istoriýa”-taryh sözüniň ilkinji harpy hököminde alnandyr. Bu döwriň resminamalary esasan Türkmenistanyň merkezi döwlet arhiwinde saklanylýar 2006-njy ýylyň hasabatyna görä, ol 110 gaznadan durýar.

Ikinji döwrüň gaznalarynyň resminamalary 1917-nji ýyldan 1991-nji ýyla çenle dörän resminamalary öz içine alýar. Bu döwriň resminama gaznalarynyň tertip belgisi birden başlaýar we

harp belgisi kirilisa elepbiýiniň “R” harpydyr. Bu haryp rus diliniň “rewolýusiýa” (türkmençe ynkylap) sözüniň baş harpydyr. Bu döwre degişli arhiw gaznalary Türkmenistanyň ähli arhiwlerinde saklanylýar we 2006-njy ýylyň hasabatyna görä olaryň umumy mukdary 9137 gaznadyr. Türkmenistanda kolhozlar we sowhozlar tä 1995-nji ýyla çenli hereket etdiler we ondan soň olary üýtgedip gurdular. Şonuň üçin hem kolhozlaryň, sowhozlaryň resminamalarynyň gaznalaryny bölmän sowet döwrüniň gaznalarynda goýdular.

Üçinji döwür öz içine 1991-nji ýyldan soň dörän resminamalary alýar. Türkmenistan öz Garaşsyşlygyny alandan soňra dörän resminamalary özbaşdak gaznalara ýerleşdirdiler. 2006-njy ýylyň maglumatlaryna görä Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde Garaşsyzlyk döwrine degişli 714 gazna hasapda durýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk döwriniň harp belgisi türkmen elepbisiniň “G” harpydyr. Ol “Garaşsyzlyk” sözüniň ilkinji harpy höküminde gaznalary belgilemek üçin alnandyr. Türkmenistanyň ähli döwlet arhiwlerinde 2006-njy ýylyň hasabatyna görä jemi 9961 gazna bolup olarda 1870-2005-nji ýyllarda dörän resminamalardan durýan bir million dokuz ýüz ýetmiş müňe ýakyn iş saklanylýar[14]. **Arhiw gaznasynyň çäklerini anyklamak**-munuň özi belli bir arhiw gaznasyna goşulmaly resminamalaryň düzümini kesgitlemegi aňladýar. Gazna döredijiniň özbaşdaklygy anyklanylanda, esasy üns edaranyň ýerine ýetiren döwlet, hususy, jemgyýetçilik işiniň ýa-da aýratyn ýerine ýetiren borçlarynyň derejesi we ähmiýeti, onuň işiniň häsiýeti, dolandyryş resmi ygtyýarlygy, maliýe hukuklary, resminamalaryň mazmuny öwrenilýär.

Gazna döredijiniň sene çakleri anyklanylanda, esas edilip, ony döretmek barada kabul edilen döredijilik we taryhy namalary alynýar. Gazna döredijini döretmek baradaky namalaryň seneleri bilen edaranyň döredilen we ýatyrlan seneleriň gabat gelmezligi

[14] Iş-bir alamaty boýunça birikdirilen resminamalar toplumy ýa-da bir resminamadan durýar.

mümkindir. Käwagtlar uzaga çeken guramaçylyk döwürden soň, edara işläp başlaýar, şeýle-de onuň ýapylmasy uzaga çekdirilip bilner. Şeýle ýagdaýlarda edaranyň maglumatlarynda gaznadöredijiniň hakyky işlän döwri görkezilýär.

Arhiw gaznasynyň çäklerini anyklanylanda gazna dörediјä täsir eden syýasy – döwlet gurluşygynyň üýtgemegi, döwlet dolandyryşynyň üýtgemegi netijesinde hukuk derejesiniň üýtgemegi, dolandyryş çäk bölünşiginiň üýtgemegi, syýasy ýagdaýyň üýtgemegi mysal bolup biler. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny almagy bilen öňki SSSR degişli dolandyryş edaralaryň mazmuny, häsiýeti üýtgäp ol Garaşsyz Türkmenistanyň häkimýet we dolandyryş edaralaryň garamagyna geçdi.

Gazna dörediјiniň sene çäkleri bellenilende garaşsyz türkmen döwletiniň dörän gününden 1991-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-sinden ugur alynýar.

Gazna dörediјiniň sene çäkleri we arhiw gaznasynyň seneleri edaranyň täzeden üýtgedilip gurulmagynyň netijesindede üýtgäp biler.

Haçanda, ýatyrlan bir ýa-da birnäçe edaranyň deregine täze edara döredilende düzgün bolşy ýaly, deregine giň hukukly täze gazna dörediji emele gelýär we köne edara öz işlerini bes edýär.

Seneleri edaranyň täzeden üýtgedilip gurulmagyň netijesinde üýtgäp biler.

Köne ýapylan edaralaryň ady bilen täze başga wezipeleri çözmek üçin täze edara döredilende, täze döredilen edara aýratyn gaznadörediji bolup durýar. Olaryň resminamalary aýrybaşga gaznalary emele getirýärler.

Eger-de haýsy hem bolsa bir sebäp bilen wagtlaýyn ýatyrylan edara soňra öňki wezipeleri bilen täzeden döredilen bolsa, onda ol bir gazna dörediji bolýar we onuň resminamalary bir arhiw gaznasyny düzýärler.

Gazna dörediјiniň sene çäklerine täsir edýän wakalaryň biri hem dolandyryş çäk gurluşunyň üýtgemegidir.

1992 ý. Ahal welaýatynyň döredilmegi jemgyýetçilik

guramalardan welaýat gaznalarynyň döredilmegine getirdi.

Dolandyryş-çäk gurluşynyň üýtgemegi senagat kärhanalaryň, okuw jaýlarynyň gazna döredijilerine täsir etmeýär. Mysal üçin, Ahal welaýat döwlet arhiwiniň hasabynda duran Abadan şäherinde ýerleşen Sement zawodynyň Baharly etrabyna göçürilmegi gazna öz täsirini ýetirmedi.

Dolandyryş çäk bölnüşinde, döwrüň talabyna görä kem-käs üýtgemegi, uly bolmadyk ýerleriň başga etraplara berilmegi, geňeşlikleriň gazna döredijilerine täsir etmedi we täze etraba geçen geňeşikleriň gaznalary üýtgemedi we gazna döredijiniň arhiw gaznasy öňküligine galdy. Mysal üçin, ozal Kaka etrabyna degişli bolan obalaryň birnäçesiniň, şeýle-de Tejen etrabyna, Serahs etraplarynyň birnäçe obasynyň Altyn asyr etrabyna berilmegi ol obalaryň geňeşlikleriniň we daýhan birleşikleriniň döwlet arhiwlerinde saklanylýan gaznalaryna öz täsirini ýetirmedi. Sqňky ýyllarda Balkan, Mary, Lebap, Daşogyz welaýatlarynda täze etraplar açylanda hem halkyň oturymly ýerleriniň oba geňeşlerine we daýhan hojalyklaryna öz täsirini ýetirmedi.

Gazna döredijiniň we arhiw gaznasynyň sene çäkleriniň aşakdaky ütgeşmeler täsir etmeýär: edaranyň adynyň ütgemegi, olaryň döwlet sylaglary bilen sylanmagy ýa-da hormatly atlaryň dakylmagy, edaranyň bir ministrlikden başgasyna geçirlmegi, bir dolandyryş edaranyň içinde bir edaranyň başga edara geçirilmegi, ýerleşýän ýeriniň üýtgemegi.

Ähli bu üýtgeşmeler gaznadördijiniň ýapylmagyna getirmeýär.

**Şahsy gelip çykyşly gaznanyň sene çäklerini anyklamagyň aýratynlygy.** Şahsy gelip çykyşly gazna diýlip, bir adamynyň, maşgalanyň durmuşynda we işiniň netijesinde emele gelen resminamalar toplumyna aýdylýar. Şahsy gelip çykyşly gaznalary şahsy, maşgala we kowum gaznalaryna bölýärler.

Maşgala gaznasy diýlip, bir maşgalanyň agzalarynyň durmuşynyň dowamynda we işinde dörän resminamalaryň jemine aýdylýar.

Kowum gaznasy diýlip, bir kowmuň wekilleriniň ýaşaýşynda we işinde emele gelen resminamalaryň jemine aýdylýar.

Maşgala we kowum gaznasy biri-birinden ýygnalan resminamalaryň döwürdeşleriň mukdary bilen tapawutlanýar. Maşgala gaznasynyň resminamalarynda bir döwrüň adamlarynyň döreden resminamalary girýärler, kowumyňkyda bolsa 4 arkadan az bolmadyk adamlaryň ömrüniň we işiniň dowamynda dörän resminamalar girýärler.

Gazna dörediji döwlet, syýasy, jemgyýetçilik işgärleri bolup, ylmyň, tehnikanyň, edebiýatyň we sungatyň weklleri, önümçiliginiň öňdenbaryjylarynyň ýaşaýşynda we durmuşynda gymmatly resminamalar döreden adamlar bolmalydyr. Şahsy çykyşly gaznanyň sene çäkleri, esasan, gaznadördijiniň ýaşan we işlän döwrüniň senesine gabat gelýär.

Her bir şahsy gazna bir bitewi gaznany düzýär we döwürlere bölünmäge degişli däldir. Emma şahsy gaznalaryň köpsünde resminamalaryň görnüşleri köpdür we onuň sene çäkleri gaznadöredijiniň sene çäkleri bilen gabat gelmän biler.

Şahsy gaznanyň düzüminde gazna döredjiniň şahsy arhiwlerden (şahsy resminamalaryndan, el ýazgylardan, guramalar we adamlar bilen alşylan hatlardan we başgalardan) olardan başga-da ýakyn garyndaşlary baradaky materiallar (ata-enesi, aýaly, äri, erkek we aýal doganlary, çagalary we başgalar) eger-de şol resminamalarada gazna dörediji barada maglumat bolup, ylmy ýa-da başga gymmaty bar bolsa.

## § 5. Garaşsyz Türkmenistanyň arhiw gaznasynyň çäklerinde resminamalaryň bölünişi (klassifikasiýasy*)*

Arhiw gaznasynyň döredilmegi gazna döredijiniň döremegi we onuň işiniň netijesinde resminamalaryň emele gelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Arhiw gaznasyny döretmegi esaslandyran sowet arhiwçylarydyr.

Arhiw gaznasynyň içinde iň kiçi birlik Işdir (rusça Delo). Iş esasan bir alamaty boýunça birikdirilen resminama toplumyndan ýa-da bir resminamadan durýar.

Häzirki zaman arhiw tejribesinde ýazuw resminamalarynda saklaw birligi diýip iş ulanylýar. Başga bir düşünjede iş resminamalar toplumy bolup bir mesele boýunça ýa-da bir ugur boýunça resminamalaryň bir gaty daşlyga ýygnalmagyna aýdylýar.

Arhiw gaznasynyň düzümi entäk iş dolandyryşyň çäklerinde emele gelýär. Işler işleriň at ýazgysy boýunça toplanýlýar.

Işleri toparlamak we işleri ýerleşdirmek üçin bölüşdirmegiň çyzgysyny düzýärler.

Arhiw gaznasynyň resminamalaryny bölmegiň çyzgysy diýip, resminamalaryň belli bir tertipde ýerleşdirmegine aýdylýar. Şol tertip boýunça gaznanyň resminamalary ýerleşdirilýär. Bölmäge esas bölümler, bölümçeler, temalar bolup biler.

Arhiw işinde ilki başda çyzgyny taýýarlamak gaznadöredijini oňat bilmegi talap edýär, resminamalaşdyryş ulgamy, resminamalaryň düzümini we mazmunyny, ylmy esasda bölmegiň düzgünlerini bilmegi talap edýär.

Resminamalary bölmegiň çyzgysy, esasan, aşakdaky umumy düzgünlere daýanýar:

1. Resminamalary toparlamak doly bolmalydyr, arhiw gaznasynyň ähli resminamalaryny öz içine almalydyr;
2. Bölmegiň esaslary, kadalary her bir resminamalar bölünende ylmy we iş maksatlaryndan ugur alynmalydyr;
3. Resminamalary belli alamatlary boýunça toparlamaly;
4. Bölmek umumydan başlap aýratyn alamatlara çenli geçirilmelidir;
5. Birmeňzeş materiallar bir alamat boýunça bölünmelidir;
6. Bölmekligiň ähli basgançaklary taryhy we beýleki esasda

bolmalydyr;

Gaznanyň saklaw birligi (iş) şu aşakdaky alamatlary boýunça bölünip, toparlanyp bilner:

1. Edaranyňg gurluşy boýunça, işleriň haýsy bölümiň işiniň netijesinde emele gelendigi boýunça;
2. Senesi boýunça, toparlanylanda sene çäkleri boýunça (ýyl, aý);
3. Pudaklaýyn, ýerine ýetirýän işiniň görnüşi boýunça, temalaýyn, predmet-dersler boýunça, pudagyň işi we ýerine ýetirýän borjy boýunça;
4. Resminamanyň ady boýunça (ýygyndylar, kitaplar) we resminamanyň görnüşleri boýunça (buýruklar, ýygnaknamalar, meýilnamalar we ş.m-ler).
5. Ýazyjysy boýunça – işler toparlananda edaranyň ady ýa-da şahsyň familiýasy boýunca toplanylýar;
6. Hat iberiji boýunça – belli bir edaralar ýa-da adamlar üçin alşylan hatlaryň netijesinde bu işler toplanylan;
7. Çäkler boýunça işler – belli bir dolandyryş-çäk birlikleri boýunça toparlanylýar.

Käwagtlar işler toparlanylanda başga alamatlary hem ulanylyp bilner: resminamalaryň asyl nusgasy, resminamanyň ýazylan dili, resminamanyň ölçegleri, resminamanyň bezegi, esasan, resminamalaryň toplumlary düzülende ulanylýar.

Arhiw gaznasynyň ähli resminamalaryny bölmek üçin, esasy alamat diýip hasap edip boljak alamatlar bardyr. Ol, esasan, edaranyň gurluşy we sene çäkleri boýunça alamatlardyr.

Resminamalary toplamak üçin esasy alamatlar: düzüm-sene ýa-da sene-düzüm, pudaklaýyn-sene ýa-da sene-pudaklaýyn, ýerine-ýetirýän işi-sene ýa-da sene-ýerine ýetirýän işi, resminamalaryň ady-sene ýa-da sene-resminamalaryň ady, tema-sene ýa-da sene-tema we başgalar.

Eger-de gaznadörediji öz işini bes eden bolsa, onuň düzüm gurluşy düşnükli we birsydyrgyn bolsa, onda ol gurluş-sene çyzgysy boýunça bölünýär. Ony toparlanlarynda gurluş bölümleri

boýunça, ýyllar boýunça:

1. Diwan – 2000ý., 2001ý., 2002ý., 2003ý. we başgalar.
2. Umumy bölüm – 2000ý., 2001ý., 2002ý., 2003ý. we başgalar.

Pudaklaýyn sene çyzgysy boýunça resminamalar bölünişi:

1. Ýergurluşuk - 2000ý., 2001ý., 2002ý.
2. Ýer işleri - 2000ý., 2001ý., 2002ý.
3. Maldarçylyk - 2000ý., 2001ý., 2002ý.

Sene pudaklaýyn cyzgysy boýunça resminamalar toparlananda ilki ýyl

boýunça, soňra pudak boýunça:

| 2000 ý. | 2001 ý. |
|---|---|
| 1) Ýergurluşuk | 1) Ýergurluşyk |
| 2) Ýer işleri | 2) Ýer işleri |
| 3) Maldarçylyk we ş.m. | 3) Maldarçylyk we ş.m. |

**<u>Ýerine ýetirýän işi-sene çyzgysy boýunça:</u>**

1. Ýolbaşçylyk we gözegçilik 2000ý., 2001ý., 2002ý.
2. Meýilnamalaşdyryş 2000ý., 2001ý., 2002ý.
3. Maliýeleşdiriş 2000ý., 2001ý., 2002ý.

Sene-ýerine ýetirýän işi:

| 2000 ý. | 2001ý. |
|---|---|
| 1) Ýolbaşçylyk we gözegçilik | 1) Ýolbaşçylyk we gözegçilik |
| 2) Meýilnamalaşdyryş | 2) Meýilnamalaşdyryş |
| 3) Maliýeleşdiriş | 3) Maliýeleşdiriş |

Arhiwleriň gündelik işlerinde şahsy gaznalaryň resminamalarynyň bölünşiniň aşakdaky çyzgysy ulanylýar:

1. Şahsy resminamalar we ömrüne degişli materiallar;
2. Gulluk we jemgyýetçilik işinde emele gelen resminamalar;
3. Döredijilik işleri;
4. Gazna döredijiniň işi üçin ýygnan resminamalary;

5. Alyşan hatlary;
6. Emläk-hojalyk resminamalary;
7. Gazna dörediji baradaky resminamalar;
8. Garyndaşlary baradaky resminamalar;
9. Gazna dörediji tarapyndan toplanan resminamalar, toplumlar.

## II bap. Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwlerinde resminamalara seljerme geçirmek işiniň gurnalyşy

### § 1. Resminamalaryň seljerme barlagy diýen düşünje we onuň wezipesi Resminamanyň seljermesi diýip- resminamanyň esasy alamatlary boýunça baha berilmegine, olaryň saklanylmaly möhletleriniň anyklanylmagyn we olaryň döwlet saklawyna saýlanylyp alynmagyna düşünilýär.

Arhiw işinde seljeriş geçirmek esasy we jogapkärli işleriň biri hasaplanylýar, onuň geçirlişine baglylykda Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň hili kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary taryhy we beýleki ylymlaryň ilkinji maglumat çeşmesi bolup durýar. Sejeriş derňewiniň geçirlmeginiň sebäbi resminamalaryň gymmatynyň deň dälligi bilen düşündirilýär. Bir resminama özünde syýasat, ylmy, medeni, ykdysady ösüş, döwlet edara ediş işi barada gymmatly maglumatlary saklaýar. Şeýle resminamalar dürli bilimleriň, döwlet we jemgyýetçiligiň ösüşini öwrenmekde çeşme bolup hyzmat edýär. Başga resminamalaryň wajyplygy diňe amaly işde wagtlaýyn gerekliginden daşary çykmaýar. Olar diňe guramaçylyk, dolandyryş, hojalyk meselelerinde edaranyň gündelik işini guramagy üpjün etmäge hyzmat edýärler. Olaryň ylym üçin wajyplygy uly däl. Käbir resminamanyň saklaýan maglumaty, resminama döränden soň basym öz möhümligini ýitirýär. Şeýlelik bilen, maglumata bolan mätäçlik ýok bolsa, onda ol maglumatyň geregi hem ýok we resminama ýok edilip bilner. Bu ýagdaý diňe nazaryýetde şeýledir, hakykatda her bir

resminamanyň belli bir saklanylmaly möhleti bardyr. Edarada gymmatly maglumatlary saklaýan resminamalar köp däldir. Olaryň mukdary bütin resminama dolanşygynda 3-4 göterimden geçmeýän hasap edilýär. Uly edaralarda, köp sanly gündelik dolandyryş üçin gerek bolan resminamalar döredilýar, kiçiräk edaralarda bolsa hemişelik saklanylmaly resminamalaryň sany köpelýär. Seljerme geçirilende resminamanyň ylym üçin wajyplygy göz öňünde tutulýa.

Nähili resminamalaryň özünde wajyp gerek maglumatlary saklaýandygyny we haýsylary döwlet arhiwine saklamak üçin saýlap almagyň gerekdigini aşakda delillendirýäris:

**Seljermäniň birinji we esasy maksady**: Resminamalary saklamak üçin saýlap almak meselesi çözülende ilki bilen belli-belli edaralaryň we tutuş ulgamyň edaralarynyň resminamalary öwrenilýär. Öwrenmeklik resminamalary uly iki topara bölmäge mümkinçilik berýär. Olaryň biri ylym üçin gerek bolan maglumatlary özünde saklaýan hemişelik saklanylmaly resminamalardyr. Beýlekisi bolsa habar bermek, hasaba almak üçin gündelik ulanylýan maglumatlary özünde jemleýän wagtlaýyn saklamaga degişli resminamalardyr. Döwlet arhiwine resmanamalary kabul etmek işi edaranyň ýerine ýetirýän işini hemmetaraplaýyn öwrenmegi, onuň ýerine ýetirýän işiniň möçberine, onuň ygtyýarlylygyna, ulgamda tutýan ornuny öwrenip, edaralary ýokarda agzalan topara degişli edýärler.

**Seljermäniň ikinji maksady:** Resminamalaryň saklanylmaly möhletlerini anyklanlarynda resminamalara anyk saklamaly möhlet goýylmazyndan ozal olary üç topara bölýärler: uzak wagtlaýyn, wagtlaýyn we gysga wagtlaýyn toparlara bölýärler. Her bir bölegiň saklanylmaly möhleti edaranyň maksady göz öňünde tutulyp edaranyň, jemgyýetiň kadalaryndan ugur alyp, şeýle-de edaranyň köp ýyllyk iş tejribesini hasaba alyp we arhiwiň resminamalarynyň ulanylyşy göz öňünde tutulyp belli bir möhlet goýulýar.

**Seljermäniň üçünji maksady:** Resminamalaryň abatlygyny we jemligini üpjün etmek, gaznadaky ýetmeýän resminamalaryň üstüni dolmakdyr. Seljerme geçirmek arkaly arhiw gaznasynda nähili resminamalaryň ýokdugyny anyklap bolýar we mazmuny boýunça meňzeş resminama bilen çalşyp boljakdyny takyklap bolýar. Resminamalar bir arhiwden beýleki arhiwe geçirilende hem seljerme geçirilýär we esasy üns kabul edýän arhiwiň iş ugruna berilýär. Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň döwlete dahylly däl böleginiň resminamalary satyn alnanda hem seljerme geçirilýär, ýagny arhiw, muzeý, kitaphana resminama satyn alanda, ony hemmetaraplaýyn barlaýarlar, derňeýärler we baha berýärler.

Döwlet saklawyna resminama saýlanylyp alnanda, resminama ýitirilse, ony dikeltmek kyn. Şeýlede ähli resminamalary döwlet saklawyna almak hem nädogrudyr. Diňe ýeterlik ýagdaýda, gerek bolan zerur mukdardaky resminamalary döwlet saklawyna kabul edilýär.

## § 2. Seljermäniň çäkleri we resminamalara baha bermegiň ölçegleri

Resminamalaryň gymmatyna baha berilende seljermäniň ähli ölçegleri ulanylýar: taryhylygy, partyýalygy, jemligi we köptaraplaýynlygy. Taryhylyk çägi her bir resminama belli bir döwrüň önümi hökmünde seretmäge mümkinçilik berýär.

Partiýaýylyk ýörelgesi, taryhylyk ýörelgesi bilen aýrylmaz baglynyşykda bolýar. Resminamanyň jemgyýetiň haýsy gatlagyna degişlidigini onuň ylmy ähmiýetini anyklansa ol seljermäni maksadalaýyk geçirmäge mümkinçilik berýär. Seljermäniň hemmetaraplaýyn çäkleri, esasan, kyn ýörelgeleriň biri. Şu ýörelgä baglylykda resminamanyň mazmunyna köptaraplaýyn seretmek gerek. Resminama taryhy öwrenmek üçin çeşme bolup hyzmat edip biler, şonuň üçin hem onuň ähli subutnamalary öwrenilmelidir (resminamanyň dili, ýazylan materialy, suratlary, resminamadaky bellikler we başgalar). Seljermäniň köptaraplaýyn

çäklerinde resminamalar biri - biri bilen baglanyşykda öwrenilýär. Bu ýörelge boýunça belli bir edaranyň ýa-da ulgamyň ähli resminamalary öwrenilýär we içinden has gymmatlylary saýlanylyp alynýar.

**Seljermäniň çäkleri esasynda seljermäniň ölçegleri:**

1. Resminamanyň mazmuny.
2. Resminamadaky maglumatyň gaýtalanmagy.
3. Döredilen wagty we ýeri.
4. Resminamanyň awtory ( döredijisi ).
5. Resminamanyň huhuk güýji.
6. Resminamanyň daşky görnüşiniň aýratynlygy (ýazylan materialyň owadanlyk häsiýeti ).
7. Resminamanyň neşir edilişiniň aýrytynlygy.
8. Resminamanyň tekstiniň dil aýratynlygy, ýagny beýan edilişiniň aýratynlygy.

***Resminamanyň durkunyň ýagdaýy***

Resminamanyň gymmatyny kesgitlenende gaznanyň resminamalarynyň mukdary we resminamanyň iş dolandyryş aýratynlyklary hem hasaba alynýar.

**Resminamanyň mazmuny** resminama seljerme geçirilende onuň esasy gummatyny kesgitleýän ölçegi bolup durýar. Seljerme geçirilende, resminamanyň mazmuny çuňňur we hemmetaraplaýyn öwrenilýär.

Mazmunyň gymmaty resminamada beýan edilýän hadysanyň, wakanyň, predmetiň, adamynyň, gyzyklylygy we onuň doly beýan edilişine, täzeligine, habaryň möhümdigine baglydyr.

Her bir resminama öwrenilende, ilki bilen oňa habaryň çeşmesi hökmünde seredilýär, soňra bolsa belli bir ugra degişlidigi: ykdysadyýete, medeniýete.

**Gazna serediji niň jemgyýetde tutýan orny.** Resminamanyň gymmaty kesgitlenilende, ony döreden edaranyň,

guramanyň gazna döredijiniň jemgyýetde tutýan orny göz öňünde tutylýar.

Arhiwlerde edaralaryň iki sany sanawy bolýar. Döwlet arhiwleri birinji sanawdaky edaralarynyň hemişelik saklanmaly resminamalaryny arhiwe- döwlet saklawyna kabul edilýär. Edaranyň hemişelik saklanylmaly ähli resminamalary döwlet arhiwine kabul edilýär. Ol kabul etmegiň 1-nji görnüşi.

Ikinji görnüşine bir meňzeş bir näçe edaranyň belli bir ýa-da birnäçe resminamalary kabul edilýär. Şeýle kabul etmeklige resminamalary 2.1 görnüşli kabul etmek diýilýär.

Üçünji görnüşine bir meňzeş edaralaryň diňe biriniň ýa-da ikisiniň resminamalarnyň döwlet arhiwine hemişelik saklanmaga kabul edilmegine düşünilýär. Muňa arhiwe resminamalary kabul etmegiň 2.2. görnüşi diýilýär.

Bu edaralar esasy köp sanly bolan, diňe bir maksat ýa-da bir meňzeş işi ýerine etirýärler. Saýlap kabul etmegiň ýene-de bir sebäbi bu edaralaryň maksatnamalary, hasabatlary olaryň ýokary edaralarynyň maglumatlarynyň düzümine girýänligidir. Şeýle-de etrap edaralarynda hem belli bir derejede ylmy we ykdysady-hojalyk ähmiýeti bolan resminamalar döredilip bilner, şeýle edaralar, kärhanalar hasaba alnyp, olaryň gymmatly resminamalary döwlet arhiwlerine kabul edilýär.

Üçünji görnüşli edaralara esasan kömekçi we hyzmat edýän edaralar degişlidir. Düzgün bolşy ýaly, kiçi we bir etrabyň çäklerinde hyzmat edýän edaralar girýärler. Şeýle edaralaryň hasabyna: myhmanhanalary, durmuş – ýaşaýyş jaý edaralaryny, aragatnaşyk edaralaryny, ýerli bank edaralaryny goşmak bolar. Bu edaralaryň resminamalary diňe hasaba alyş we gözegçilik häsiýetdedir we diňe wagtlaýyn ähmiýetli maglumatlary saklaýar, olaryň ýokary edaralarynyň resminamalarynda ol maglumatlar saklanylýar.

**Resminamanyň beýän edýan wakasynyň, wagtynyň we döredilen ýeriniň ähmiýeti.** Resminama seljerme geçirlende resminamanyň haýsy wakany beýan edýanliginiň uly ähmiýeti bar.

Bu alamat haçanda taryhy resminamalara seljerme geçirlende Watanyň taryhy üçin uly ähmiýete eýedir. Waka näçe ähmiýetli bolsa resminama seljerme edilişi şonça-da ünsli bolmalydyr. Iňňän az maglumat saklaýan resminamalar hem eger-de uly ähmiýetli wakalar bilen baglanşykly bolsa, onda olar saklanylmaga goýylmalydyr. Ruslaryň arhiw ýörelgesinde birinji gadagan edilen sene[15] 25 iýun 1811 ýyl (ministrlikler hakyndaky täze Düzgünnama), ol 1919 ýylda bellenilýär. Bu sene 1925 ýylda täzesi bilen çalşyrylýar, ýagny 1825 ýyl (Watançylyk urşy) bellenilýär. Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň Merkezi seljeriş-barlag toparynyň Karary bilen Beýik Watançylyk urşy döwrüniň resminamalaryna gadaganlyk girizildi (1941-1946 ý.ý.).

Gadagan edilen seneler her bir ýurt üçin aýratynlykda bellenilýär we ýurduň milli bähbitleri göz öňünde tutulýar. Gadagan senesi girizilen döwrüň resminamalaryna seljerme geçirilmeýär we olar hemişelik saklanylýar. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň milli arhiw gaznasynyň düzümine kabul edilen resminamalardan iňňän az mukdardakysy seljerme barlagy esasynda hasapdan öçürilýär.

**Resminamalaryň ýörite görnüşlerine seljeriş barlagyny geçirmegiň aýratynlyklary:**

**Kazyýetiň dolandyryş resminamalaryna seljeriş işi** edil başga guramalarda dolandyryş resminamalaryna geçirilişi ýaly geçirilýär.

Seljeriş işiniň geçirilişiniň **aýratynlygy** diňe kazyýet işiniň netijesinde emele gelýän raýat, jenaýat, dolandyryş işlerine seljeriş işleri geçirilende ýüze çykýanlygydyr.

Raýat we jenaýat işleriniň saklanylmaly möhleti dolmadyklary şeýle-de hemişelik saklanylmalylary bölünip aýrylandan soň, galan saklanylmaly möhleti dolan işler aşakdaky tertipde seljerilýär.

---

[15] Arhiw ýörelgeleri boýunça gadaganlyk senesiniň çäklerinde döredilen resminamalar özüniň mazmunyna, gelip çykyşyna, ýazylyş usulyna seretmezden hemişelik saklanylmaga degişlidir.

Raýat işleriniň saklanylmaly möhleti esasan çözgüt çykarylan gününden hasaplanylýar, diňe ýaş çagasy üçin kömek puly almak we onuň mukdaryny ütgetmek meselesi bilen çykarlan çözgütleriň saklanylmaly möhleti çagalaryň 18-ýaşa ýetmegi bilen ölçenilýär. Maýyp bolup kömek puly alýanlaryň hem-de özüni eklemek üçin ene –atasyndan, çagalaryndan, adamsyndan alynýan kömek puly alýanlaryň işleriniň saklanylmaly möhleti 75 ýyl.

**Raýat işinden** kazyýet mejlisiniň çözgüdiniň asyl nusgasy alynýar, eger-de raýat kazyýet çözgüdinden razy bolman ýokarky kazyýet edaralaryna arz eden bolsa, onda olaryň çykaran kesgitnamalary hem çözgüt bilen saklamak üçin alynýar. Tutuş bir ýylyň raýat işleri sökülüp alynmaly çözgütleri we kesgitnamalary alnandan soň, olary aýma-aý we günme-gün goýmaly, şondan soňra tagta kagyzlarynyň mukdaryna baglylykda işleri döretmeli we işleri dikmeli her işde ortaça 250 tagta kagyz bolmaly, eger-de bir ýyldaky resminamalar ondan azyragam bolsa, özbaşdak iş edilip dikilip bilner. Galan işleri umumy düzgün boýunça ýerine ýetirmeli. Ýöne raýat işleriniň çözgütlerinden we kesgitnamalaryndan düzülen işlere içki ýazgy düzmek hökmandyr.

**Jenaýat işleriniň saklanylmaly möhleti** hüküm boýunça berlen iň uzak möhletiň üstüne resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen sanaw boýunça bellenilen möhleti goşup, işler şonça möhlet saklanyndan soň, jenaýat işiniň hökümini alýarlar eger-de raýat çykarylan hökmünden närazy bolup ýokary kazyýet edarasyna arz eden bolsa, onda olaryň hem çykaran kesgitnamalaryny hemişelik saklamak üçin almaly. Hökümi we kesgitnamasyny bilelikde goýmaly we seneleri hem-de ýyllary boýunça ýerleşdirmeli. Ýanwar aýynyň resminamalary ilkinji bolmaly, Dekabr aýynyňky bolsa ahyrynda bolmaly. Hökümleri we kesgitnamalary beýleki işleriň tertiplenişi ýaly tertipleşdirmeli. Jenaýat işleriniň agyr görnüşleriniň birnäçesiniň ylym üçin hemişelik saklanmaga degişlidigini döwlet saklawyna kabul edelmelidigini ýatdan çykarmaly däldir.

**Dolandyryş işleri** boýunça hem çykarylan kararlar

hemişelik saklanylmaga degişlidir. Beýleki kazyýet işlerinde bolşy ýaly, köp bolmasa-da kazyýetiň çykaran kararyndan närazy raýatlar ýokary kazyýet edaralaryna arz edende bu işler boýunça hem kesgitnamalar çykarylýar. Dolandyryş işlerde bir bellemeli zat, ol hem bolsa kömek puly almaga degişli işleriň saklanylmaly möhleti kömek puly almaga bolan hukugy gutaran badyna dolmaýar we ol işler ýene-de 5 ýyl saklanylmaga degişlidir.

**Kino-foto-fono resminamalarynyň seljerme** geçirilende gymmatlylygy ähli resminamalar üçin umumy bolan çäkler we ýörite çäkler diňe kino-foto-fono resminamalarda we wideoresminamalarda mahsus çäkler boýunça geçirilýär.

Ýörite çäklere girýärler:

1. Ýerine ýetirijiniň şahsyýeti (çeper filmler üçin).
2. Resminamanyň sungat eseri hökmünde gymmatlylygy.
3. Maglumat saklaýyjynyň görnüşi we ýazgy ediş usuly.

Kino-foto-fono resminamalara we wideoresminamalara seljerme her ýyl şu resminamalaryň döredilýän bölümlerinde pudaklaýyn arhiwleriniň işgärleriniň kömek bermeginde ýa-da döwlet arhiwleriniň işgärleriniň gatnaşmagynda geçirilýär.

Seljermäni ýolbaşçynyň buýrugy bilen bellenilen toparyň agzalary geçirlýärler. Topara ýolbaşçynyň orunbasary başlyklyk edýär, agzalaryň hataryna bolsa, ýokary hünärli hünärmenler we bölüm ýolbaşçylary, döwlet arhiwiniň wekili girýär.

Kino-foto-fono resminamalara we wideoresminamalara seljerme geçirilende olaryň ýanyndaky ýazgylar hem öwrenilýär.

Kino-foto-fono resminamalara we wideoresminamalara seljerme geçirlende hökmany ýagdaýda olara seretmeli we usuly gollanmalary ulanmaly.

Seljerme geçirlende artyk nusgalar döretmek üçin ulanylýan materiallary aýyrmaly. Gaýtalanýan resminamalara üns bermeli. Edaranyň hasaba alyş resminamalary bilen, pudak arhiwleriniň hasaba alyş resminamalarynyň ýazgylaryny deňeşdirmeli.

**Saglygy saklaýyş işinde emele gelýän käbir resminamalaryň saklaýyş möhletleri** birmeňzeş däldir. Bu

resminamalara keselleriň taryhy degişlidir. Şol bir kesel boýunça emele gelen keseliň taryhynyň saklanylmaly möhleti eger-de hassahananyň umumy düzgünlisinde 25 ýyl bolsa, şol bir kesel üçin düzülen keseliň taryhy ylmy-kliniki merkezde hemişelik saklanylmaga degişli resminamadyr, şol resminama ýörite keselhanada 50 ýyl saklanylmaga degişlidir.

**Ylmy tehniki resminamalara** düzetçilik, taslama-çenlik resminamalary, önümçülik resminamalary, oýlap tapyş we standartlaşdyryş resminamalary girýärler.

1. Düzetçilik resminamalary.

Düzetçilik resminamalaryna şaýlaryň (detallaryň) çyzgysy (shemasy) ýygnamak üçin çyzgylar, umumy görnüşiň çyzgylary, önümiň daşky görnüşiniň çyzgylary, çyzgy-shemalar, tehniki ýazgy, spesifikasiýalar, düşündiriş haty, sanawnamalar girýärler.

Tehniki resminamalar ulanylanda olaryň iň zerury asyl nusga resminamasydyr we ol düzetçiniň kagyzynda ýerine ýetirlen işidir. Ondan göçürip resmi resminama taýýarlaýarlar, resmi resminamany wezipeli adam tassyklaýar we ol ondan göçürmeleri almak üçin ulanylýar.

2. Taslama –çenlik resminamalary.

Taslama-çenlik resminamalary desgalar gurulanda, täzeden abatlaýyş işleri geçirlende, düýpli bejerilende döreýär. Ol resminamalaryň görnüşleri:

Işleriň baş meýilnamasy, daşky görnüşiň çyzgysy, meýilnama, binanyň bölekleri,

taslamanyň pasporty, bezegleri, düşündiriş ýazgysy, eskizler, hasaplamalar,

shemalar, kartografiýa resminamalary, çenlikler.

**Baş meýilnamada** gurluşygyň tutuş durkunyň çyzgysy berilýär.

Taslanýan desganyň ýokarsyndan gurluşynyň görnüşi, daşynyň görnüşi,

töwereginiň abadanlaşdyrylşy, käwagtda gurluşygyň gitjek ýeriniň topragynyň

gurluşy hem berilýär.

Senagat we ýaşaýyş jaý gurluşygynda umumy çyzgy we aýry-aýry bölekleriniň

çyzgysy taýýarlanylýar.

Umumy daşky görnüşiniň, mertebeleriň meýilnamasy, dikligine we keseligine jaýyň çyzgysy. Umumy çyzgyda enjamlaryň ýerleşişi, hyzmat ediş ulgamy, olaryň özara baglanyşygy, şeýle-de olaryň göwrüm ölçegleri görkezilýär.

Eskiz diýip millimetrlik kagyzyň ýüzüne el bilen çekilen çyzgylara aýdylýar.

Taslamanyň pasportynda gurluşygyň şekiliniň shemasy, tehniki görkezijileriň gysgaça beýany berilýär.

Düşündiriş ýazgysynda – taslanylýan gurluşyk barada maglumat, onuň ulanmaly ýeri, daşky görnüşi, içki gurluşy, aýratyn häsiýetleri we su taslamanyň haýsy ölçeglere görä saýlanylyp alnandygy görkezilýär.

**Hasaplamalar** desganyň suw, ýylylyk üpjünçiligi, herekete, ýer yranmasyna ukuplylygynyň ölçegleri görkezilýär.

Köp gurluşyklaryň taslamasyna ýollar, elektrik beketleri, suw gurluşyklarynyň taslamasyna karta resminamalary hem girýär, olara ýer gurluşy, ýörite, şäherleriň, ilatly ýerleriň meýilnamary hem girýär.

Tasalama resminamalaryna elmydama çenlikler düzülýär. Çenlik resminamalaryna baş, işçi çenlikler, kalkulýasiýalar (bahasynyň gelip çykyşy) gurluşygyň bir nyrhdan bahasyny kesgitleýär.

**Önümçilik resminamalary** Önümiň ýasalyş kartasy, zawodyň reglamenti, sehleriň işleriniň möhletleri, tehniki şertler önümçilik resminamalaryny düzýär.

**Önümiň ýasalyş kartasy** önüm ýasalanda onuň geçýän ýoly

we onuň ýasalyşynyň ähli tilsimleri görkezilýär.

Tehnalogik kartalarda belli bir işleriň ýerine ýetirilişi, umumy ýa-da tutuş geçýan ýoly görkezilýär, belli bir möçberi görkezilýär.

**Zawod reglamenti** boýunça metal öndürýän senagat, kagyz öndürýän, nebti gaýtadan işleýän, himiýa önümlerini öndürýän kärhanalar işleýär. Reglament boýunça önümçiligiň başyndan tä ahyryna taýýar önüm alýança edilmeli işleriň möhletleri yzgiderliligi, mukdary görkezilýär.

**Işleriň möhletlerinde** çalşymlaryň, brigadalaryň gündelik önümçilikde ýerine ýetirmeli işi we takyk wagty meýilnamalaşdyrylýar.

Tehniki şertde-belli bir zady ýasamagyň şertleriniň beýany berilýär.

## § 3. Resminamalara seljerme geçirmegiň usulyýeti

Resminamalara seljerme geçirmek işini arhiw işini oňat bilýän hünärmenler geçirýärler.

Resminamalara seljerme geçirmek üçin edaranyň taryhyny we onuň resminama üpçünçiligini oňat bilmek gerek. Şeýle-de, edaranyň öňünde goýlan wezipeleri, ýerine ýetirýän işiniň möçberini, dolandyryş ulgamynda tutýan ornuny, beýleki edaralar bilen gatnaşygyny bilmek zerurdyr. Her bir edara baradaky maglumaty bilmek arhiwçä edaranyň esasy iş ugruny kömekçi ugurlardan tapawutlandyrmaga kömek edýär. Edaranyň ýerine ýetirýän wezipesiniň anyklanmagy, işleriň nähili düzülendigine, resminamalaşdyryş ulgamynyň emele gelşini bilmäge, şeýle-de nirede gaýtalanylýan maglumatlaryň bardygyny ýüze çykarmaga mümkinçilk berýär.

Seljerijiler edaranyň düzümini öwrenýärler. Onuň ähli täzeden gurnalmagyny, her bir düzüm bölüminiň wezipesini, ýerine ýetirýän işini, olaryň özara baglanşygyny, edarada işleriň toplanylşyny anyklaýarlar. Bu maglumatlary bilmek umumy meselerden, edaranyň ygtyýarly meselelerini ýüze çykarmaga kömek edýär. Maglumatlar resminamalary ylmy ähmiýetli we wagtlaýyn saklamaga degişli resminamalara bölmägi ýeňilleşdirýär.

Ylmy ähmiýetli maglumatlaryň haýsy düzüm bölümlerde döredilýändigini, a haýsy düzüm bölümlerde ikinji derejeli maglumatlaryň döredilяändigini, olaryň saklamaly möhletlerini anyklamakda möhümdir. Seljeriji belli bir ederanyň işinde ýüze çykýan resminamalary, şeýle-de tutuş ulgamyň resminamalaryny göz öňüne getirip bilmelidir. Bu zatlary bilmegi seljerijiniň haýsy resminamalarda we resminamalaryň görnüşlerinde gaýtalanylýan maglumatlaryň döreýändigini bilmegine we ol maglumatlaryň düzüm bölümlerine nä derejede gerekdigini anyklamaga kőmek edýär. Arhiwçi resminamalarda seljerme geçirmek bilen dőwlet arhiwleriniň iş ugurlary oňat bilmelidir. Arhiwçä arhiwiň iş ugruny bilmän resminamalaryň saklanylmaly mőhletini goýmak mümkin däldir.

Edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň resminamalarynyň őzboluşlylygy sebäpli olara seljerme geçirilende hünärmentleriň hyzmatyndan peýdalanmak maksada laýykdyr.

### § 4. Garaşsyz Türkmenistanda iş dolandyryşda, pudaklaýyn arhiwde we dőwlet arhiwinde resminamalara seljerme geçirmek işiniň guralyşy

Resminamalara seljerme işi birnäçe etapda geçirilýär.

Birinji gezek resminamalara seljerme işi olaryň dőredilýän wagty geçirilýär. Bu iş esasan edaralarda geljek ýylky açyljak işleriň at ýazgysy taýýarlanylanda geçirilýär we işleriň őňünden

saklanylmaly mőhletleri gőrkezilýär.

Ikinji gezek resminamalara seljerme- haçanda düzüm bőlümlerinde edaranyň pudakalaýyn arhiwine resminamalar tabşyrmaga taýýarlanylanda geçirilýär.

Ũçünji gezek resminamalara seljerme- resminamalary pudaklaýyn arhiwden dőwlet arhiwe tabşyrmaga taýýarlananda geçirilýär.

**Türkmenistanyň dowlet arhiwlleriň seljeriş barlag toparlary** döredilýär. Ol Türkmenistanyň döwlet arhiw ulgamynda resminamalara saklanylmaly möhlet goýmaga we ony üýtgetmäge ygtyýarly Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň Merkezi seljeriş barlag toparydyr, Türkmenistanyň Merkezi dőwlet arhiwinde, Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwinde, Türkmenistanyň kino foto fono resminamaryň Merkezi dőwlet arhiwinde, Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasynda, Balkan, Daşoguz, Mary, Lebap welaýat arhiwlerinde seljeriş barlag toparlary hereket edýär. Şeýle-de, hukuklary azaldylan Seljeriş barlag toparlary Ahal welaýat döwlet arhiwinde, Atamyrat şäherininń döwlet arhiwinde bar.

**Resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen sanawy** edaranyň ulgamlaşdyrylan resminamalarynyň sanawy bolup, onda resminamalaryň kada boýunça saklanylmaly möhleti görkezilýär we hemişelik saklanylmalylary döwlet arhiwlerine kabul edilmäge degişlidir. Resminamalaryň sanawy seljeriş geçirmek üçin esasy gollanmadyr. Sanawlar edarada resminamalaryň abat saklanylmagy üpjün edýär, we döwlet arhiwlerine tabşyrmaga resminamalary saýlap almak işini ýeňilleşdirýär.

Türkmenistanyň arhiwlerinde iki hili resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen sanawy peýdalanylýar. Olaryň biri birkysmy resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen, ulgamlaşdyrylan sanawy bolsa beýlekisi belli bir pudagyn

resminamalarynyň saklanylmaly möhleti görkezilen sanawdyr. Birkysmy resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi tarapyndan düzülýär we neşir edilýär. Şeýle sanawlaryň biri 2004-nji ýylda kabul edilen we Adalat ministiliginde bellige alnan “ Türkmenistanyň guramalarynyň işinde emele gelýän, saklanylmaly möhletleri görkezilen birkysmy resminamalaryň sanawydyr”

Resminamalaryň görnüşleriniň saklanylmaly möhleti görkezilen ýene-de bir sanaw-olam resminamalaryň görnüşleriniň saklanylmaly möhleti görkezilen pudaklaýyn sanawdyr. Birkysmy sanawdan tapawydy olar diňe birnäçe edara ýa-da bir pudagyn ähli edaralary üçin düzülýär. Ol sanawlarda pudagyn alyp barýan işinde ýüze çykýan ýörite resminamalaryň hem saklanylmaly möhletini görkezmelidir. Pudaklaýyn sanaw pudagyň ähli edaralary üçin esasy kadalaşdyryjy resminama bolup ol seljerme geçirilende ulanylýar.

Resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen pudaklaýyn sanaw ministrlikler we dolandyryş edaralary tarapyndan düzülýär we tassyklanylýar hem-de Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi bilen ylalaşylýar.

Şeýle sanawlaryň bir näçesi düzüldi we ýene ministrlikler we dolandyryş edaralary tarapyndan şeýle sanawlaryň düzmegiň üstünde işlenilýär.

Häzirki wagtda “ Türkmenistanyň Prokuratura edaralarynyň saklanylmaly möhletini görkezilen resminamalarynyň sanawy”, Aşgabat, 1997 ýyl, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň “Türkmenistanyň bank ulgamynyň edaranyň we guramalarynyň resminamalarynyň saklanylmaly möhletini görkezilen sanawy ” Aşgabat 1999 ýyl we başgalaryň sanawlary düzüldi we arhiw resminamalaryna seljerme geçirilende giňden ulanylýar.

Resminamalaryň saklanylmaly möhletini görkezilen birkysmy sanawlar we Pudaklaryň resminamalarynyň saklanylmaly möhleti görkezilen-pydaklaýyn sanawlar,

resminamalaryň saklanylmaly möhleti görkezilen sanawlary, edaranyň, guramalaryň, kärhanalaryň işleriň at ýazgylary resminamalara seljerme geçirmekde we döwlet arhiwlerine Türkmenistanyň Milli arhiw gaznanyň resminamalarany toplamakda we onuň gymmatly bölegini abat saklamakda bütün bir kadalaşdyryjy we usuly gollanmalaryň ulgamyny düzýärler.

Sanawyň gurluş çyzgysy resminamalaryň pudaklaýyn we işleriniň ugurlary boýunça edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň ulgamlaşdyrylan sanawydyr.

Birkysmy resminamalaryň sanawynyň çyzgysy. Ministrlikleriň we merkezi dolandyryş we ýerli dolandyryş edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň käbir iş ugurlary bir umumy wezipeleri çözýärler. Meselem: ýolbaşçylyk we gözegçilik meseleleri, maliýeleşdiriş, hasaba alyş we hasabat, işgärler bilen işlemek, zähmeti guramak we başgalara şeýle-de ähli pudaklara degişli meseleler bar. Pudaklaýyn meselelere: senagat önümçiligi, gurluşyk we abatlaýyş işleri, önümiň hili we oňa gözegçilik, ylmy-gözleg işleri, taslama işleri we başgalar girýärler. Bu meseller resminamalaryň birkysmy sanawynda özbaşdak bölümler we bölümçeler görnüşinde girýärler. Türkmenistanyň guramalarynyň işinde emele gelýän, saklanylmaly möhletlere görkezilen birkysmy resminamalaryň sanawy (Aşgabat, 2004 ý. ) 19 bölümden durýar.

I. Dolandyryş işlerinde emele gelýän resminamalar.
II. Saklaýyş, meýylnamalaşdyryş, baha emele gelşi.
III. Maliýelişdirmek, karz bermek.
IV. Hasaba alyş we hasabat beriş.
V. Zähmet gatnaşyklary.
VI. Işgärler bilen üpçünçilik.
VII. Durmuş meseleleri.
VIII. Habar beriş hyzmaty.
IX. Ykdysady, ylmy we medeni hyzmatdaşlyk.
X. Maddy tehniki üpçünçilik.
XI. Ýőlbaşçylyk hojalyk hyzmaty.
XII. Ilkinji jemgyýetçilik guramalarynyň işi.

XIII.Ylmy-barlag we tejribe düzetçilik işi, őnümleriň synaglylyk nusgalaryny synagdan-barlagdan geçirmek.

XIV.Oýlap tapyş, täzelikçilik we patentleýiş-ygtyýarnamalaşdyryş.

XV.Taslaýyş, gurluşyk, durkuny täzeleýiş.

XVI.Őnümçilik.

XVII.Őnümiň hili,tehniki gőzegçilik, standartlaşdyrmak işi.

XVIII.Tebigy gurşawy goramak.

XIX.Awtomatlaşdyryş we habar beriş ulgamlary.

Bőlümler őz gezeginde belli bir meseleler boýunça bőlümçelere bőlünmelidir. Meselem: « Işgärler bilen üpçünçilik» bőlümi őz gezeginde bäş bőlümçeden durýar.

1. Işgärleri kabul etmek, paýlamak, ondan oňa geçirmek, işden çykarmak we olary hasaba almak.
2. Işgärleri hünär taýdan taýýarlamak we olaryň hünäri kämilleşdirmek.
3. Hünär synaglaryny geçirmek we hünär derejesini bellemek.
4. Sylaglama, hormatly atlaryň dakylmagy.
5. Alymlyk atlarynyň dakylmagy, alymlyk derejeleriniň berilmegi.

Resminamalaryň saklanylmaly möhletini görkezilen pudaklaýyn sanawy düzülende birkysmy sanawyň çyzgysy ulanylsa maksadalaýyk bolýar. Birkysmy sanawyň bőlümleriniň üsti pudagyň ýerine ýetirýän işlerine baglylykda ýőrite bőlümler goşylýar. Sanawyň maddalarynyň ýazgysyny düzýärler we ony ulgamlaşdyrýarlar. Sanawyň maddasynyň bir ýazgysy őzbaşdak tertip san belgisi bilen belgilenýär, resminamalaryň ady we mazmunyň meseleleri, resminamanyň saklanylmaly möhleti görkezilýär. Sanawyň maddalarynyň gerek bolan ýagdaýynda üsti bellik bilen ýetirilýär.

Maddanyň ýazgysynyň esasy bőlegini resminamanyň ady tutýar. Maddanyň bu bőleginde resminamanyň gőrnüşiniň we edaranyň belli bir işiniň mazmunynyň meseleleri gysylan

gőrnüşinde berilýär.

Maddalar ulgamlaşdyryjy sanawyň çyzgysy esasynda bőlümlere we bőlümçelere bőlünýär, bőlümçeleriň işinde sorag-predmet toparlary boýunça, toparyň içinde resminamalaryň ähmiýetliligi boýunça ýerleşdirilýär.

**Resminamanyň saklanylmaly möhletini anyklamak** seljerme geçirilende iň jogapkärli wezipedir. Resminamanyň saklanylmaly möhleti näçe dogry goýulsa, şonça-da resminamanyň abat saklanylmagy we onuň edaranyň gündelik işinde ulanylmagy üpjün edýär.

Edaralarda esasan iki topar resminamalar jemlenilýär. Birinjisi edaranyň őz işiniň netijesinde emele gelen resminamalar. Ikinjisi bolsa başga edaralardan gelen resminamalaryň toplumy.

## III bap. Garaşsyz Türkmenistanda resminamalary ulanmagy guramak işleri

### § 1. Garaşsyz Türkmenistanda arhiw resminamalaryny ulanmagyň maksady we görnüşleri

Döwlet arhiwleriniň resminamalardan peýdalanmak işini seljermegiň netijesinde resminamalary ulanmagyň birnäçe maksatlary ýüze çykaryldy. Häzirki döwürde arhiw resminamalary syýasy, ykdysady, ylmy işde, medeniýetde we sungatda, hojalyk, aň-bilim okuw işinde giňden ulanylýar, şeýle-de raýatlaryň durmuş-hukuk we şahsy eýeçilik meseleleri boýunça talaplaryny ýerine ýetirýär.

Arhiw resminamalary çeper döredijilik işinde hem belli bir derejede ýardam edýär. Arhiw resminamalaryny öz döredijilik işinde ýazyjylar, hudožnikler, arhitektorlar, teatr, kino režisýorlary, kitap, oçerk, makala, spektakyllaryň ssenariýalaryny ýazanlarynda, şeýle-de spektakyllary goýanlarynda, gadymy ýadygärlikleri dikeldenlerinde, surat çekenlerinde we ş.m. ulanýarlar.

Arhiw resminamalaryny ulanmak diýip, ulanyjylary arhiw maglumatlary bilen üpjin etmeklige düşünilýär.

Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde aşakdaky arhiw resminamalaryny ulanmagyň görnüşleri peýdalanylýar:

1. Arhiw maglumatlarynyň barlygy hakynda arhiw maglumatlaryny ulanyjylara habar bermek;
2. Ulanyjylaryň temalaýyn talaplaryny ýerine ýetirmek;
3. Arhiwleriň neşir işleri;
4. Arhiwiň okalga zalynda resminamalaryny ulanmak;
5. Arhiw resminamalaryndan sergiler guramak;
6. Fotoplakatlary taýýarlamak;
7. Resminamalaryň we plakatlaryň albomlaryny neşir etmek;
8. Döwürleýin neşirler üçin makalalary taýarlamak;
9. Radioda we telewideniýede çykyşlary guramak;
10. Arhiwlere ekskursiýalary guramak;
11. Arhiw maglumatlaryny peýdalanyp nutuklary we leksiýalary taýýarlamak we çykyş etmek;
12. Okuw jaýlary üçin görkezme esbaplary taýýarlamak;
13. Arhiw gurnamalaryny taýýarlamak we bermek;
14. Arhiw güwähatyny, arhiw resminamalarynyň nusgalaryny, göçürme nusgalaryny taýýarlamak we bermek;
15. Edaralara, guramalara, kärhanalara arhiw resminamalaryny wagtlaýyn ulanmaga bermek.

Agzalan arhiw resminamalarynyň ulanylşynyň görnüşleri dürli maksatlar üçin ulanylýar.

## § 2. Garaşsyz Türkmenistanda arhiw resminamalaryny ulanmagyň guramaçylyk görnüşleri

**Maglumat ulanyja habar bermek**. Ulanyja maglumatyň bardygy hakynda arhiwiň habar bermegi bilen edara, gurama, kärhana bilen özara gatnaşyklaryň ýüze

çykmagy bolýar. Döwlet arhiwleri öz ýyllyk meýilnamalarynda iş wagtynyň belli bir bölegini maglumat ulanyja habar bermek üçin hat taýýarlama sarp etmäge meýilleşdirýär. Şu ýerde bir zady bellemek gerek döwlet arhiwleriniň iş sagatlarynyň her ýyl boýunça her bir arhiw işgäri üçin ýörite hasaplanylýandygyny we işgäriň esasy ýerine ýetirýän işine iş wagtynyň 70% çenlisi meýilnamalaşdyrylýar.

Döwlet arhiwleri resminamalaryň giň möçberlerde peýdalanylmagyny guramak maksady bilen taslama, gurluşyk, ylmy edaralara bar bolan maglumat barada habardar edýär. Edaralary habardar etmek üçin arhiwde ýörite habardar ediji maglumat resminamalary taýýarlanylýar we edaralara ugradylýar. Habardar ediji maglumatyň maksady döwlet arhiwinde saklanylýan arhiw resminamalarynda bar bolan we hat ýazylýan edarany gyzyklandyrjak maglumatlaryň bardygy habar berilýär. Şeýle hatlar haçanda edaranyň şanly senelerine gabatlap ýazylanda has netijeli bolýar. Maglumatyň bardygyny habardar edýän maglumatlar Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň işinde giňden ulanylýar. Ol hatlaryň maksady maglumatlar bilen gyzyklanýan edaralara ol maglumatlary ulanmaga mümkinçilik bermek bolup durýar. Arhiwleriň habar beriş haty mowzuklaýyn sanaw, sanaw maglumatnama görnüşinde hem bolup biler.

**Habar beriş haty**-arhiwiň maglumat resminamalarynyň bir görnüşi bolup, resmi hat döwlet arhiwiniň başlangyjynda düzülýär, arhiwde saklanylýan resminamalardaky maglumatlar barada gysgaça habar berýär.

Habar beriş hatyň maksady edaranyň ünsini arhiw resminamalaryna çekmek, olar bilen aragatnaşygy guramak, şonyň üçin hem hatda resminamalar barada umumy görnüşde maglumat berilýär. Resminamalaryň görnüşleri we mazmunynyň esasy gozgaýan meseleleri görkezilýär.

**Temalaýyn sanaw**-habar beriş resminamasy bolup, işleriň mowzuk boýunça ýa-da resminamalaryň belli bir tema boýunça

ýa-da belle bir mesele boýunça ulgamlaşdyrylyp ýerleşdirilip, olaryň gözleg salgy maglumatlary hem berilýär. Temalaýyn sanaw esasan arhiwiň gaznalarynda saklanylýan resminamalardaky maglumatlar bilen gyzyklanýan edaralaryň haýyşlary boýunça düzülýär.

Temalaýyn sanaw tablisa görnüşinde düzülip bilner we ol esasan aşakdaky maglumatlary saklaýar:

1.Tema boýunça resminamalaryň mazmuny birnäçe bolümlere bolünip bilner;
2. Resminamalaryň tertip belgiler;
3. Resminamalaryň döredilen seneleri;
4. Resminamalaryň sözbaşylary;
5. Resminamalary tapmak üçin olaryň salgysy.

Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde ýörite temalara bagyşlanyp resminamalaryň bir giden sanawlary düzülendir. Ol sanawlar barlagçylar şol temalar boýunça işlänlerinde bahasyna ýetip bolmajak gollanmadyr.

Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň taýýarlan temalaýyn sanawlarynyň birnäçesine seredeliň:

1. Türkmenistanyň Syýasy resminamalarynyň merkezi döwlet arhiwiniň taýýarlan ”Halkyň edermenligi hakyndaky resminamalaryň sanawy”- sanaw Beýik Watançylyk urşunda gazanylan şanly ýeňşiň 60 ýyllyk baýramçylygyna bagyşlanyp düzülipdir. Sanawa Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň 16 gaznasyndan 2757 resminama baradaky maglumatlar goşylypdyr. Sanawdan peýdalanmak oňaýly bolar ýaly sanawy 5 bölüme we olary hem öz gezeginde 21 bölümçä bölüpdirler.

2. Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň “Türkmenistanyň Beýik Watançylyk urşy 1941-1945 ýyllarynda” atly resminamalaryň sanawy. Su sanawa Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde saklanylýan gaznalardaky uruş döwriniň resminamalary goşulypdyr. Sanaw 5 bölümden we 130-dan gowrak bülümçelerden durýar. Ylmyň dürli pudaklaryny

öwrenijiler üçin aýratyn gyzyklanma döredýän bölümler diýip düzüjiler şu bölümleri belleýärler: TSSR-iň Halyk Komissarlar Sowetiniň, TSSR-iň Merkezi Ispolnitel Komitetiniň, Türkmenistanyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň kararlary, respublikan pudaklaýyn halk komissarlarynyň dolandyryjy resminamalaryna bagyşlanylan bölümleri görkezýärler.

Bu sanawda resminama barada şu maglumatlar berilýär: resminamanyň ady, onuň näme hakyndadygy, resminamanyň senesi, gözläp tapmak üçin salgysy: gaznanyň elipbiý we san belgisi, ýazgynyň san belgisi, işiň san belgisi, resminamanyň ýerleşýän tagta kagyzynyň san belgileri görkezilýär.

3. Lebap welaýatynyň döwlet arhiwiniň we Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň Lebap welaýat bölüminiň bilelekde taýýarlan "Buýan köki Türkmenistanyň baýlygydyr" atly resminamalar sanawy gymmatly çig mal we uly islegden peýdalanýan haryt bolan buýan köki we onyň gaýtadan işlenilişine bagyşlanylan resminamalar sanawydyr.

**Raýatlaryň durmuş, hukuk talaplarynyň ýerine ýetirilişi** Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde raýatlaryň ýüz tutmalaryna öz wagtynda we kanahatlanarly jogap bermek üçin uly işler alnyp barylýar. Her bir döwlet arhiwinde raýatlaryň ýüz tutmalary bilen işleýan ýörite arhiw hünärmeni bar. Raýatlaryň ýüz tutmalary ýyl geçdigiçe köpelýär. Döwlet arhiwlerine raýatlar gyzyklandyrýan şahsy maglumaty almak üçin hat üsti bilen ýüz tutýarlar. Raýatyň arzasy döwlet arhiwiniň ýolbaşçysyna berilýär we haçanda ýolbaşçy soralýan maglumaty bermäge ygtyýar edenden soň talap edilýän maglumatyň gözlegine başlanylýar. Raýatyň arzasy iki gezek hasaba alynýar. Birinji gezek arza kabul edilip alnanda gelýän hatlar hasaba alynýan kitapda, ikinji gezek bolsa raýatlaryň ýüz tutmalary hasaba alynýan elepbiýi tertipli

hasaba alyş kitabynda hasaba alynýar. Döwlet arhiwlerinde raýatlaryň ýüz tutmalary mugt ýerine ýetirilýär.

Raýatlaryň ýüz tutmalary boýunça arhiw güwähaty, arhiw resminamasynyň göçürmesi, arhiw resminamasynyň bölek göçürmesi, bibliografiki güwähaty berilýär. Edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň haýyşlary boýunça tematiki arhiw güwähaty berilýär.

Arhiw güwähaty diýip-maglumatly resminamalaryň bir görnüşi bolup, hukuk güýji bolan, arhiw kadalaryna laýyklykda taýýarlanylan, talap edilýän maglumatlaryň arhiwiň resminamalarynda bardygyny habar berýän we ol resminamalaryň gözleg salgylary görkezilen resminamalardyr. Arhiw güwähaty Türkmenistanyň döwlet dilinde taýýarlanylýar.

Arhiw nusgasy diýip- arhiw resminamasynyň sözme-söz göçürmesi bolup töwlet arhiwi tasrapyndan tassyklanylar we arhiw kadalaryna laýyklykda taýýarlanylan resminamadyr. Arhiw nusgasynyň hem maglumatlarynyň salgysy görkezilýär.

Arhiwiň bölek göçürmesi diýip- arhiw resminamasynyň talap edilýän maglumaty saklaýan böleginiň sözme-söz göçirmesi bolup, arhiw tarapyndan tassyklanylan we arhiw kadasyna laýyklykda taýýarlanylan we maglumatu tapmak üçin salgysy görkezilen resminamadyr.

Döwlet arhiwleriniň berýän güwähatlaryny olaryň mazmunlary boýunça iki topara bölmek mümkindir: adama degişli maglumatlar we tematiki häsýetli.

Adama degişli güwähaty- aýratyn adam baradaky resminamalaýyn maglumaty saklaýar: edarada, guramarada, kärhanada işlän wagtyny we gazanan zähmet hakyny tassyklamaga degişli, Sowet Soýuzynyň hatarynda gulluk edeni, orta we ýokary okuw mekdebini gutarandygyny tassyklaýan, döwlet sylaglary-ordenler, medallar bilen sylaglanany, hormatly atlaryň dakylandygyny tassyklaýan, raýatyň maşgala ýagdaýy, zähmet we emläk hukuklary barada.

Bu resmi resminamalar edaranyň we raýatyň talaplary esasynda berilýär. Diňe raýatyň jenaýata çekilendigi hakynda kazyýetleriň hökümleriniň göcürmeleri diňe ygtyýarly edaralaryň resmi ýüz tutmasy esasynda berilýär. Arhiw tarapyndan berilýän güwähaty resmi resminama bolup onuň hukuk güýji bardyr we güwähatyny alyjy tarapyndan hukuklaryny tassyklaýjy resminama höküminde ulanylyp bilner.

**Temalaýyn arhiw güwähaty-** belli bir mesele boýunça ýa-da bir predmet boýunça bolup, özünde talap edilýän maglumatlary saklaýar, arhiw kadalary boýunça taýýarlanylýar hem-de maglumatlary barlamak üçin özünde olaryň salgylaryny saklaýar. Temalaýyn arhiw güwähaty esasan edaralaryň talaplary boýunça taýýarlanylýar. Belli bir ýagdaýlarda raýatlaryň talaplary boýunça hem taýýarlanylyp bilner.

Döwlete degişli edaralara, guramalara, kärhanalara döwlet arhiwleri tematiki arhiw güwähatyny ähli meseleler boýunça, eger-de olaryň işlerine degişli bolsa berýärler.

Arhiw güwähatyny bermek “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda, 2003-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-na kabul edilen Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda berilýär. Şeýle hem arhiewleriň resminamalaryndan peýdalanmak işine 2004-nji ýylyň dekabr aýynyň 24-ne kabul edilen Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň Düzgünnamasy hukuk esas bolýar.

Döwlet arhiwleri esasan dolandyryş resminamalaryny döwlet saklawyna kabul edýärler. Şahsy düzümiň resminamalary arhiwlere esasan haçanda ýapylanda we olaryň mirasdüşeri bolmadyk ýagdaýynda saklamaga döwlet arhiwlerine kabul edilýär. Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna girýän döwletleriň birnäçesinde şahsy düzümiň resminamalaryny saklaýan şäher we raýon arhiwleri bar. Ol arhiwler ýörite şahsy düzümiň resminamalaryny saklamak üçin açylan. Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynda

şahsy düzümiň resminamalaryny saklaýan raýon arhiwleri 1935-1964-nji ýyllarda bardy. 1964-nji ýylda geçirilen dolandyryş apparatynyň işgärleriniň kemeldilmegi ol arhiwleriň ýapylmagyna getirdi. Onuň sebäbi şol döwürdäki arhiwiň ýokary edarasynyň ýolbaşçylary merkezi apparatyň işgärlerini kemeldenden raýön arhiwlerini ýapanlaryny gowy gördiler, bolmasa şol döwürde döwlet arhiwleriniň merkezi dolandyryş edarasynda kemelder ýaly ýeterlik mukdarda işgärler bardy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda şahsy düzümiň resminamalaryny saklaýan döwlet etrap arhiwlerini açmaga synanyşyklar boldy. Ahal we Mary welaýatlarynda 2004-nji ýylda etrap arhiwlerini açmaga synanyşyklar boldy. Şol ýylda Ahal welaýatynyň Tejen, Babadaýhan, Saragt etraplarynda etrap döwlet arhiwleri we Mary welaýatynda bolsa Tagtabazar etrabynda raýonara etrap döwlet arhiwleri açmak başartdy. Ahal welaýatynda açylan arhiwler diňe bir etrabyň çäklerinde hereket etse, Mary welaýatynyň Tagtabazar errabynda açylan etrapara döwlet arhiwi Tagtabazar we Serhetabat etraplarynyň edaralarynyň, guramalarynyň, kärhanalarynyň pudaklaýyn arhiwleri bilen işlemek we olaryň şahsy düzüm boýunça resminamalaryny saklamaga niýetlenipdi.

Döwlet arhiwlerinde düzgün bolşy ýaly, arhiw güwähatyny arhiwleriň resminamalary ulanyş bölüminiň işgarleri tarapyndan ýerine ýetirilýär. Arhiw maglumatlaryny gözlemäge, arhiw güwähatyny taýýarlamaga we talap edijä bermäge esas bolup raýatlaryň döwlet arhiwiniň ýolbaşçysynyň adyna beren arzasy hyzmat edýär. Şeýle-de aragatnaşyk edarasyndan ugradylan hatlar, telegrammalar hem esas bolup hyzmat edýärler. Arhiwlerde arza ýazmak üçin ýörite sowalnamalar ulanylýar. Raýatlaryň şeýle arzalaryna edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň pudaklaýyn arhiwlerinde edaranyň arhiwçisi ýa-da işgärler bölüminiň işgärleri meşgul bolýarlar. Raýatlaryň arzalary kabul edilende

maglumaty tapmaga ýardam etjek maglumatlaryň bolmagyny gazanmaly. Arhiw maglumary gerek bolan raýatyň familýasy, ady, atasynyň ady, eger-de onuň familýasy üýtgän bolsa onda onuň öňki familýasy, ýaşaýan ýeri, işlän edarasynyň ady we işlän ýyllary, işlän bölümi ýa-da sehi, edaranyň adynda we ýerleşen ýerinde bolan özgerşikler. Gözleg maglumatlarynyň dogry we anyk bolmagy gerek bolan maglumatyň çalt tapylmagyna ýardam edýär.

Döwlet arhiwlerinde gerek bolan maglumaty tapmak arhiw işgärinde gazna döredijeleriň we gaznalaryň taryhyny oňat bilmegi talap edýär. Köp zähmet maglumat gözlenilýän gaznany anyklamaga, gaznanyň içinden gerek resminamalary tapmaga sarp edilýär. Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde soralýan edaranyň hemişelik resminamalarynyň saklanylýandygyna seredmezden, olaryň şahsy düzüm resminamalary döwlet arhiwlerine kabul edilen däldir, şonuň özi hem koplenç soralýan maglumat barada kanahatlanarly jogap berilmeýär. Egerde edara, gurama, kärhana döwlet arhiwleriniň resminama toplamaga çeşme bolup duran ýa-da durýan bolsa, onda olaryň şahsy düzümiň resminamalarynyň ýazgylary arhiwde saklanylýan bolmaly. Şol ýazgy boýunça soralýan ýyllaryň resminamalarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak mümkindir. Talap edilýän maglumatyň öz wagtynda tapylmagyny kynlaşdyrýan ýagdaýyň biri hem öň ýapylan edaralaryň şahsy düzüm boýunça resminamalarynyň dürli edaralarda saklanylýandygydyr. Döwlet arhiwleri ýapylan edaralar barada maglumaty özlerinde jemlemek maksady bilen ýapylan edaralar üçin ýörite karteteka döredip, olaryň hasabyny ýöredýärler.

Egerde soralýan maglumat döwlet arhiwiniň resminamalarynda bolman pudaklaýyn edaralaryň arhiwinde bar bolsa ýa-da gerek maglumaty haýsy arhiwlerden gözlenende maksada laýyk bolsa döwlet arhiwleri ol barada

özleriniň raýatlaryň arzalaryna beren ýazmaça jogaplarynda görkezerler.

Raýatlaryň ýüz tutmalaryna öz wagtynda jogap bermek üçin döwlet arhiwlerinde ýörite şahsy düzümiň resminamalary üçin kartatekalar döredilýär. Ol kartatekalar esasan arhiwiň haýsy gaznalarynda şahsy düzümiň resminamalarynyň saklanylýandygy görkezilýär. Ýene birinde şahsy düzüme degişli resminamalar boýunça raýatlar baradaky maglumatlar elepbiý tertibinde ýazmaçlarda ýerleşdirýärler. Başga bir kartotekada bolsa ýapylan edaralaryň şahsy düzüm boýunça resminamalary haýsy edaralarda saklanylýar we ol resminamalar barada maglumat saklaýar. Raýatlar boýunça elepbiý tertibinde kataloglary döretmek kän zähmeti talap edýän işdir. Şonuň üçin hem arhiwler şeýle kartatekalary diňe has köp soralýan gaznalaryň resminamalaryna düzýärler.

Döwlet arhiwlerinde berilen arza boýunça arhiwde bar bolan resminamalara seredilýär. Ilki bilen talapnamada görkezilen ýyllaryň soňky ýyllaryna seredilýär, sebäbi şoňky ýyllaryň resminamalarynda öňki ýyllara degişli jemleýji ýazgylaryň hem bolmagy mümkindir we onyň gözlegi ýeňilleşdirmegi mümkindir (işgäriň haýsy ýyldan bäri işleýändigi, gulluk sanawy we başgalar).

Arhiw güwänamasy resmi resminama bolup, ol arhiwiň resmi iş kagyzynda ýazylýar we döwlet arhiwiniň möhri bilen tassyklanylýar. Arhiw güwänamasy iki nusgada taýarlanylýar. Birinji nusga-asyl nusga iki gol çekilýär, arhiwiň başlygy we resminamany ýerine ýetiriji gol çekýär, şeýle-de döwlet arhiwiniň tugraly möhüri bilen çekilen başlygyň goly tassyklanylýar. Ikinji nusga arhiwiň resminamalaryndan talap edilýän maglumaty tapan işgär gol çekýär we ol berlen arza bilen çatylyp, işde saklanylýar we onuň saklanylmaly möhleti 10 ýyldyr.

Gerek bolan maglumat tapylmadyk ýagdaýynda, arza berilýän jogap arhiwiň resmi iş kagyzynda taýýarlanylýar we

resminama sözbaşy ýazylmaýar. Gözlenen maglumatyň näme üçin tapylmadygy gysgaça beýan edilýär we maglumatyň bolup biläýjek ýeriniň – edaranyň ady we salgysy görkezilýär.

Arhiw güwänamasynyň ýazgysy gysgaça ýazylýar, ýazgy düşnükli dilde ýazylmalydyr we wakalar sene tertibinde beýan edilmelidir. Beýan edilýän maglumatlaryň her biriniň, wakanyň, hakykatyň beýany berlenden soň resminamanyň gözleg salgylaryny (gazna belgisi, ýazgy belgisi, iş belgisi, resminamanyň tagta kagyzlarynyň belgisi) bermek maksada laýykdyr.

**Garaşsyz Türkmenistanda döwlet arhiwleriniň okalga zallarynyň işiniň gurnalyşy** diýlende bu resminamalary ulanulmagyň giňden ýaýran we däp bolup gelýän görnüşleriniň okyjylaryň arhiwiň okalga zalynda arhiw resminamalary bilen işlemegidir. Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň ählisinde okyjylar işlär ýaly okalga zallary bar. Okalga zalynda işlemek üçin okyjylar, esasan, işlejek temasyny görkezip ylmy, okuw jaýynyň ýa-da maglumat barada gyzyklanýan edaranyň adyndan arhiwiň ýolbaşçysyna hat üsti bilen resmi ýüzlenýär. Egerde tanymal adam bolsa ýöne öz adyndan ýazylan hat üsti bilen hem ýüz tutup biler. Gelen hata arhiwiň ýolbaşçysy rugsat berenden soň, okyjylar işe başlap bilerler. Ilkinji nobatda, okyjyny arhiwiň düzgünleri bilen tanyş edýärler. Soňra onuň işlejek ugry boýunça bar bolan gaznalaryň ýazgylaryny berýärler. Elbetde ýazgy üçinem, resminamanyň özüni okamaga almak üçinem talapnamalar doldurylýar we arhiwiň başlygynyň rugsady gerek.

Arhiwde saklanylýan resminamalar bilen tanyşmak üçin esasy maglumatnama bolup gaznanyň işleriniň ýazgysy hyzmat edýär. Egerde okyjy sowet döwrüniň resminamalary bilen gyzyklanýan bolsa onda arhiwleriň resminama derejesinde döreden ulgamlaýyn katalogyndan peýdalanyp bilerler. Mundan başgada döwlet arhiwlerinde resminamalar bilen işlemegi okyjylar üçin

ýeňilleşdirmek üçin temalar boýünça birnäçe resminamalaryň sanawlaryny düzdüler. Egerde okyja arhiwde saklanylýan resminamalar barada umumy düşünje gerek bolsa, onda olar arhiwleriň gaznalar boýunça ýol görkezijisinden peýdalanyp bilerler.

Arhiwiň resminamalaryna düzülýän ylmy-maglumat ulgamy garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda birneme gowşagyrak işledi onuň hem sebäbi ýol ýyllaryň resminamalaryny abat saklamak niýeti bilen şol bolümiň işgärleri arhiwe resminamalary toplamak işi bilen meşgul boldular. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ähli döwlet arhiwlerinde ylmy-maglumat boýunça işleýän işgärler bar.

Okalga zalynyň işine Türkmenistanyň merkezi döwlet arhiwlerinde arhiwiň resminamalaryny peýdalanmak bölüminiň müdirleri jogapkärdirler. Olaryň işine okalga zalyna işlemäge gelen okyjylaryň rugsatlarynyň resminamalaryny doldyrmak, okyjylaryň okalga zalynda işleýişleriniň hasabyny ýöretmek. Okalga zalynyň işinde müdiriň esasy wezipeleriniň biri hem okyjylary arhiwiň ylmy-gözleg ulgamy bilen tanyşdyrmak we gözlenilýän maglumatly resminamalaryň çalt tapylmagyna ýardam etmek bolup durýar. Şeýle-de müdir resminamalary arhiwiň aýawhanalaryndan talapnamany dolduryp alýar we okyjylara berýär. Onuň esasy wezipeleriniň biri hem resminamalaryň okalga zalynda abat saklanylmagyny üpjün etmek we olaryň öz wagtynda aýawhanalara gaýtarylyp berilmegine jogapkärdir.

Döwlet arhiwlerinde has gymmatly we seýrek duş gelýän resminamalar okyjylara berilmeýär, olaryň deregine olaryň ulanyş gaznasyndaky nusgalary berilýär. Arhiwlerde irki döwürlerde resminamalaryň mikrofilimler döredilýärdi häzirki wagtda kompýuter tehnikasynyň kömegi bilen resminamanyň nusgasy döredilýär.

## § 3. Garaşsyz Türkmenistanda arhiw resminamalaryny peýdalanmak boýunça işleri hasaba almagyň guralyşy

Okalga zallarynda resminamalaryň ulanylşynyň hasabyny ýöretmek we barlagçylaryň işleýän mowzuklarynyň möçberini, ugurlaryny seljermek üçin okalga zalynda iki sany ýörite ýazmaçlardan kartotekalar döredilýär. Biri tema boýunça, ikinjisi bolsa atma-at kartoteka. Belli bir düzgüne getirilen ýazmaçlarda öwrenilýän ugurlar hasaba alynýar. Ýazmaçlar 3 nusgada taýýarlanylýar: birinjisi, temalar boýunça, ikinjisi, atma at kartoteka üçin, üçünjisi, ýokary arhiw edarasyna ugratmak üçin. Türkmenistanda öwrenilýän ähli temalaryň bir bütewi kartotekasy döredilýär. Ol bolsa resminamalaryň arhiw gaznalary boýunça ulanylyşy barada maglumatnamany (syny) döretmäge mümkinçilik berýär.

## IY bap. Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwleriniň neşir işleri

Arhiwleriň neşir işi arhiwleriň ýerine ýetirýän işleriniň iň bir möhümleriniň biridir. Türkmenistan garaşsyzlygyny alandan soň arhiwler tarapyndan ençeme arhiw resminamalary neşir edilip öň mälim bolmadyk maglumatlar giň okyjylar kopçiligine ýetirildi. Arhiw resminamalaryndaky maglumatlaryň ulanylşynyň birnäçe görnüşleri bar. Ol belli bir waka degişli resminamalaryň tutuşlygyna ýa-da bölekleýin neşir edilişi görnüşlerinde bolýar. Arhiw resminamalaryndaky maglumatlary peýdalanyp, dürli maksatlar üçin ylmy işde ulanylyp köpçilige ýetirilýär.

Arhiwçiler 1993-nji ýyldan başlap ýörite “Türkmen arhiwi” žurnalyny çap edip başladylar. Žurnalyň sahypalarynda Türkmenistanyň taryhynyň dürli meselelerine degişli ençeme resminamalaryň ýygyndysyny, arhiw resminamalarynyň maglumatlaryndan peýdalanyp, ulmy makalalar görnüşinde çap edildi.

Türkmen arhiwçileriniň bitiren görnükli işleriniň biri hem Türkmenistandan Beýik Watançylyç (1941-1945 ýý) urşyna gatnaşyp söweş meýdanlarynda gahrymanlarça wepat bolanlaryň, söweş meýdanlarynda dereksiz ýiten esgerleriň atma-at sanawy berlen "Hatyra" kitabydyr. Şeýle-de Beýik Watançylyk urşundan sag-aman Watana dolanyp gelenleriň atma-at sanawy bolan "Şöhrat" kitabydyr.

Arhiw resminamalaryndaky maglumatlardan peýdalanyp, 1993-2006-njy ýyllar aralygynda "Türkmen arhiwi" žurnalynda çap edilen işlere seredip geçeliň. "Partiýa hatarlaryny "arassalamaklygyň" barşynda TSSR Halk Komisarlar Sowetiniň başlygynyň "arassalanyşy"[16] baradaky resminamany çapa taýýarlan G.F.Gadelşin. Resminama TSSR MIK we HKS-niň partiýa guramasyny arassalamak boýunça toparynyň mejlisiniň stenografiki ýazgysyndan alnypdyr we ýazgy düşnükli bolar ýaly bellikler bilen üpjün edilipdir. Bu resminamada kompartiýanyň ýolbaşçylarynyň öz şahsyýetlerini magtamak we öz abraýlaryny artdyrmak üçin hiç bir zatdan gaýtmaýandyklaryny açyp görkezýär. Şol wagtky Türkmenistan SSR-niň Halk Komissarlar Sowetiniň başlygy G.S.Atabaýewiň başyna düşen agyp apat hemmetaraplaýyn düşündirilýär. Ol şol döwriň döwlet gurluşyna düşünmäge kömek edýär.

"Durgunlykdan bir nyşan". Dokumenti çapa taýýarlan taryh ylymlarynyň doktory Ý.Orazgylyjow[17]. Resminama Orta Aziýa respublikalarynda pagta ýygymynda mekdep okuwçylarynyň zähmetiniň peýdalanyşynda düýpli ýetmezçilikler barada SSKP MK ideologiýa bölüminiň 1964-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-ne taýýarlan güwähaty. Çap edilen

---

[16] Partiýa hatarlaryny "arassalamagyň" barşynda TSSR Halyk Komissarlar Sowetiniň başlygynyň "arassalanyşy": Resminamany çapa taýarlan G.F.Gadelşin // Türkmen arhiwi 1' 93, s. 36-52.

[17] Durgunlykdan bir nyşan. Dokumenti çapa taýarlan Ý.Orazgylyjow // Türkmen arhiwi, 1' 93, s.66-69.

resminamada çagalaryň zähmetinden bikanun peýdalanylyşy barada aýdylýar, ýagny 12-14 ýaşly çagalaryň dynç güni berilmezden iş günleriniň dowamlylygy 10-12 sagat zähmet çekýändigi barada, olaryň iş meýdanynda elkin ýatyp işleýändigini, iň erbedi-de hiç-hili sanitar düzgünleriniň berjaý edilmeýän jaýlarda ýatyp-turmaga mejbur edilendigi barada aýdylýar.[18] Resminama Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň merkezi döwlet arhiwinden alnyp çapa taýýarlapdyrlar.

Çaganyň hukugyny goramak hakyndaky halkara kanunyny göz öňünde tutsak, ol dynç güni berlende-de aýylganç jeza bolupdy. Garaşsyz Türkmenistanyň bu halkara kanunyna goşulmagy bilen[19] hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow çaga zähmetini ulanmaklygy gadagan etdi we kanunyň ýerine ýetirlişine yzygiderli gözegçilik edýär.

"TSSR-de kolhoz gurluşygy barasynda täze arhiw materiallary bu ugurdaky işleriň dowam etmesi hasaplanylýar". Resminamany çapa taýarlan M.Moşew[20]. Onuň çapa taýarlan resminamasy kolhoz gurluşygynyň ilkinji ýyllaryna degişli bolup durýar. Bu resminamalar taýýarlanlar kolhoz gurluşygyny alyp baran syýasy guramanyň wekilleri bolup öz guramalarynyň işinde goýberen ýalňyşlykllary barada ýazypdyrlar, emma olaryň garaýyşlarynda halkyň çeken jebri görünmez. Şonuň üçin hem bu resminamadaky kolhoz gurluşygy baradaky maglymatlary ulanmak üçin taryhy nukdaý nazar bilen olary seljermek gerek, şeýle-de-kolhoz gurluşy baradaky maglumatlary saklaýan beýleki resminamalar bilen deňeşdirip ulanmak gerek. Bu zeýilli resminamalary çap edýän

---

[18] Şol ýerde, s.67.

[19]

[20] TSSR-de kolhoz gurluşygy barasynda täze arhiw materiallary. Dokumenti çapa taýarlan M.Moşew // Türkmen arhiwi 1 ' 93, s. 52-66.

neşir işgärleriniň döwür bilen aýakdaş bolmagy, resminamalara düşündiriş bermegi gerek eken.

Zakaspi demir ýolunyň dolandyryjysynyň, Zakaspiý oblastynyň müdirine ýazan raportyndan[21] bir abzasda tema bilen çap edilen 7 habar Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinden alnyp çap edilipdir.

Ters gelen täleý. Dokumentleri çapa taýýarlan A.Orakowa[22]. Başky ýazgyda Annamyrat Halowyň durmuş ýoly gysgaça beýan edilýär we onuň TSSR-iň Içeri işler halk komissarlygyna ýazan haty hem-de SSSR-iň Içeri işler halk komissary L.P.Beriýa ýazan hatlary gysgaldylan görnüşinde çap edipdirler. A.Halow XX asyryň 30-njy ýyllarynda halkyň başyna düşen hupbatlaryň pidasynyň biri. Onyň ýazan hatlary Türkmenistanyň Hopwsuzlyk ministrliginiň arhiwinden alnyp çapa taýarlanypdyr.

Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasy, Taryh, arheologiýa we etnografiýa instituty. Özbegistan SSR-niň Merkezi döwlet taryh arhiwi. Aşgaba, 1960 ý, 823 sah. Resminamalar ýygyndysy Türkmenistanyň Russiýa birikdirilmeginiň meýletinligini subut etmek maksady bilen çap edilipdir. Düýipli işleriň biri hasaplanylýar. Resminamalar ýygyndysyna Nargylyç Hojageldiýew “Taryhy öwrenmek arhiwden başlanýar”[23] ady bilen oňa syn ýazypdyr. Resminamalar ýygyndysynda arhiw ýazgylarynyň üsti bilen türkmen taryhyny öwrenmekde, ony ýoýmakda edilen işler barada ýazýar. Synda arhiw resminamalary çap edilendede bilkastlaýyn galplaşdyrmagyň ulanylandygy barada aýdylýar. Ol Türkmenistany rus imperiýasynyň basyp almagyn diňe

---

[21] Zakaspi demir ýolunyň dolandyryjysynyň Zakaspi oblastynyň naçalnigine ýazan pasportyndan // Türkmen arhiwi 1' 93. s.87-88.

[22] Ters gelen täleý. Dokumentleri çapa taýarlan A.Orakowa // Türkmen arhiwi, 1' 93, s. 69-79.

[23] Hargylyç Hojageldiýew. Taryhy öwrenmek arhiwden başlanýar // Türkmen arhiwi 1' 93. s.100-105.

ýaragyň güýji bilen amala aşyrylandygyny taryhy çeşmeleriň üsti bilen subut edilýär.

Uruş ýyllarynyň hasratly hatlary[24] ady bilen Beýik Watançylyk urşunyň esgerlerinden gelen hatlary çapa taýýarlanlar Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň işgärleri Jahan Berdiýewa bilen Alla Hümmedowa. Makalada hatlaryň 1943-nji ýyldan başlap ýygnalýandygy, olardan "Beýik Watançylyk urşunyň ýyl ýazgylary" atly arhiw toplumynyň döredilendigi we onda 10000-e ýakyn resminamanyň saklanýandygy barada ýazýarlar. Frontdan gelen hatlaryň hem birnäçesi çap edilipdir.

N. Durdylyýewiň Zakaspiý oblastynda haly bazarynyň döreýşiniň hem ösüşiniň esasy tendensiýalary meselesi dogrusynda[25] atly makalasynda X1X asyryň aýagy XX asyryň başynda Zakaspiý oblastynda halyçylygyň ýagdaýy baradaky meselä seredilýär. Elbetde haly senedi çeperçiligi boýunça sungat eseri derejesine biziň enelerimiziň, mamalarymyzyň ýetirenligi barada hiç bir türkmende şübhe ýokdur. Munuň özi halk tarapyndan hem ylym tarapyndan hem subut edilen zatdyr. Şeýlede halynyň hiliniň emeli reňkiň ulanylyp başlanmagy bilen peselendigi her bir türkmene belli zat. Halynyň gadymylygy hem belli zat. Makalada Zakaspiý oblastyny rus imperiýasynyň basyp alan döwrindäki halyçylygyň ýagdaýy barada resminamalaýyn maglumatlar bar. Ol resminamalar Türkmenistanyň Merkesi döwlet arhiwiniň taryhy döwre degişli gaznalaryndan-1-nji gaznanyň resminamalary peýdalanypdyr. Bu gaznada Zakaspiý oblastynyň naçalniginiň diwanynyň resminamalary saklanylýar[26].

---

[24] Uruş ýyllarynyň hasratly hatlary // Türkmen arhiwi 1' 93. s.79-83..

[25] N.Durdulyýew. Zakaspiý oblastynda haly bazarynyň döreýşiniň hem ösüşiniň esasy tendensiýalary meselesi dogrusynda // Türkmen arhiwi 1-2 * 94. s.73-80.

[26] Путеводитель по фондам Центрального государственного архива ТССР . Ашхабад. 1978, с. 12-15.

Haly ýüňüni durnukly boýaglar bilen boýamak meselesi dogrusynda sözbaşy bilen haly ýüňini boýamak meselesine degişli 5 resminamany N.Durdulyýew çapa taýýarlapdyr. Bu resminamalaryň hemmesi hem rus kolonial harby administrasiýanyň düzen resminamalary we onuň türkmen halyçylygy bilen ullakan baglanşygy ýok. Bu resminamalarda diňe nähili işi guralanda türkmen aýal- gyzlarynyň zähmetinden köp peýda görüp boljagy barada barýar.

Ý. Orazgylyjow , O.Kuzmin "Aýgytly ädim"[27] romanynyň daşynda gurnalan hasratly wakalara we ol iş baradaky resminamalaryň ýygyndysyny Türkmen arhiwi žurnalynyň 1994-nji ýyldaky sanynda çap edilipdir. Romanyň awtory öz döwrinde Türkmenistanyň belli ýazyjysy, Döwlet baýraklarynyň eýesi bolan Berdi Kerbabaýewiň doglan gününiň 100-ýylygyna bagyşlanyp çap edilipdir. Berdi Kerbabaýew Türkmenistanyň sowet döwrüniň belli ýazyjylarynyň biri. Ol "Aýgytly ädim", "Nebitdag", "Gaýgysyz Atabaý" romanlarynyň we birnäçe powestleriň, poemalaryň, goşgularyň, ertekileriň, ýol ýazgylarynyň awtory. Özüniň dowamly ömrinde eden işleriniň hözirini we hormatyny gören adam. Resminamalaryň ýygyndysynda 1940-njy ýylyň 21-nji noýabryndan başlap tä 1952-nji ýylyň 18-nji noýabry aralygynda Berdi Kerbabaýewiň "Aýgytly ädim" romanynyň daşynda bolan syýasy işe bagyşlanan Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň gaznasyndan alnan 10 sany resminama çap edilipdir. Ol resminamalaryň ählisíde Türkmenistanyň Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň resminamalary.

Ý.Orazgylyjowyň "Milli goşunyň taryhyndan"[28] resminamalar ýygyndysynda we makalada Türkmenistan SSR-

---

[27] Ý.Orazgylyjow, O.Kuzmin"Aýgytly ädim" romanynyň hasratly ykbaly // Türkmen arhiwi 1-2 ∗ 94, s. 36-72.

[28] Ý.Orazgylyjow.Milli goşunuň taryhyndan // Tçrkmen arhiwi 1-2 ∗ 95. s.40-61.

niň döredileniniň ilkinji ýyllarda respublikada harby goşuny döretmekde alnyp barylan işleri teswir edýän 6 resminama çap edilipdir. Resminamalar Türkmeniatanyň Merkezi döwlet arhiwinden hem-de Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwlerinden alnyp çap edilipdir.

N.A.Durdulyewiň “Halyçylyk işiniň taryhyndan”[29] diýen işinde resminamalaryň ýygyndysyny we olar baradaky öz garaýşyny Türkmen arhiwiniň 1996-njy ýyldaky sanynda çap edipdir. 16 sany resminamada Mary şäherinde döredilen patşalyk ammar hakynda ýazylýar. Onda patşalyk nesýelik ýüň we boýag ammarynyň işi beýan edilýär. Bu resminamalaryň hemmesi hem Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň taryhy döwre degişli gaznalar toplumynyň birinji gaznasyna degişli. Marydaky halyçylyk-boýag sklady baradaky resminamalar esasan 1-nji gaznanyň 2-nji ýazgysynyň 10742 işiň birinji we ikinji jiltlerine degişli. Diňe bir resminama 1072-nji işden alnypdyr. Ol resminamalarda skladyň işi teswirlenilýär. Makalada halyçylyk işiniň gurnalmagynyň türkmen aýal-gyzlarynyň bähbidine edilen iş ýaly görkezilýär emma ruslaryň ähli başlangyçlarynda ilkinji nobatda rus imperiýasynyň milli bähbidi dur. Şeýle-de olaryň türkmen aýal-gyzlaryny gul deregine işledip özleriniň köp mukdarda peýda görmek maksatlarynyň durandygy hemmelere düşnükli. Halyçylygy ösdürmek olaryň asla pikirinde-de ýok. Emma muňa seretmezden, resmiamalaryň çap edilmegi her bir okyjynyň öz düşünjeliligine görä netije çykarmagyna müňkinçilik berýär.

A.A.Ýeskow “Akademik G.Nepesowyň işi: bu nähili bolupdy”[30] ady bilen Türkmen arhiwi jurnalynyň 1996-njy ýyldaky sanynda akademik G.Nepesow barada makala we onuň

---

[29] N.A.Durdulyýew Halyçylyk işiniň taryhyndan // Türkmen arhiwi 1-2, 96. s. 41-55.

[30] A.A. Eskow Akademik G.Nepesowyň işi: bu nähili bolupdy. // Türkmen arhiwi 1-2, ∗ 96, s.125-154.

işine degişli 3 sany arhiw resminamasy çap edilipdir. Makalada Gaýyp Nepesowyň durmuş ýoly we ylmy-döredijilik işi hem-de onuň ylmy işiniň daşynda 50-nji ýyllaryň başynda guralan syýasy garaýyş barada ýazylypdyr. Makalanyň awtorynyň belleýşi ýaly, taryhçylar hakykatdan hem öz dowrüniň çagalary, olar perişdeler däl. Ýöne munuň özi agyr ylmy-döredijilik işini kiçeltmegem ýa-da garalamagam däl.[31] Makalada berilýän G.Nepesowyň ylmy-döredijilik işine döredilen kynçylyklar şol döwrüň häsiýetli sypatlarynyň biri, şonuň üçinem makala birneme süýndürilipdir. Çap edilen arhiw resminamalaryň üçüsi hem Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwinden alnypdyr.

M.M. Mollaýewa, W.M. Umnow, W.M. Hramow “Zähmetkeşler hakda alada”[32] diýen makalada Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň 1959-njy ýylda Türkmenistanyň geologiýa-gözleg işçileriniň kärdeşler arkalaşygynyň pudaklaýyn komitetiniň instruktory bolup işlän döwürlerindäki ýazan ýetiriş hatlary barada söz açylýar. Ol hatlar Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň 1155-nji gaznasynyň birinji ýazgysynyž 102-nji işiniň 94-101,312-321-nji tagta kakyzlarynda saklanylýar` Ol ýetiriş hatlary esasan işçileriň material üpjünçiligine we durmuş-hojalyk ýagdaýyna degişli. Gypjak obasynyň ýaşaýjylary (1891-nji ýylyň 3-nji dekabryna çenli ýagdaý boýunça)[33] hakynda obanyň ýaşaýjylarynyň 1891-nji ýylyň 3-nji dekabryna çenli ýagdaýy ýagny-obanyň hojalyk başynyň familiýasy we hojalygyndaky erkek adamlaryň hem-de aýal-gyzlaryň mukdary dörkezilen. Sanaw Türkmernistanyň Merkezi döwlet arhiwinden alnyp çap edilipdir.

---

[31] Şol ýerde, s. 125.

[32] M.M. Mollaýewa ., W.M.Umnow ., W.M. Hramow .Zähmetkeşler hakda alada // Türkmen arhiwi 1-2, 96, s. 27-34.

[33] Gypjak obasynyň ýaşaýjylary (1891-nji ýylyň 3-nji dekabryna çenli ýagdaý boýunça); Türkmen arhiwi, 98, № 1-2, s. 71-78.

Aşgabat uýezdiniň 1-nji Gökdepe obasynyň ýaşaýjylary (1891-nji ýylyň aýaklaryna çenli bolan materiallar)[34] çap edildi. Ol resminamalar gürrüň berýärler atly tema bilen çap edilip bu resminamada 1891-nji ýylda Zakaspiý oblastynyň naçalniginiň diwany (konselýarýasy) tarapyndan geçirilen ilat ýazywyndan alnyp 1-nji Gökdepe obasynyň ýaşaýjylarynyň maşgala başy görkezilen sanawy çap edilipdir. Ilat ýazuwynyň sanawy Türkmeniatanyň Merkezi döwlet arhiwiniň taryhy resminamalar gaznasynda saklanylýar.

Aşgabat uýezdiniň 2-nji Gökdepe abasynyň ýaşaýjylary (maglumatlar 1891-nji ýylyň aýaklaryna degişli)[35] Türkmen arhiwi Zakaspiý oblastynyň ilat ýazuwyndan 2-nji Gökdepe abasynyň ilatynyň maşgalalarynyň sanawyny çap edipdir. Obada 501 maşgala, başgaça aýdanyňda, obada jemi 1729 adam ýaşapdyr, olaryň 969-sy erkek adamlar, 760 sanysy aýal-gyz bolupdyr. Sanaw Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň taryny resminamalarynyň gaznasyndan alnyp çap edilipdir. Makalanyň sözbaşysy türkmen we rus dillerinde berlipdir.

Kyýat-hanyň we onuň ogly Kadyrmuhammediň Kawkaz namestniginiň adyna ýazan hatlary[36] Türkmen arhiwi žurnalynyň 1998-nji ýyldaky sanynda çap edilipdir. Bu hatlary çapa taýýarlan M.Annanepesow, hatlaryň ýazylan wagty 1837-1839-njy ýyllar. Bu resminamalar Gruziýanyň Merkezi taryhy arhiwiniň Kawkaz namestniginiň diplomatik diwanynyň arhiw resminamalarynyň 1-nji ýazgysyndan alnyp çapa taýýarlanypdyr. Sebäbi Türkmenistanyň Merkezi döwlet

---

[34] Aşgabat uýezdiniň 1-nji Gökdepe obasynyň ýaşaýjylary (1891-nji ýylyň aýaklaryna çenli bolan materiallar); Türkmen arhiwi 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004, s. 119-128.

[35] Aşhabad uýezdiniň 2-nji Gökdepe obasynyň ýaşaýjylary (maglumatlar 1891-nji ýylyň aýaklaryna degişli); Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005, s.164-171.

[36] Kyýat-hanyň we onuň ogly Kadyrmuhammediň Kawkaz namestniginiň adyna ýazan hatlary // Türkmen arhwi 1' 93. s.84-86.

arhiwinde iň irki taryhy resminamanyň senesi 1870-nji ýyldyr[37].

L.N.Ýakuşewanyň “Otdan çykan çagalar hakda alada”[38] ady bilen Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde saklanylýan TSSR-iň Ministrler Sowetiniň arhiw gaznasynda saklanylýan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda ene-atasyz galan çagalar barada edilen işleri teswirleýän 6 sany resminama çap edilipdir.

M.M.Mollaýewa, F.H. Abukowa Türkmen sazynyň kethudasy[39] resminamalar ýygyndysy Sowet Soýuzynyň we Türkmenistan SSR-iň Döwlet baýraklarynyň we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi, professor kompozitor Welimuhammet Muhadowyň 80 ýaşynyň dabarasyna bagyşlanyp çap edilipdir. Bu ýygynda W.Muhadowyň dürli döwürlerde alşan hatlarynyndan 11 sanysy goşulypdyr, ilkinji resminama Weli Muhadowa Alty Garlyýewiň “Dostuma” diýen degişme goşgusy bilen başlanýar. Galan 11 resminamanyň hemmesi hem Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň şahsy gaznalar bölüminde saklanylýan resminamalar tutýar we olaryň ählisi hem gutlag äheňinde ýazylan hatlar.

Lebap welaýat arhiwiniň başlygynyň orunbasary W.N.Oblasowa “Mährem alada”[40] ady bilen Beýik Watançylyk urşy döwründe welaýatyň raýatlarynyň edara-kärhanalarynyň, kolhozçylaryň welaýata göçürilen harby gospitallara edilen kömek barada welaýat döwlet arhiwiniň resminamalarynyň esasynda ýazýar.

Türkmenistanyň kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň işgärleri N.A.Wiktorowa,

---

[37] Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi, G.11. ýazgy. 1. s.17.

[38] L.N.Ýakuşewa. Otdan çykan çagalar hakda alada // Türkmen arhiwi 1-2 ∗ 95. s. 35-39.

[39] M.M.Mollaýewa, F.H. Abukowa Türkmen sazynyň kethudasy // Türkmen arhiwi 1-2 ∗ 96, s.114-122.

[40] W.N.Oblasowa. Mährem alada // Türkmen arhiwi 1-2 ' 97. s.43-44.

O.Atdaýewa Abu Seýit Mehneiniň (Mäneliniň) mawzoleýi[41] arhiwiň gaznasynda saklanylýan Abu Sagyt Abulhaýryň kümmetiniň foto syratlarynyň üsti belen kümmetiň taryhy we onuň nagyşlary barada ýazýarlar.

Ýeri gelende aýtsak Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimumamedowyň taýsyz tagallasy bilen dünýä ylmyna, medeniýetine uly goşant goşan şahsyýetlerimiz barada Diýarymyzda halkara maslahatlaryny yzygiderli geçirip başlandy. Şolaryň birinde "Abusagyt Abul haýyr Gündogaryň beýik akyldary"[42] atly halkara ylmy maslahatdyr. 13.11.2007-nji ýylda hormatly Prezidentimiz maslahata gatnaşyjylara gutlag sözüni ugratdy.

T.Ataýewiň "Frontdan hatlar"[43] makalasy Beýik Watançylyk urşundan ýazylyp iberilen hatlara bagyşlanypdyr. Makalada Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde we Mary welaýat döwlet arhiwinde saklanylýan resminamalaryň maglumatlary giňden ulanylypdyr. Makala türkmen we rus dillerinde çap edilipdir.

J.G.Berdiýewanyň, "M.Ý. Suharyň resminama mirasy"[44] makalasy M.Ý. Suharyň Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň ýörite gaznalarynda saklanylýan resminamalara bagyşlanypdyr. Taryh ylymlarynyň doktory M.Ý. Suharyň Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlar barada kop resminamalary we foto suratlary toplandygy barada hem-de ol resminamalaryň çap etmäge taýýarlanylýan Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyp, sag-aman öýlerine dolanyp gelen

---

[41] N.A.Wiktorowa, O.Atdaýewa Abu Seýit Mehneiniň (Mäneliniň) mawzoleýi // Türkmen arhiwi 1-1 ' 98. s.127-129.

[42] G.Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler 1-nji tom. Aşgabat, 2009. s.273-276.

[43] T.Ataew. Frontdan hatlar; Türkmen arhiwi 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004. s.128-137.

[44] J.G.Berdiýewa. M.Ý.Suharyň resminama mirasy; Türkmen arhiwi 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004, s.187-188.

türkmenistanlylaryň atma-at kitabynda peýdalanylýandygyny habar berýär.

"Beýik Watançylyk urşy döwrinde (1941-1945 ýý) türkmen hem ukrain halklarynyň dostlugy we hyzmatdaşlygy"[45] atly makalada Türkmenistana göçürilip getirilen zawodlar, fabrikler, okuw jaýlary, döredijilek edaralary barada baý maglumatlar esasynda uruş ýyllarynda türkmenistanlylaryň urşa kömek diýip beren gymmatbahaly zatlary barada ýazylypdyr. Makalanyň ahyrynda Odessanyň döwlet uniwersitetiniň rektorynyň, Türkmenistanyň HKS-niň "Odessanyň döwlet uniwersitetine we pedinstitutyna kömek bermek hakyndaky" Karary, göçürilme şertlerinde ýokary okuw jaýynyň işine ruhy we maddy goldaw berenligi üçin Odessanyň döwlet pedinistitutynyň ýolbaşçylarynyň Türkmenistanyň halkyna we hökümetine haşallyk hatynyň nusgalary[46] Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinden alnyp çap edilipdir.

A.Täjewiň "Mary oazisiniň Orsýete birikdirilmeginiň taryhyndan"[47] atly makalada Marynyň halkynyň Orsýete birikdirilmeginiň öňüsyrasyndaky sosial-ykdysadyýetiň ýagdaýy, şeýle-de onyň Orsýetiň düzümine birikdirilmeginden soňky döwürdäki ilatyň obalarda ýerleşiş tertibi berilýär. Makala Marynyň aksakallarynyň rus patyşasyna bakna bolmaga gol çeken şertnamasyny ýatlamak bilen gutarýar. Makalany ýazmak üçin awtor ulmy edebiýatlar bilen birlikde Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiň taryhy döwre degişli 1-nji gaznasynyň (Zakaspiý oblastynyň naçalniginiň diwanynyň gaznasy)

[45] Beýik Watançylyk urşy döwründe (1941-1945 ýý) türkmen hem ukrain halklarynyň dostlugy we hyzmatdaşlygy; Türkmen arhiwi, 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004, s.98-105.
[46] Şol ýerde, s.103-105.
[47] A.Täjow. Mary oazisiniň Orsýete birikdirilmeginiň taryhyndan; Türkmen arhiwi, 1995, № 1-2, s.62-69.

resminamalarynyň maglumatlaryny we maryly ýaşulularyň ýatlamalaryny peýdalanypdyr.

"Heläk edilen ylmyň şahsyýetlendirilen taryhy. Şahsy kagyzlary çapa taýýarlan K.Muhammetberdiýew"[48] makalasy Türkmen arhiwi žurnalynyň 1993-nji ýyldaky sanynda çap edilipdir. Ol Owlýä Kuliýewe bagyşlanypdyr we onuň ömri we ylmy işi barada ýazypdyr, şeýle-de onuň 1953-nji ýylda garşydaşlary üçin taýýarlan nutugyny ("Zakaspi oblastynda 1916-njy ýylda bolan gozgalaňyň häsýetlerine baha bermek") çap edipdir. Resminama Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwinden alnyp çapa taýýarlanypdyr.

"Türkmen obasy kollektiwiziýalaşdyrylanynda "öte geçmeler" hakynda täze arhiw materiallary"[49] atly makalasynda G.F.Gadelşin kolhos gurluşynyndaky öte geçmeler barada ýazýar we tema degişli 2 sany arhiw resminamany çapa taýarlapdyr. Şol öte geçmeleriň hemesiniň hem kommunistik partiýanyň agalygyndaky döwlet gurluşyndan-prioletariat diktaturasyndan gelip çykandygy makalaň awtory düşünmändir. Çapa taýýarlanan bu iki resminamada Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwinden alnyp çapa taýýarlanypdyr.

N.A.Durdulyew, A.F.Naumow makalasyny ahal teke atlarynyň taryhyndan[50], (ikinji makala)[51] Buýnuz atly belli ahal teke atynyň nesil daragatyny yzarlamaga bagyşlanypdyr. Makalany ýazmaga maglumatlary Türkmenistanyň syýasy

---

[48] Heläk edilen ylmyň şahsyýetlendirilen taryhy. Dokumenti çapa taýýarlan K.Muhammetberdiew // Türkmen arhiwi 1' 93, s.89-99.

[49] G.F.Gadelşin. Türkmen obasy kollektiwizasiýalaşdyrylanynda "öte geçmeler" hakynda täze arhiw materiallary // Türkmen arhiwi 1-2 ∗ 95, s.53-58.

[50] N.A. Durdulyýew, A.F. Naumow. Ahal teke atlarynyň taryhyndan; Türkmen arhiwi, 1995, № 1-2, s.143-144.

[51] N.A.Durdulyýew, A.F.Naumow Ahalteke atlarynyň taryhyndan // Türkmen arhiwi 1-2 ' 98. s.85-96.

resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwinden alnypdyrlar. Makalanyň soňunda Aşgabat-Moskwa atly ýörişine gatnaşanlaryň Moskwa şaherinde 1935-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky suraty bilen bezelipdir[52]. N.A.Durdulyýew, A.F.Naumow. "Ahalteke atlarynyň taryhyndan" ady bilen[53] makalalar toplumyny ýazmakda 1936-njy ýylda M.I. Belonogowyň ýolbaşçylygynda alymlar toparynyň ýerine ýetirilen ylmy-barlag işiniň netijeleri peýdalanylyp ýazylypdyr[54]. Makala Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň resminamalaryndan alnan maglumatlar peýdalanypdyr.

M.A.Pürliýewa "Marynyň aýal-gyzlar mugallymçylyk institutynyň taryhyndan"[55] diýilýän makala 1944-nji ýylda açylyp 1959-njy ýylda Çärjewdäki (häzirki Türkmenabat) Türkmen döwlet mugallymçylyk institutyna birikdirilen institut barada gyzykly maglumatlary ýazýar. Makalada esasan Mary welaýatynyň döwlet arhiwiniň we Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň resminamalarynyň maglumatlary peýdalanypdyr.

J.Annaorazow "Serhetde bolan tragediýa" Türkmenistanda kolhoz gurluşygy döwrinde bolan gozgalaňyň epizodlarynyň biri)[56] makalasynda tutuşlaýyn kollektiwizasiýa geçiş döwri has takygy 1932-nji ýylda daýhanlaryň Owganstana göçmage eden synanyşygy we olary sowet goşunynyň rehimsiz gyrşyna bagyşlanypdyr. Makalany ýazmaga Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň we Türkmenistanyň syýasy

---

[52] Şol ýerde. S.96.

[53] N.A.Durdylyýew, A.F. Naumow.Ahalteke atlarynyň taruhundan; Türkmen arhiwi, 99, № 1-2, s.76-83..

[54] Şol ýerde, s.76.

[55] M.A.Pürliýewa. Marynyň aýal-gyzlar mugallymçylyk institunyň taryhyndan // Türkmen arhiwi 1-2' 97. s.115-119.

[56] Annaorazow J. Serhetde bolan tragediýa (Türkmenistanda kolhoz gurlyşygy döwrinde bolan gozgalaňyň epizodlarynyň biri) // Türkmen arhiwi 1-2 '97. s.108-114.

resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwleriniň resminamalarynyň maglumatlary peýdalanypdyr.

R.Çaryhanow makalasyny “X1X asyryň aýaklarynda, XX asyryň başlarynda Türkmenistanda medeni aň-bilim işiniň taryhyndan”[57] Russiýa imperiýasy Türkmenistany basyp alandan soňky döwürde ruslaryň öz raýatlary üçin geçiren medeni-aň bilim çärelerine bagyşlanypdyr.

B.M.Goýunlyýewiň “Aşgabat heläkçiliginiň ştrihleri”[58] makalasyny Aşgabat ýer titremesine bagyşlanan giriş sözli we 19 resminamany Aşgabat ýer titremesiniň 50 ýyllygyna bagyşlap çapa taýýarlapdyr. Resminamalar Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinden we diňe iki resminama öňki SSSR-iň, häzirki Russiýanyň Goranmak ministrliginiň arhiwinden alnyp çapa taýarlanypdyr.

Ý. Orazgylyjowyň “Goşa taryň hekaýaty. Türkmen sazynyň genji-hazynasynda bolan uly gürrüňden soňky oýlanmalar”[59] makalasy türkmen sazynyň taryhyna hem-de Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi bilen Türkmenistanyň kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň aýdym-saza bagyşlap geçiren duşuşygyna bagyşlanypdyr. Duşuşyk biziň arhiwiň taryhyny öwrenýän döwrümize degişli. Ol 1997-nji ýylda geçirilen duşuşyga bagşylar Ödenyýaz Nobadow bilen Aşyrmämmet Dawudowa gatnaşan.

Ç. Hajymyradowyň “X1X asyryň ahyrynda- XX asyryň başynda Zakaspi oblastynyň medeni durmuşyndan käbir

[57] R.Çaryhanow. X1X asyryň aýaklarynda, XX asyryň başlarynda Türkmenistanda medeni aň-bilim işiniň taryhyndan // Türkmen arhiwi 1-2 ' 971 s.40-43.

[58] B.M. Goýunlyýew. Aşgabat heläkçiliginiň ştrihleri // 1-2 ' 97. s. 46-67.

[59] Ý.Orazglyjow. Goşa taryň hekaýaty. Türkmen sazynyň genji-hazynasynda bolan uly gürrüňden soňky oýlanmalar; Türkmen arhiwi, 97, № 1-2, s.157-168.

faktlar”[60] makalasy Zakaspiý oblastynda açylan mekdepler barada we Aşgabat şäherinde gurnalan ilkinji höwesjeň spektaklaryň halka geçirilşi we oňa gatnaşanlar barada. Makalany ýazmaga maglumatlary Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinden alnypdyr.

N.A.Durdulyýew, A.A. Ýeskow. “R.Pampelliniň ekspedisiýasynyň möhüm açyşy”[61] atlandyrylan makalasy amerikan alymy R.Pampelliniň XIX asyryň 90-njy ýyllarda Anew topragynda geçirilen gazuw-agtaryş eşleriniň netijesinde gadymy ak bugdaýyň watanynyň türkmen topragydygyny açandygyna bagyşlanýar. Mundan 6 müň ýyl ozalam Ahew topragynda arpa bugdaý ýaly dänelik ekinleriň ekilendigi we ondan ýokary hasyl alnandygy barada ýazýarlar. Makalada Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň resminamalarynyň maglumatlary hem peýdalanypdyr. Şu wagyt Änewde dünýäde ýeke-täk Ak bugdaý muzeýi ýerleşýär.

Türkmen arhiwi jurnalynyň 1996-njy ýylda çykan sanynda täze kitaplar hakynda gysgaça habarlar çap edilipdir[62]. Ol kitaplaryň ählisiniň hem Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň önümleri bolmagy arhiw işgärleri üçin guwandyryjy wakadyr.

“Saparmyrat Türkmenbaşynyň ideologiýasy-ylmy barlagyň predmeti”[63] ady bilen çap edilen kitapda Türkmenistanyň Prezedentiniň arhiw gaznasy bilen Baş arhiw müdirliginiň Ylmy merkeziniň 1995-nji ýylyň fewralynda geçiren ady bir ylmy-nazarýet maslahatynda edilen nutuklary girizilipdir.

---

[60] Hajymyradow Ç. X1X asyryň ahyrynda- XX asyryň başynda Zakaspi oblastynyň medeni durmuşyndan käbir faktlar // Türkmen arhiwi 1-2' 97. s. 100-107.

[61] N.A.Durdylyýew, A.A.Ýeskow. R.Pampelliniň ekspedisiýasynyň möhüm açyşy // Türkmen arhiwi 1-2 ' 99. s.63-76.

[62] Täze kitaplar hakynda gysgaça seslenmeler // Türkmen arhiwi, 1-2, ∗ 96, s.183-185.

[63] Saparmyra Türkmenbaşynyň ideologiýasy-ylmy barlagyň predmeti s. 183.

“Hatyra” kitabynyň üçünji we dördünji tomlary[64] Beýik Watançylyk urşunda (1941-1945 ý) wepat bolanlaryň we dereksiz ýiten türkmenistanlylaryň ýagty ýadygärligine bagyşlanyp çykarylypdyr. “Hatyra” kitabynyň 3-nji tomunyň Ahal welaýatyna we Aşgabat şäherine, 4-nji tomunyň Daşogyz welaýatynyň gerçeklerine bagyşlanyp tomlarynyň neşir edilip çykarlandygyny we okyjylara hödürlenendigini habar berilýär.

“Şöhratly ýoluň senenamasy”[65] Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşynyň 1990-njy ýylyň awgust aýyndan 1995-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyryna çenli alyp baran işleriniň senenamasydyr. Senanamany Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasynyň we Baş arhiw müdirliginiň Ylmy merkeziniň işgärleri bilelikde taýýarlapdyrlar.

“Saparmyrat Türkmenbaşynyň syýasaty: üstünlikler we perspektiwalar”[66] atly kitaby Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasy bilen Baş arhiw müdirliginiň Ylmy merkezi taýýarlapdyr. Kitap Garaşsyzlygyň 5 ýyllygy mynasybetli Saparmyrat Türkmenbaşynyň içeri we daşary syýasytyna bagyşlanyp çykarylypdyr.

“Meniň ezizlerim”[67] Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Ataewiç Niýazowyň öz ata-enesi Atamyrat aga bilen Gurbansoltan eje baradaky ýatlamalar we oýlanmalar kitabynyň çapdan çykmagyna bagyşlanypdyr. Kitap ikinji gezek üsti ýetirilip neşir edilipdir. Kitap Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasy tarapyndan çapa taýýarlanypdyr.

---

[64] “Hatyra” kitabynyň üçünji we dördünji tomlary, // Şol ýerde, s. 183-184.

[65] Şöhratly ýoluň senenamasy // Türkmen arhiwi, 1-2, * 96, s. 185.

[66] “Saparmyrat Türkmenbaşynyň syýasaty: üstünlikler we perspektiwalar”; Türkmen arhiwi, 96, № 1-2, s.185-186.

[67] “Meniň ezizlerim” // Türkmen arhiwi 1-2 ' 99. s.39- 40.

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy eýýamynyň ýyl ýazgylary[68] habarda "Garaşsyzlygyň ynamly gadamlary" atly senenamanyň 4-nji goýberilişiniň 1999-njy ýylyň ahyrynda çapdan çykandygyna we onyň 1998-nji ýylyň wakalaryna bagyşlanandygy habar berilýär. Senenamany Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasynyň işgärleri çapa taýýarlapdyrlar.

Beýleki neşirler hakynda gysgaça söhbet[69] atly habarda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasynyň bilelikde neşir eden "Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy gözel Aşgabadyň binagäridir" atly surat albomyna we "Garşsyzlygyň ynamly gadamlary (Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň alyp barýan işleriniň we ýurdyň durmuşyndaky iň möhüm wakalaryň hronikasy). 1999-njy ýyl" teswirlenilýär. Birinji kitapda Aşgabat şäheriniň binalarynyň keşbini täzelemek, ony abadanlaşdyrmak we gök baglyga büremek baradaky işleriň foto ýylýazgysy berilýär (1992-2001 ýý).

Ikinji kitap Türkmenistanyň Prezidentiniň 1999-njy ýyldaky alyp baran işleriniň seneler boýunça ýylýazgysydyr.

"Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň çagalygy, ýetginjekligi we ýaşlygy hakyndaky kitap"[70] Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiw gaznasynyň işgärleriniň bilelekde taýarlan kitaby barada D.B.Berdiýewiň ýazan habary çap edilipdir. Kitap Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti

---

[68] Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy eýýamynyň ýyl ýazgylary// Türkmen arhiwi 1-2 ' 99. s45-46.

[69] Beýleki neşirler hakynda gysgaça söhbet; Türkmen arhiwi 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004. s.115-117.

[70] D.B.Berdiýew. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň çagalagy, ýetginjekligi we ýaşlygy hakyndaky kitap; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005, s. 225-234.

Saparmyrat Türkmenbaşynyň çagalyk, ýaşlyk döwri we zähmet ýoluna başlaýşy barada ýazylypdyr. Habar türkmen we rus dillerinde çap edilipdir.

"Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň ykbaly, borjy we görkezen edermenligi hakynda"[71] Türkmen arhiwi žurnalynyň 2003-2004-2005 ýyllara bagyşlanylan sanynda ýörite makala çap edilipdir. Ol 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 60 ýyllyk baýramçylygynyň öň ýanynda şu şanly senä bagyşlanyp, "Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow: Watanyň şan-şöhraty üçin görkezilen edermenlik-ölmez-ýitmezlige tarap ädilen ädimdir" diýen at bilen täze kitap çapdan çykdy. Ol "Türkmen arhiwi" žurnalynyň 2005-nji ýyl üçin ýörite goýberilişi görnüşinde türkmen hem rus dillerinde neşir edildi, kitabyň arhiw materiallaryna baýlygy, dürli suratlar bilen çeper bezelmegi onuň ähmiýetini has-da artdyrýar. Kitaby Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasynyň ylmy işgärleri çapa taýýarlapdyrlar[72].

Türkmenistan döwletiniň garaşsyzlygynyň öň ýanynda Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje ýylyna bagyşlanýp[73] "Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje we Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn zamanasynyň zenanlary" diýen kitap çapdan çykdy. Kitaby Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň Arhiw gaznasy "Türkmen arhiwi" žurnalynyň ýörite goýberilişi höküminde çap edipdirler. Kitap Gurbansoltan ejäniň durmuş we zähmet

---

[71] Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazowyň ykbaly, borjy we görkezen edermenligi hakynda, Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005, s.234-236.
[72] Şol ýerde, s.234.
[73] Türkmenistanyň Gahrymany Gurbansoltan eje ýylyna bagyşlanylýar; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005, s.236-240.

ýoluna bagyşlanypdyr. Habar türkmen we rus dillerinde çap edilipdir.

"Ak bugdaýy: taryhy açyşlar"[74] "Türkmenistan" gazetiniň 2004-nji ýylyň iýul aýynyň 2-sindäki sanynda çykan habarda R.Pampelliniň Änewde geçiren gazuw-agtaryş işleriniň taryhyna bagyşlanypdyr. Habarda R.Pampeliniň ekspedisiýasyna degişli 50-ä ýakyn resminamanyň Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde saklanylýandygy habar beriýär.

A.Mätiýewiň "Arhiw döwlet ähimýetli işdir"[75] atly makalasy "Нейтральный Туркменистан " gazetinde 12.06.2003 ý sandan çykan. Soňra ol Türkmen arhiwi 2000-2001-2002 ý. sananynda çap edipdir. Makala Daşoguz welaýat döwlet arhiwiniň taryhyna we şol wagtda alyp barýan işlerine bagyşlanypdyr. Makala welaýat döwlet arhiwiniň başlygynyň orunbasary A.N. Saýyň adyndan gürrüň berlipdir. Makalada welaýat arhiwiniň işine degişli baý maglumatlar bar.

Döwlet arhiwleriniň möhüm işleriniň biri-de şanly wakalara, geçirilýän döwlet mäçberindäki çärelere bagyşlap, sergileri gurap durmak hasaplanylýar. Bu işiň guralşy metbugat sahypalarynda-da öz beýanyny tapýar. Mysal üçin B.Kakabaýewanyň "Watan" gazetiniň 25.06.2002-nji ýyldaky sanynda "Döwlet arhiwindäki sergi barada"[76] we B. Baýlyýewanyň "Нейтральный Туркменистан " gazetiniň 21.06.2002-nji ýyldaky sanyndaky "Döwlet arhiwindäki sergi barada"[77] atly makalalaryny görkezmek mümkin. Bu gazet makalalaryny Türkmen arhiwi žurnaly 2000-2001-2002

---

[74] Ak bugdaýy: taryhy açyşlar; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005. s.154-155.

[75] Mätiýew A. Arhiw döwlet ähimiýetli işdir // Türkmen arhiwi 2000-2001-2002. s. 86-88

[76] Kakabaýewa B. Döwlet arhiwindäki sergi barada // Türkmen arhiwi 2000-2001-2002. s. 83.

[77] Baýlyýewa B .Döwlet arhiwindäki sergi barada // Türkmen arhiwi 2000-2001-2002. s. 84-85.

ýyllarda öz sanynda çap edipdir. Makalalar Türkmenistanyň Döwlet arhiwleriniň jaýynda 2002-nji ýylyň mart aýynyň 5-ine açylan “Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Altyn asyryň Serdarydyr” atly sergä bagyşlanypdyr. Makalalarda serginiň girişden we dört bölümden duryandygy we onda goýlan suratlaryň we resminamalaryň tomaşaçylara edýän täsiri barada ýazylypdyr. Bir söz bilen aýdanyňda makalalaryň ikisi hem esasan serginiň daşky görnüşine bagyşlanypdyr.

N.Muhammetberdiýewa makalasyny Horezm döwletiniň hakyky taryhyny ýazmagyň käbir meselelerri: 1924-nji ýyldaky Horezm gozgalaňy. (Meseläniň goýluşy barada)[78] diýip atlandyrylýar. Makalada Horezm respublikasynda bolyp geçen “Horezm halk gozgalaňy” barada ýazylan işleriň wakany doly açyp görkezmeýändigi hakynda netije çykarlypdyr. Makalada SSKP MK MLI-niň Merkezi partiýa arhiwiniň we Özbegistan respublikasynyň Merkezi döwlet arhiwiniň resminamalary beýleki çeşmeler bilen bilelikde ulanylypdyr.

M. Jumanyýazowanyň “X1X asyryň aýagynda we XX asyryň başynda türkmen halyçylygy”[79] makalasy türkmen halysynyň taryhyna bagyşlanypdyr. Ol Türkmenistany rus imperiýasynyň basyp alan döwrini öz içine alýar. Patyşa imperiýasynyň goşunuň harbylarynyň türkmeniň öý goşlaryny hem talandygy gürrüň berilýär. Zakaspiý oblastyndan şol döwürde her-hili ýollar bilen alyp gidilen haly önümleriniň agramy 40000 puda barabar bolupdyr.[80] Makalada ruslaryň haly önümçiligini ösdürmek barada eden käbir aladalary hakynda-da aýdylýar. Emma ýüň-boýag skladynyň açylmagy,

---

[78] N.Muhammetberduewa. Horez döwletiniň hakyky taryhyny ýazmagyň käbir meseleleri: 1924-nji ýyldaky Horezm gozgalaňy // Türkmen arhiwi 1-2 ∗ 95. s 58-61.

[79] M. Jumanyýazowa X1X asyryň aýagynda we XX asyryň başynda türkmen halyçylygy // Türkmen arhiwi 1-2 ∗ 96, s. 74-81.

[80] Şol ýerde, s.75.

satuw üçin haly sergileriniň guralmagy haly öndürilişini artdyrmandyr. Türkmen halysy sungat eseri bolup onyň gymmatlygy bazardaky haryt bahasy bilen ölçenmän, eýsem onuň dokalyşynyň hili we oňa salnan nagyş boýunça ölçelýär.

"Gorkut ata"-milli metbugatda[81] atly makalada H. Goçmyradow beýik epos "Gorkut atanyň" bir ýarym müň ýyllygyna bagyşlanyp metbugatda yzygiderli çap edilen işleriň taryhyny beýan edilýär"[82]. Makalany ýazanlarynda Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezin döwlet arhiwiniň resminamalarynyň maglumatlaryndan hem peýdalanypdyrlar.

J.Annaorazowyň "Türkmenistanda 1931-nji ýylyň gozgalaňy" [83] atly makalasy 1931-nji ýyldaky maldarlaryň gozgalaňyna bagyşlanypdyr. Makalada, esasan, Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň we Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň gaznalarynyň resminamalaryndaky maglumatlar giňden ulanylypdyr.

Burdalyk ösen garakölçüligiň mekanydyr[84] atly makalada A.Hudaýberdiýew garaköli goýunlaryň "çyrazy", "sur", "kamary" ýaly gymmat bahaly görnüşleriniň öz gözbaşyny Dosy baýyň mallaryndan alyp gaýdyýanlygynyň taryhyny beýan edýär. Makalada Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň, Lebap welaýat döwlet arhiwiniň gaznalarynda saklanylýan resminamalaryň maglumatlary peýdalanylypdyr.

---

[81] H.Goçmyradow. "Gorkut ata"-milli metbugatda // Türkmen arhiwi 1-2 ' 99. s.106-120.

[82] Şol ýerde, s.107.

[83] J.Annaorazow. R. Türkmenistanda 1931-nji ýylyň gozgalaňy // Türkmen arhiwi 1-2 ' 99. s.93-105.

[84] A.Hudaýberdiýew. Burdalyk ösen garakölçüligiň mekanydyr // Türkmen arhiwi 1-2 ' 99. s.84-93.

R.P.Klewakina. “Zakaspide bank edaralary ( X1X asyryň ahyrynda - XX asyryň başlary”[85] makalasynda rus imperiýasnyň Zakaspi oblastyny basyp alandan soň bank edaralarynyň döreýşine we olaryň 1917-nji ýyla çenli işlerini şöhlelendirilipdir. Makalada dürli edebiýatlar bilen birlikde Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň resminamalarynyň maglumatlary hem peýdalanylypdyr.

R.P.Klewakina. Zakaspide ownuk karz beriji edaralar ( X1X asyryň ahyrlary- XX asyryň başlary)[86] makalasynda-da baý arhiw maglumatlaryň üsti bilen Zakaspiý oblastynda ownuk karz pul beriji guramalaryň döreýşini, ösüşini we olaryň sowet döwlet gurluşyna çenli döwürdäki köp taraply işleýişlerini suratlandyrýar. Ownuk karz beriji edaradan 5 manat almak üçin oba arçynynyň onuň ynamdarlygynyň tassyklamagy ýeterlik eken, 50 manat üçin 2-3 adamynyň karzyň tölenjekdigine güwä geçmekleri, ondan kän mukdarda puly almak üçin tutuş obanyň karzyň tölenjekdigine güwä geçmekleri gerek bolupdyr. Makalada Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň taryhy döwre degişli resminamalarynyň maglumatlarynyň giňden ulanylmagy işiň gymmatyny has-da artdyrýar.

T.Ataýew, M.Moşewiň bilelikde ýazan “Ygtybarly daýanç[87] atly makalasy Weýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeňşiň 60 ýyllyk baýramçylygyna bagyşlanyp ýazylypdyr. Urşuň ilkinji günlerinden başlap kärhanalaryň uruş üçin gerek bolan harby önümçilige geçirilişi, türkmen aýal-gyzlarynyň öz şaý-seplerini uruşda gazanyljak ýeňşe kömek diýip berişleri,

---

[85] R.P.Klewakina.Zakaspide bank edaralary ( X1X asyryň ahyrynda - XX asyryň başlary) ; Türkmen arhiwi 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004, s. 171-176.

[86] R.P.Klewakina. Zakaspide ownuk karz beriji edaralar (X1X asyryň ahyrlary- XX asyryň başlary); Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005. s.172-185.

[87] T.Ataýew, M.Moşew. Ygtybarly daýanç; Türkmen arhiwi, 2003-2004-2005, Aşgabat, 2005. s.110-128.

tyldaky zähmet gahrymançylygy baý maglumatlaryň üsti bilen beýan edilýär. Makalany ýazmak üçin giň arhiw resminamalary: Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň, Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň, Mary welaýat döwlet arhiwiniň syýasy resminamalar bölüminiň, Lebap welaýatynyň döwlet arhiwiniň syýasy resminamalar bölüminiň resminamalarynyň has möhüm maglumatlary seçilip alnypdyr we peýdalanylypdyr.

G.D.Ataýewa "Türkmenistanda tebigaty goramagyň gazbaşynda"[88] diýen makalasynda 1890-njy ýyllaryň ahyrynda we 1917-nji çenli Zakaspiý oblastynda tebigaty goramak işleriniň guralyş meselesine seredýär. Makala Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň taryhy döwre degişli birinji gaznasynyň ( И-1) resminamalaryndaky maglumatlaryň esasynda ýazylypdyr. Makalanyň awtorynyň adalatly ýazyşy ýaly, häzirki döwürde tutyş dünýäde daşary gurşawy goramak meselesiniň barha ýitileşmegi giň çäreleri geçirmegi göz öňünde tutýar. Awtor şol döwürdäki daşky gurşawy-tebigaty goramak meselesini ilkinji gezek ylmy aýlawa girizýän arhiw resminamalarynyň maglymatlarynyň esasynda ýazypdyr.[89]

D. K. Mätgeldiýewanyň "Kollektiwizasiýalaşdyryş ýyllarynda demirgazyk Türkmenistanyň daýhan hojalyklarynyň göçmegi: sebäpleri hem ýetiren zyýanlary"[90] makalasyny, esasan, Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň Daşogyz welaýat bölüminiň resminamalarynyň maglumatlarynyň esasynda ýazylypdyr. Makala kolhoz gurluşy döwründe daýhan hojalyklarynyň mejbury göçmek meselesine bagyşlanypdyr. Makalada daýhan

---

[88] G.D.Ataewa Türkmenistanda tebigaty goramagyň gözbaşynda // Türkmen arhiwi, 1-2 ∗ 96, s. 81-87.

[89] Şol ýerde, s.81.

[90] D. K. Mätgeldiýew Kollektiwizasiýalaşdyryş ýyllarynda demirgazyk Türkmenistanyň daýhan hojalyklarynyň göçmegi: sebäpleri hem ýetiren zyýanlary // Türkmen arhiwi, 1-2. ∗ 96, s. 94-99.

hojalyklarynyň göçmekleriniň sebäpleri görkezilende marksizim-leninizim syýasatyndan ugur alnypdyr, Şol sebäpden bolsa daýhanlaryň ýaşaýyş ýerini we işlejek hünärini özüniň saýlap almak hukugy barada ýekejede söz hem aýdylmandyr. Daýhany ýere berkitmek hukugynyň tejribesiniň öz gözbaşyny patşa Russiýasyndan krepostnoýlyk gurluşyndan alyp gaýdanyny makalanyň awtoryny deňeşdiren bolsa düşnükli bolardy. Adamyny göçip gonmakdan mahrum etmegiň özi-de "Adam hukuklarynyň ähliumumy jarnamasyna" ters gelýändigini, adamynyň hukugynyň bozulmagynyň bir görnüşidigini makalada aýdylan bolsa örän dogry bolardy we şu günki hakykata laýyk gelerdi.

N.Gajarow "Türkmenleriň Zeňňi atabeg döwleti hakynda"[91] atly makalasynda iş dolandyryşyň ilkinji görnüşi – ýerine ýetirýän iş ugurlary boýunça diwanlar barada maglumat berýär. Şeýle edara ediş X11 asyra degişli bolyp iş dolandyryşyň taryhy öwrenilende gymmatly maglumat bolup hyzmat edýär we özüniň ylmy esasda giňişleýin çuň öwrenilmegine garaşýar.

R.Çaryhanow "Türkmenistanda çeper höwesjeňleriň taryhyndan"[92] atly makalasynda Türkmenistanda çeper höwesjeňleriň geçen asyryň başlarynda ýüze çykyşy we onyň 30-njy ýyllara çenli ýagdaýy öwrenilipdir. Makalada başga edebiýatlar bilen birlikde Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň resminamalary hem ulanylypdyr.

Şeýlelikde, arhiw resminamalarynyň çap ediliş derejesini, netijesini, ähmiýetini gysgajyk açyp görkezmeklik bu işiniň gün saýyn giňelýänligine we çuňlaşýanlygyny şaýatlyk edýär. Täze Galkynyşlar we Beýik özgertmeler zamanasy täze türkmen ideilogiýasy arhiw resminamalarynyň çap ediliş

---

[91] N.Gajarow. Türkmenleriň Zeňňi atabeg döwleti hakynda; Türkmen arhiwi, 2000-2001-2002, Aşgabat, 2004. s.154-161.
[92] R.Çaryhanow. Türkmenistanda çeper höwesjeňleriň taryhyndan; Türkmen arhiwi, 2003-2004-2005, s.198-203.

derejesine, netijesine we ähmiýetine düýbünden täze talaplary goýýar. Ol çap edilen arhiw resminamalaryna-da degişlidir. Şol bir wagtda-da Garaşsyz Türkmenistanyň Arheografiýa ylmynyň özbaşdak monografiýa, ylmy barlagyň obýekti bolmagynda galýandygyny nygtamak gerek.

## Y bap. Garaşsyz Türkmenistanda döwlet arhiwleriniň Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryny toplamagynyň çeşmeleri

### §1. Garaşsyzlyk Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň üstüni ýetirmäge çeşmeler

Türkmenistanyň döwlet arhiwleri Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň üstüni ýetirmek çeşmelerini giňeltmek we Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryny toplamak boýunça köptaraply, çuň mazmunly işleri alyp barýarlar. “Türkmenistanyň arhiwler we arhiw işi hakyndaky” Türkmenistanyň Kanuny arhiwleriň resminama toplaýyş çeşmelerini

takyk belleýär. Kanunda “Alyp barýan işiniň dowamynda Milli arhiw gaznasynyň resminamalary emele gelýän döwlet, häkimiýet we dolandyryş, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralary, edara görnüşindäki we şahsy taraplar döwlet arhiwlerine toplamaga çeşme bolup durýarlar”-diýip kesgitlenýär.

Döwlete dahylsyz kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we şahsy adamlaryň döwlet arhiwlerine toplamagyň çeşmeleriniň sanawlaryna girizilmegi şertnamalar esasynda amala aşyrylýar.

TMAG-yň resminama toplamaga çeşmeleri diýip – döwlet arhiwleriniň hemişelik saklamaga resminamalary kabul edýän edaralarynyň, guramalarynyň, kärhanalarynyň sanawyna aýdylýar. Häzirki wagtda TMAG-yň resminamalarynyň toplanylýan 2200

ýakyn edara, gurama, kärhana, döwlet arhiwleriniň birinji sanawynda durýar. Döwlet arhiwleriniň resminama toplamaga çeşmeleriniň sanawy Türkmenistanyň Baş arhiwiniň Merkezi seljeriş barlag topary bilen ylalaşylyp 5 ýylda bir gezek düzülýär. Döwlet arhiwleriniň birinji sanawy elmydama üsti ýetirilip durlan sanawdyr.

Täze döredilen, üýtgedilip guralan edaralary döwlet arhiwleriniň birinji sanawyna goşmaga döwlet arhiwiniň haky bardyr.

Döwlet arhiwleri üçin resminamalary toplamaga çeşmeleri anyklamak üçin usuly gollanma 2002 ý. taýýarlanyldy. Ol Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň toplamak çeşmelerini kesgitlemek boýunça usuly maslahatlary Türkmenistanyň döwlet arhiwlerine resminamalar toplamaga çeşme bolup durýan hem-de çeşme bolup durmaýan edaralaryň, guramalaryň we kärhanalaryň görnüşleriniň mysaly sanawydyr.

Sanaw Garaşsyz Türkmenistanyň edaralarynyň guramalarynyň we kärhanalarynyň 2001ý. sentýabr aýynyň başyndaky ýagdaýyna esaslanyp düzüldi. Sanaw düzülende aşakdaky ýagdaýlar göz öňüne tutuldy:

1. Pudak ulgamynyň düzümini hem-de onuň guramaçylyk esaslary öwrenildi;

2. Guramalaryň düzümi hem-de olaryň resminamalary seljerildi;

3. Döwlet arhiwleriniň çeşmelerine degişli edilen guramalardan resminamalary kabul edip almagyň usullary bellenildi.

Sanaw 18 bölümden durýar:

1. Döwlet häkimýeti we döwlet dolandyryş edaralary;
2. Meýilnamalaşdyryş we satastistika hasabaty edaralary;
3. Senagat edaralary;
4. Oba hojalyk, tokaý hojalygy, suw hojalyk edaralary;
5. Gurluşyk we arhitektura edaralary;
6. Transport edaralary;

7. Aragatnaşyk, radiýo, telewideniýe edaralary;
8. Söwda edaralary;
9. Üpjünçilik, taýýarlaýyş, ýerleşdiriş edaralary;
10. Maliýe, karz beriş, döwlet ätiýäçlendiriş edaralary;
11. Durmuş-kommunal hojalygy edaralary;
12. Bilim, hünärmenleri taýýarlaýyş edaralary;
13. Ylmy edaralar;
14. Medeniýet, sungat, neşir ediş, arhiw edaralary;
15. Saglygy goraýyş, betenterbiýe, spot, syýahatçylyk, durmuş üpjünçilik edaralary;
16. Adalat, kazyýet, prokuratura edaralary;
17. Jemgyýetçilik edaralary;
18. Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk edaralar.

Bu bölümlerde görkezilen edaralar, guramalar, kärhanalar öz içine ýurdumyzdaky ähli edara, gurama, kärhanalaryň görnüşlerini öz içine alýardy. Sanaw düzülenden soň Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň ählisi bu usuly gollanma bilen üpjün edildi. Döwlet arhiwleri gollanmany peýdalanyp özüne resminama toplamaga çeşme bolup durýan edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň sanawlaryny 2003-nji ýylda düzdüler we ony Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň Merkezi seljeriş barlag topary bilen ylalaşdylar.

### § 2. Resminamalary toplamaga çeşmeler

Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň toplanmagy diýip – döwlet arhiwleriniň resminamalarynyň üstüniň arhiwleriň ugurlary boýunça seljermeden geçen täze TMAG-nyň düzümine girýän resminamalar bilen ýetirilip durulmagyna aýdylýar. Arhiw resminamalaryny toplamak birnäçe özara baglanyşykly işlerden durýar:

1. Arhiwiň resminama çeşmelerini anyklamak;
2. Resminamalary arhiw ulgamy boýunça bölüşdirmek;
3. Resminamalary we işleri saklamaga taýýarlamak we

olary aýawhanalara tabşyrmak.

Türkmenistanyň döwlet arhiwiniň resminamalarynyň üstüniň ýetirilmegi “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky” Türkmenistanyn Kanunyna, Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň görkezmelerine, şeýle-de döwlet arhiwleriniň 2020 ýyla çenli maksatnamalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär.

Edaranyň pudaklaýyn arhiwleriniň resminamalarynyň üsti hem yzygiderli ýetirilip durulýar. Pudaklaýyn arhiwlere resminamalar her ýyl kabul edilýär. Edaranyň bölümlerinde iş dolandyryşda resminamalar bilen işlemek tamamlanylandan soň, bütin bir ýyl saklanylýar, ikilenji ýyly, işler tertipleşdiriýär we ýazgylary düzülip, şol ýazgylar esasynda pudaklaýyn arhiwlere delilnama düzülip tabşyrylýar.

Edaralaryň pudaklaýyn arhiwlerde TMAG-nyň resminamalaryndan düzülen işler wagtlaýyn saklanylýar.

Türkmenistanyň arhiw işine degişli kanunçylyk we kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda Türkmenistanyň ýokary häkimiýet we dolandyryş edaralary, pudaklaryň merkezi dolandyryş edaralary özleriniň pudaklaýyn arhiwlerinde Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümine girýän resminamalary 15 ýyl, welaýat häkimiýet we olaryň dolandyryş edaralarynda, kärhanalarynda, guramalarynda 10 ýyl, etrap häkimiýet we onuň dolandyryş edaralarynda, kärhanalarda, guramalarda şeýle-de ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda we olara garaşly edaralarda, guramalarda, kärhanalarda 5 ýyl saklanylmaga degişlidir. Şol möhlet gutarandan soň, TMAG-nyň resminamalary döwlet arhiwlerinde hemişelik saklanylmak üçin tabşyrylýar, şahsy düzümiň resminamalary tertipleşdirilip 75 ýyl saklamak üçin pudaklaýyn arhiwlerde saklanylýar, saklanylmaly möhleti dolan resminamalar bolsa, delilnama düzülip ýok etmäge bölünip aýrylýar.

Pudaklaýyn arhiwleriň resminamalar bilen dogry toplanylmagy, dolandyryşyň resminama üpjünçiligini

gowulandyrýar we hemişelik saklanylmaly we şahsy düzümiň wagtlaýyn saklanylmaly resminamalaryň saklanylyşyny ýeňilleşdirýär.

Döwlet arhiwlerine resminama toplamak çylşyrymly işdir. Ilki bilen döwlet arhiwine resminama toplanylýan çeşmeleri anyklanylýar. Resminamalar toplanylanda ýitirilen resminamalaryň üsti olaryň nusgalary bilen doldurylýar, tapylmaýan resminamalaryň gözlegleri edilýär. Döwlet arhiwleriniň resminamalarynyň üstüniň ýetirmek işine pudaklaýyn arhiwleriň resminamalary döwlet arhiwlerine tabşyrmak işi hem girýär. Döwlet arhiwleriniň resminamalaryny toplamak işiniň esasy wezipesi arhiwiň iş ugruna degişli resminamalaryň arhiwe doly toplanylmagyny gazanmak bolup durýar.

Edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň resminamalarynyň döwlet arhiwlerine toplanyşynyň üç görnüşi bardyr:

1. Edaranyň hemişelik saklanylýan resminamalarynyň ählisi döwlet arhiwlerine hemişelek saklamak üçin kabul edilýär;
2. Birmeňzeş edaralaryň içinden diňe birisiniň ýa-da birnäçesiniň hemişelik saklanylmaly resminamalary hemişelik saklamak üçin döwlet arhiwlerine kabul edilýär.
3. Birmeňzeş edaralaryň resminamalarynyň biri, ýada birnäçesi hemişelik saklamak üçin döwlet arhiwlerine kabul edilýär.

Birinji görnüşli edaralara döwlet arhiwi üçin uly ähmiýeti bolan edaralar mysal bolup biler. Ikinji görnüşli edaralara welaýat döwlet arhiwleri üçin daýhan hojalyklary bolup biler. Üçünji görnüşli edaralara etraplaryň mekdepleri mysal bolup biler, sebäbi olaryň esasy maglumatlary ýokary edaralarynda-etrap bilim bölümleriniň resminamalarynda öz beýanyny tapýar. Şonuň üçin hem mekdepleriň okuw işleri baradaky maglumatlary

saklaýan okuw işleri baradaky toparyň maslahatlarynyň ýygnaknamasyny hemişelik saklamak üçin döwlet arhiwlerine kabul edip almak ýeterlikdir.

Şeýlelikde, Garaşsyz Türkmenistanda arhiw resminamalaryny toplamak işiniň guralyşynyň köp taraply tejribesi bu işiň täze taryhy şertlerde özboluşly ugurlaryny ýüze çykardy. Ol Türkmenistanyň döwlet garaşsyzlygyny almagy bilen milli bähbitlerden ugur alyp arhiwleriň resminama toplamak üçin çeşmelerini türkmen arhiwçileriniň özleriniň anyklamagyna müňkinçilik döretdi.

## § 3. Garaşsyz Türkmenistanda şahsy gelip çykyşly resminamalar

Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň üsti diňe bir döwlet edaralarynyň, guramalarynyň, kärhanalaryň resminamalary bilen ýetirilmän, eýsem şahsy gelip çykyşly resminamalar bilen hem ýetirilýär.

Garaşsyz Türkmenistanyň kanunçylygynda raýatlaryň şahsy arhiwleri döretmäge we saklamaga resmi hukugy bar. 1993-nji ýylyň 12-nji aprelinde kabul edilen “Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunynda[93] 15-nji, 16-njy, 17-nji , 18-nji maddalar raýatlaryň şahsy arhiwleriniň hukuk esaslaryna bagyşlanypdyr. Kanunda “arhiw resminamalary Türkmenistanyň raýat kodeksinde göz öňünde tutulan umumy esaslara laýyklykda raýatlaryň eýeçiliginde durup biler”[94] diýilýär. Şu ýerden görnüşi ýaly Şahsy arhiwleriň resminamalarynyň eldegrilmesizdigi kanun tarapyndan kepillendirilýär. Raýatlaryň şahsy arhiwleriniň resminamalary diňe Türkmenistanyň kanunçylygynyň düzgünleri bozulan ýagdaýynda döwlet eýeçiligine kabul edilip

[93] Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakynda Türkmenistanyň Kanuny // Türkmen arhiwi 1993, № 1, s.7-13.
[94] Şol ýerde, t.k.10.

bilner. “Graždanlaryň şahsy arhiwine onuň razyçylygy bolmasa, oňa el urmak, şeýle hem arhiw resminamalaryndan peýdalanmak, olary ýaňadan bolşy ýaly şekillendirmek, onuň nusgalaryny taýýarlamak we şolardan göçürme etmek gadagandyr”[95].

Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllarynda uly ösüşlere eýe boldy, Täze taryhy şertlerde arhiw işiniň kanunçylyk binýady döwriň talaplaryny ödeýän kämilleşdirilen kanunlary talap etdi. Şonuň üçin hem 2003-nji ýylyň 30-njy hoýabrynda “Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakyndaky”[96] täze Kanuny kabul edildi. Kanunyň 13-nji maddasy tutuşlygyna raýatlaryň şahsy arhiwlerine bagyşlanypdyr. “Raýatlar şahsy arhiwleri döretmek hukugyna eýedirler. Döwlet raýatlaryň şahsy arhiwleriniň eldegrilmesizligini kepillendirýär”[97]. Garaşsyzlyk ýyllarynda arhiw işi hakynda iki kanun kabul edildi we olaryň ikisindede şahsy arhiwleriň resminamalarynyň goragyny üpjün etmekligiň hukuklary kepillendirilýär.

“Türkmen arhiwi” žurnalynyň 1993-nji ýylda çykan 1-nji sanynda-(ol žurnalynyň ilkinji sanydyr). Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygynyň şol wagtlardaky orunbasary B.M. Goýunlyýew “Şahsy dokumentler gürrüň berýär”[98] atly habary we “Berdi Kerbabaew Mollamurty ýatlap”, “Ýakup Nasyrly Şaly Kekilow barada” atly resminamalary çap edipdir, Habarda “1959-njy ýyldan bäri respublikamyzyň medeniýetinde, edebiýatynda, sungatynda yz galdyran ýazyjylaryň, dramaturglardyr kompozitorlaryň, hudožniklerdir artistleriň, alymlaryň we beýleki döredijilik birleşmeleriň wekilleriniň gündelik

---

[95] Şol ýerde.

[96] Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda” Türkmenistanyň Kanuny 30.11.2003 // Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, s.7-31.

[97] Şol ýerde, s.11.

[98] M.Goýunlyýew. Şahsy dokumentler gürrüň berýär // Türkmen arhiwi 1993, № 1, s.77.

döredijilik, syýasy-jemgyýetçilik işleri bilen baglanyşykly dokumentleriň uly we bahasyna ýetip bolmajak toplumy-toplanyldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwine 12 müňden gowrak delony-işi özünde jemleýän 150 şahsy fondlary-kolleksiýalary saklanylýar”[99] diýip buýsanç bilen bellenilýär. Arhiwe saklamaga alnan resminamalary golýazmalar, nutuklar, gündelikler, eskizler, suratlar, notalar, alşylan hatlar düzýär diýip awtor belleýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygy, taryh ylymlarynyň kandidaty M.Mollaýewanyň “Türkmen arhiwi-tükeniksiz hazyna”[100] makalasynda “Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň dokumental hazynasynyň altyn fondunda işleriň, takmynan 15 müňüsiniň möçberinde şahsy fondlarynyň jemi 150-ä golaýy jemlenendir”[101] diýilýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň we Türkmernistyanyň Merkezi döwlet arhiwiniň hasaba alyş resminamalary boýunça 2008-nji ýylyň noşabr aýynda Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwleriniň aýawhanalarynda 200-e golaý gaznada 16 müňe golaý şahsy gelip çykyşly işler saklanylýar diýilýär. Bu şahsy gelip çykyşly resminamalaryň yzygiderli artýandygyna şaýatlyk edýär. Bu resminamalardan aýratynlykda Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň ýatlamalarynyň we olara degişli resminamalardan düzülen arhiw resminama toplumlarynda 250 ýakyn iş saklanylýar.

Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi 1992-nji ýylda ýazyjy G.Seýitmedowyň şahsy arhiwiniň resminamalaryndan düzülen 31 işi, Oktýabr rewolýusiýasyndan öňki magaryfçy Tatýana Mihaýlowna Tekinskaýanyň resminamalaryndan

---

[99] Şol ýerde, s.77.
[100] M.Mollaýewa. Türkmen arhiwi-tükeniksiz hazyna // Türkmen arhiwi 1993, № 1, s.28
[101] Şol ýerde.

düzülen 6 işi, şahyr, terjimeçi G.H.Weselkowyň resminamalaryndan düzülen 65 işi, Türkmenistanyň ylymlar akademiýasynyň akademigi, taryh ylymlarynyň doktory B.Pälwanowanyň resminamalaryndan düzülen 14 işi, çagalar ýazyjysy, Türkmenistanyň Halk ýazyjysy K.Taňrygulyýewiň resminamalaryndan düzülen 31 işi, dramaturyg M.Gurbangylyjowyň resminamalaryndan düzülen 59 işi[102] we başgalaryň şahsy resminamalary arhiw kadalaryna laýyklykda tertipleşdirilip, ýazgylary düzülip, döwlet saklawyna ýyl boýunça jemi 211 şahsy gelip çykyşly işler höküminde döwlet saklawyna hemişelik saklamak üçin kabul edildi.

Şahsy gelip çykyşly resminamalaryň döwlet arhiwlerine toplanylyşynyň bir görnüşi ol hem resminamalaryň eýesinden we mirasdüşerlerinden satyn alynmagydyr. Resminamalary satyn almak üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň Resminamalaryň bahalaryny kesgitlemek boýunça ýörite topary işleýär. 1992-nji ýylda şol topara Baş arhiw müdirliginiň başlygynyň şol döwürdäki orunbasary, taryh ylymlarynyň kandidaty B.M.Goýunlyýew ýolbaşçylyk edýärdi. Toparyň agzalary bolsa Baş arhiw müdirliginiň, Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň we Türkmenistanyň Kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwiniň ýokary hünärli işgärlerinden durýardy. 1992-nji ýylda şol toparyň jemi 6 maslahaty geçirilipdir[103].

Resminamalary satyn almak boýunça toparyň 1992-nji ýylyň 9-njy oktýabrynda bolan maslahatynda Ata Atajanowyň 2000-den gowrak resminamalaryny 2500 manada, edebiýat tankytçysy Kakabaý Baýrammyradowyň resminamalaryny bolsa 2000 nanada[104] satyn alnypdyr. Ata Atajanowyň döwlet

[102] Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi. Gazna, 130, ýazgy, 1, iş 10, tagta kagyz 9.
[103] Şol ýerde, g. 11, ý.1, iş.5, t.k. 1-39.
[104] TMDA, g.11, ý.!, iş 5, t.k.16-19.

arhiwine satyn alnan resminamalarynyň içinde “Ýagdaýyň niçik, Ýaran”, “Çakmak”, “Öz tanyşlaryň” romanlarynyň golýazmalary, “Guşgy galasy”, “Tatýana Tekinskaýa” eserleri üçin taýýarlan arhiw resminamalarynyň göçürmeleri, wakalary gözi bilen gören adamlar bilen edilen söhbetdeşlikleriň ýazgylary, ýaşulularyň gürrüňleriniň ýazgylary, eserleriniň gahrymanlarynyň garyndaşlary bilen alşylan hatlar, ýazyjynyň kitaplaryna çekilen suratlar bar. Şol maslahatda dramaturg Guseýin Muhtarowyň şahsy resminamalary Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwine 2500 manada satyn alynýar[105].

Şahsy gelip çykyşly resminamalary döwlet saklawyna kabul edip almak diňe Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň işi däldir. Ony öz iş ugurlary boýunça Türkmenistanyň Kinofotofonoresminamalarynyň Merkesi döwlet arhiwi, Türkmenistanyň syýasy resminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwi, ýurdumyzyň welaýat döwlet arhiwleri, şeýle-de Türkmenistanyň Atamyrat şäherindäki döwlet arhiwi hem kabul edýär.

Mysal üçin, Lebap welaýat döwlet arhiwiniň 1991-nji ýylda kabul eden şahsy gelip çykyşly resminamalarynyň düzümi bilen tanyş bolalyň. Welaýat döwlet arhiwi 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň we internasional esgerleriň-Owgan urşuna gatnaşan esgerleriň şahsy resminamalaryny kabul edýär. Garaşsyz Türkmenistanda arhiw resminamalary aşakdaky düzümde we mukdarda kabul edilipdir:

1. Esgerleriň foto suratlary-4 resminama;
2. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň terjimehaly-1 resminama;
3. Sylag şahadatnamasy-2 resminama;
4. Buýrugyň we dil hatynyň foto nusgasy we kseriýa nusgasy-3 resminama;
5. Zähmet ýoly barada güwähaty-1 resminama;

[105] Şol ýerde, t.k.35-38.

6. Dwiziýanyň söweş ýolunyň kartasy-1 resminama;
7. Söweş ýolunyň ýazgysy-1 resminama;
8. Harby adyň berlendigi baradaky buýrukdan göçürme-1 resminama;
9. Ýadygärligiň gurulandygy baradaky gazet bölegi-1 resminama;
10. Mandatyň nusgasy-2 resminama;
11. Kurýer tagta kagyzynyň nusgasy-1 resminama;
12. Diplomatik kurýeriň şahadatnamasynyň nusgasy-2 resminama;
13. Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň ýatlamalary-6 resminama;
14. Wepat bolandygy hakyndaky hat-1 resminama.

Şeýlelikde, 22 resminamadan hemişelik saklamak üçin 5 iş döredilipdir[106].

2005-nji ýylda Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň şahsy gelip çykyşly resminamalarynyň üsti ykdysadyýetçi N.Halowyň, N.Babaýewiň, ykdysady ylymlaryň kandidaty O.Ýazymowyň şahsy resminamalarynyň hasabyna ýene-de 1549 resminama bilen artyryldy[107].

Garaşsyz Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi diňe bir resminamalary arhiwe kabul etmek bilen çäklenmän şahsy gelip çykyşly resminamalary agtarmak, tapmak we onyň eýeleri ýa-da mirasdüşerleri bilen ol resminamalary döwlet arhiwine kabul edip almak boýunça-da işleri geçirýärler. 2005-nji ýylda arhiwiň işgärleri şahsy gelip çykyşly resminamalaryň üstüni doly bahaly resminamalar bilen ýetirmek maksady bilen Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, taryh ylymlarynyň doktory M.Annanepesow, ykdysady ylymlaryň doktary N.Halow, ykdysady ylymlaryň kandidaty N.B.Babaýew, şahyr K.Nurbatowyň, režissýor B.Seýidowyň[108]

---

[106] Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi, gazna 130, ý. 3, iş 475, s.81-82.
[107] TMDA, g. 11, ý. 1, iş.    , t.k.32
[108] Şol ýerde.

we başga-da birnäçe şahsy gelip çykyşly resminamalary saklaýjylar bilen resminamalary döwlet saklawyna tabşyrmak barada işler geçirdiler.

Ýurdumyzyň döwlet arhiwleri şahsy gelip çykyşly resminamalaryň diňe bir kagyz esasda düzülenlerini döwlet saklawyna kabul etmän, eýsem resminamalaryň beýleki maglumat göterijilerde düzülenlerini hem döwlet arhiwlerine hemişelik saklamak üçin kabul edilýär.

2005-nji ýylda şahsy gelip çykyşly foto we wideo ýazgy edilen resminamalaryň tutuş bir toplumy Türkmenistanyň Kinofotofonoresminamalarynyň Merkezi döwlet arhiwine kabul edildi. Ol resminamalar, esasan, Beýik Watançylyk urşyna gatnaşan adamlaryň şahsy resminamalary bolup durýarlar. Sowet Soýuzynyň Gahrymanlary Pena Rejebowyň we Gurban Durdynyň, general-maýor A.A. Ataýewiň, O. Nepesowyň, S.Begliýewiň, M. Nurýagdyýewiň we başgalaryň şahsy arhiwleriniň resminamalarydy. Şeýle-de, Türkmenistanyň tanymal adamlarynyň: dokmaçy SSSR-iň Sosialistik Zähmetiniň Gahrymany E.Öwezowanyň, SSSR-iň Sosalistik Zähmetiniň Gahrymany, SSSR-iň Halk artisti W.Muhadowyň, SSSR-iň Halk artisti, TSSR-iň hem halk artisti, 2008-nji ýyldan Türkmenistanyň Gahrymany Maýa Kulyýewanyň TSSR-iň Halk artisti G.Alyjanowanyň we başgalaryň şahsy arhiwlerinden toplanylan 2000 saklaw birligi bolan fotoresminamalar we 18 wideoýazgylar kabul edildi[109].

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygynyň şol wagtdaky orunbasary B.M.Goýunlyýewiň "Türkmenistanda arhiw işi"[110] makalasynda şahsy gelip çykyşly resminamalaryň 1922-nji ýyldan bäri ýygnalyp başlanandygy barada ýazýlýar. "1922-nji

---

[109] TMDA, g.11.ý.1 iş , t.k.32

[110] B.Goýunlyýew. Türkmenistanda arhiw işi // Türkmen arhiwi 1994 № 1, s.22-28.

ýylda Aşgabatda RK(b)P-niň Türkmen oblast komitetiniň ýanynda Partiýanyň taryhy boýunça oblast býurosy döredilýär. Ol oblast arhiwi ýaly,(syýasy äheňden ugur alyp) Türkmenistanda rewolýusion herekete aktiw gatnaşanlaryň dokumentlerini, ýatlamalaryny we fotosuratlaryny toplamaga girişýär”[111] Şol resminamalardan arhiw resminamalarynyň toplumlary düzülýär.

Makalada “Belli ýazyjylaryň, şahyrlaryň, ylmy, sungat, medbugat işgärleriniň şahsy fondlary türkmen halkynyň ruhy medeniýetini öwrenmek boýunça baý maglumatlary özlerinde jemleýär. Ýazyjy B.M.Kerbabaýewiň, akademik-neýrohirurg, hindi eposy “Mahabharatany” terjime eden we oňa düşündiriş ýazan B.M.Smirnowyň, dramaturg, kinorejisser A.Garlyýewiň, aktýor A.Gulmammedowyň, belli alym-geobotanik W.N.Minerwiniň we beýlekileriň şahsy fondlary şeýle fondlardyr”[112] diýilýär.

Şahsy gelip çykyşly resminamalar barada aýdylanda Türkmen saz sungatyny öwreniji W.A.Uspenskiniň türkmen topragyna gelip türkmen sazyny ýakyndan öwrenip, türkmen sazy barada düzen resminamalaryny ýatlamak gerek. Saz öwrenijiniň düzen resminamalary häzirki wagtda Özbegistanyň Hamza adyndaky ylmy-barlag institutynda saklanylýar[113].

“Uruş ýyllarynyň hasratly hatlary”[114] ady bilen J.G.Berdiýewa we A.Hümmedowanyň habary Türkmen arhiwi žurnalynyň 1993-nji ýyldaky sanynda çap edilipdir. Habar bilen birlikde “1943-nji ýylyň 23 ýanwarynda Durdy Haldurdynyň şahyr Pomma Nurberdiýewe ýazan haty” hem-de “Baky Berdiýeç Kerbabaýewiň frontdan garyndaşlaryna iberen

---

[111] Şol ýerde, s.23.
[112] Şol ýerde,s.26.
[113] A.Ylýasow. Hamza adyndaky institutda saklanylýar // Türkmen arhiwi 1994, № 1, s.73-84.
[114] J.G.Berdiýewa, A.Hummedowa. Uruş ýyllarynyň hasratly hatlary // Türkmen arhiw 1993, №1, s.80-83.

hatlaryndan setirler”, “1943 ýylyň 23 iýunynda Gurbanow Ýurigiň Nurberdä frondan iberen hatlary” çap edilipdir. Ol hatlar taryhy öwrenijilere uly maglumat çeşmesi bolup durýar. Frontdan iberilen hatlary Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi 1943-nji ýyldan bäri hemişelik saklamaga kabul edýär. Ol hatlaryň mukdary 10 müň çemesidir, olaryň arasynda söweş häsýetnamalary, minnatdarlyk hatlary, komandowaniýäniň minnetdarlyklary, ýatlamalar, front gazetleri, Sowet Soýuzynyň Gahrymanlary baradaky maglumatlar, Türkmenistanyň zähmetkeşleriniň fronta eden kömegi barada resminamalar bar[115].

Diňe 1987-1991-nji ýyllarda urşa gatnaşanlaryň 3645-si bilen sowalnama doldurulypdy, 230 urşa gatnaşanlardan 1448 resminama[116] kabul edilipdir. Urşa gatnaşanlaryň şahsy gelip çykyşly resminamalaryndan arhiw resminama toplumlary düzülip döwlet arhiwinde saklanylýar.

Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwiniň Ýörite gaznalar bölüminiň müdiri J.G.Berdiýewanyň “Türkmenistanyň arhiw edaralarynda şahsy gelip çykyşly dokumentleri işlemegi guramak boýunça wezipeler”[117] atly makalasy şahsy gaznalaryň resminamalaryna bagyşlanypdyr. J.G.Berdiýewa şahsy gelip çykyşly resminamalar bilen köp ýyllardan bäri işläp gelýän işgär. Ol 1996-njy ýylda çykan makalasynda “Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde umumy möçberi 12651 işden ybarat 164 sany şahsy gazna jemlenen”[118] diýip belleýär. Awtor makalasynda şahsy gelip çykyşly resminamalaryň arhiwe kabul edilip başlanylmagyny arhiwde 1959-njy ýylda Edebiýat we sungat bölüminiň açylmagy bilen baglanyşdyrýar. Ilkinji

[115] Şol ýerde, s.80.
[116] Şol ýerde.
[117] BerdiýewaJ.G.Türkmenistanyň arhiw edaralarynda şahsy gelip çykyşly dokumentleri işlemegi guramak boýunça wezipeler; Türkmen arhiwi 1996, № 1-2, s.170-172.
[118]Şol ýerde, s.171.

ýyllarda arhiwe ýazyjylaryň, şahyrlaryň, artistleriň resminamalary ýygnalyp başlanan bolsa, soňky ýyllarda “döwlet hem jemgyýetçilik işgärleriniň, ylmyň we tehnikanyň wekilleriniň, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşanlaryň, Owganystanda bolan esgerleriň we başgalaryň şahsy resminamalary toplanylyp başlandy”[119]. Türkmenistanyň ýolbaşçylary H.Babaýewiň, Ş.Batyrowyň, B.Öwezowyň, görnükli ýazyjylar B.Kerbabaýewiň, H.Çaryýewiň, H.Derýaýewiň, B.Seýtäkowyň, T.Esenowanyň, A.Atajanowyň B.Hudaýnazarowyň, K.Taňrygulyýewiň, R.Esenowyň we başgalaryň, milli sahna ussatlary A.Gulmämedowyň, B.Amanowyň, A.Garlyýewiň, M.Kirillowyň, M.Çerkezowyň, hudožnikleriň B.Nuralynyň, S.Beglekowyň, P.Popowyň, saz ussatlary G.M.Arakelýanyň, D.Nuryewiň, W.Muhadowyň, belli alymlar M.D.Annagurdowyň, S.Karanowyň, B.Pälwanowanyň, Ş.Täşliýewiň we beýlekileriň şahsy gaznalary saklanylýar[120].

“Şahsy gelip çykyşly dokumentleri toplamak we peýdalanmak hakynda”[121] habarda Lebap welaýatynyň döwlet arhiwinde Raýatlyk urşuna we Beýik Watançylyk uruşlaryna gatnaşanlaryň ýatlamalary, fotosuratlary, frontdan ugradylan hatlar, sylag şahadatnamalarynyň nusgalarynyň döwlet arhiwine hemişelik saklamak üçin kabul edilendigi barada ýazylypdyr. Ol resminamalaryň eýeleriniň arasynda F.F.Hroni, N.A.Şaýdakow, M.Keriminiň we başgalaryň bardygy bellenilýär.

Lebap welaýat döwlet arhiwine Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllaryndaTürkmenistanyň Halk artisti R.Hudaýbergenowanyň, Türkmenistanyň Halk hudožnigi O.Eminowyň, Türkmenistanyň Sungatda at gazanan işgäri B.Berdiýewiň şahsy arhiwinden alnan terjimehallaryň,

---

[119] Şol ýerde, s.171-171.

[120] Şol ýerde, s.171.

[121] Şahsy gelip çykyşly dokumentleri toplamak we peýdalanmak hakynda; Türkmen arhiwi 1997 № 1-2, s.189.

eskizleriň, sylag şahadatnamalarynyň, teatr we kino afişalarynyň, romanyň golýazmasynyň, fotosuratlaryň jemi 100 resminama[122] hemişelik saklamak üçin kabul edilipdir.

O.Poladowa "Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi 70 ýaşynda"[123] atly makalasynda Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwinde 12651 iş öz içine alýan 164 sany meşhur adamlaryň işi jemlenildi"[124] diýip belleýär.

O.Temirowyň "Şahsy arhiw döwlet arhiwine tabşyryldy"[125] habarynda Atamyrat şäheriniň ýaşaýan Şirli Hudaýnazarowyň şahsy arhiwiniň Türkmenistanyň Atamyrat şäherindäki döwlet arhiwine tabşyrylandygy habar berilýär. "Halk nakyllarynyň, pähimleriniň, atalar sözleriniň bäş müňden gowragy, hekaýatlaryň, rowatlaryň 30-dan gowragyny jemlän we taryhy makalalaryň 150-ä golaýyny ýazan adamynyň golýazmalarynyň döwlet arhiwine tabşyrylandygy habar berilýär[126].

B.M.Goýunlyýewiň "Türkmenistanda arhiw işiniň ösüşi (1925-1938 ýý.)"[127] makalasynda Oktýabr rewolýusyna we raýatlyk urşuna gatnaşanlaryň 1000-den gowrak ýatlamalarynyň döwlet we partiýa arhiwlerine ýygnalandygyny ýazýar[128].

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň başlygy, taryh ylymlarynyň kandidaty Mollaýewa M.M. "Beýik Serdar we

---

[122] Şol ýerde.
[123] O.Poladowa. Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi 70 ýaşynda; Türkmen arhiwi 1999 № 1-2. s. 54-59.
[124] Şol ýerde, s. 56.
[125] O.Temirow. Şahsy arhiw döwlet arhiwine tabşyryldy; Türkmen arhiwi 1999 № 1-2, s.160.
[126] Şol ýerde.
[127] B.M.Goýunlyýew. Türkmenistanda arhiw işiniň ösüşi (1925-1938 ýý) ; Türkmen arhiwi 2000-2001-2002, s.51-59.
[128] Şol ýerde, s.59; Головкин А.В. Развитие археографии в Туркменистане (1917-1976 гг), Ашхабад,1977, сё7ё

türkmeniň Altyn asyrynda arhiw işi”[129] makalasynda 14,7 müň[130] iş şahsy adamlara degişli işler diýip ýazýar.

B.M.Goýunlyýewiň “Türkmenistanyň arhiwleri 1939-1959-njy ýyllarda”[131] makalasynda 1959-njy ýylda ilkinjileriň hatarynda TSSR-iň Merkezi döwlet arhiwine SSSR-iň Halk artisti, dramaturg we aktýor B.Amanowyň ( 8 resminama), edebiýaty öwreniji, şahyr we terjimeçi G.N.Weselkowyň (163 resminama), žurnalist, şahyr W.P. Permekowyň (454 resminama), žiwopisçi, grafikaçy Ý.P.Daneşwaryň (15 resminama), hudožnik S.N.Beglerowyň (323 resminama) we başgalaryň-jemi 1217 resminamasy hemişelik saklamak üçin döwlet arhiwine kabul edildi[132] diýip bellenilýär.

Şeýlelekde, şahsy gelip çykyşly resminamalar eziz Watanmyzyň şöhratly taryhyny, türkmen halkynyň görnükli wekilleriniň zähmet we şöweş edermenliklerini dogry we doly beýan edýän resminamadyr. Olar türkmen halkynyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklarydyr. Şahsy gelip çykyşly resminamalary agtarmak, tapmak, toplamak, döwlet saklawyna tabşyrmak her bir arhiwçiniň mukaddes borjudyr.

## YI bap. Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň hasabyny ýöretmek

### § 1 . Resminamalaryň hasabyny ýöretmek barada düşünje.

#### Hasaba alyş resminamalarynyň ulgamy

Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň

[129] Mollaýewa M.M. Beýik Serdar we türkmeniň Altyn asyrynda arhiw işi”; Türkmen arhiwi 2000-2001-2003, s.61-76.
[130] Şol ýerde.
[131] B.M.Goýunlyýew. Türkmenistanyň arhiwleri 1939-1959-njy ýyllarda; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005, s.181-197.
[132] Şol ýerde, s.194; TMDA, g.130, ý. 1, iş 548, t.k.20-21.

resminamalaryny hasaba alamak, olaryň aýawly saklanmagyny üpçün etmek mukaddes işdir. Ol arhiw kadalary boýunça resminamalar bilen geçirilmeli işleriň esasylarynyň biridir.

Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet arhiwlerinde resminamalary hasaba almak birnäçe wajyp wezipäni ýerine ýetirýär. Arhiw resminamalarynyň hasaba alynmagy diýip, olaryň mukdarynyň arhiwleriň hasaba alyş birliginde, arhiwleriň we arhiwiň dolandyryş edaralarynda hasap ýöredilýän resminamalarynda ýazgy geçirilmegine düşünilýär. Türkmeistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümine girýän ähli resminamalar olaryň mazmunyna, asyl nusgalygyna ýa-da däldigine, ýazgy edilişiniň usulyna, netijesine seretmezden hasaba alynmaga degişlidir.

Hasaba almak şeýle guralýar : Ilkinji resminamalaryň toplumy işi düzýär. Iş hasaba alyşda ölçeg birligidir. Ondan soňky hasaba alyş birligi gaznadyr, ondan soňkusy arhiwdir. Arhiwleriň hasabatlary Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligine gelýär we ol Türkmenistanyň Merkezi katalogynda hasaba alynýar.

Döwlet arhiwleriniň kabul eden resminmalary gaýragoýulmazdan hasaba almaga degişlidir. Hasaba almagyň düzgünleri Döwlet arhiwleriniň esasy iş düzgünlerinde doly beýan edilendir.

Hasaba gaznalar boýunça, birleşdirilen arhiw gaznalary boýunça, kolleksiýalaýyn (toplumlar) boýunça işler boýunça, ýazgylar boýunça hasaba alynýar.

Düzgünnamada her bir arhiwiň hasaba alyş resminamalary görkezilendir. Döwlet arhiwleriniň hasaba alyş resminamalary aşakdakylardan durýar:

1. Kabul ediş kitaby;
2. Gaznalaryň sanawy;
3. Gaznalaryň tagta kagyzy;
4. Ýazgylar;

5. Işleriň içki ýazgylary;

6. Işleriň jemleýji ýazgylary;

7. Resminmalaryň mikrofokopiýalarynyň kabul edilişini hasaba alýan kitap;

8. Arhiwiň pasporty;

9. Gaznanyň işi.

Baş arhiw müdirliginde Türkmenistanyň Merkezi gazna katalogy ýöredilýär we ähli gaznalaryň hasaby merkezi katalogda-da ýöredilýär. Şeýle-de arhiwiň alyp barýan işine baglylykda kömekçi hasaba alyş resminamalary ýöredilýär.

1. Ýazgylaryň sanawy;

2. Başga arhiwlere berlen gaznalaryň hasaby alynýan kitap;

3. Gaznalaryň gündelik düzüminiň we mukdarynyň üýtgeýşini hasaba alynýan kitap.

Hasaba alyş resminamalaryň esasy aýratynlygy olaryň bir-biriniň maglumatynyň üstüni ýetirýänligidir.

**Resminamalaryň kabul edilişini hasaba alýan kitap.** Bu resminama boýunça arhiwe kabul edilen resminamalar ilkinji gezek hasaba alynýar. Hasaba alyş kitaby boýunça resminamalaryň haçan, näwagt, kimden ýylma-ýyl kabul edilişini yzarlap bolýar, şeýle-de olaryň fiziki (durky) maglumat hem kitaba ýazylýar.

Arhiw resminamalarynyň her gezekki kabul edilişi yzygiderli ýazylýar. Resminamalar kabul edilýän kitapda diňe kabul edilişiniň tertip belgisi däl, eýsem her kabul edilişiniň maglumaty-da ýazylýar: haçan, kimden, haýsy resminamalaryň esasynda kabul edildi, edaranyň ady haýsy ýyllar, mukdary, resminamalaryň ýagdaýy, gaznanyň belgisi ýa-da haýsy belgi berildi (täze kabul edilenlere) we ş.m. Her bir kabul edilene özbaşyna tertip san belgisi goýulýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwleriniň gaznalaryň sanawy.- hasaba alyş resminamasy bolup, onda gaznalaryň atlary,

olaryň nomerleri (san belgileri) berilýär we san tertibinde goýulýar. Gaznanyň sanawy boýunça her bir kabul edilen resminamanyň gaznalary bellenilýär. Bir gezek berilen gaznanyň nomeri, eger-de şol gaznanyň resminamalary başga arhiwe berlip boş galsa, şol belgini başga gazna almak bolmaýar. Gaznanyň belgilerini çalyşmak bolmaýar. Eger-de kän gaznalar boş bolup täzeden belgilenişik geçiriljek bolsa, onda Baş arhiw müdirliginiň rugsady gerekdir. Taryhy we sowet, Garaşsyzlyk döwrüniň gaznalarynyň sanawy aýry saklanylýar we her döwrüň gaznalarynyň tertip belgisi birden başlanýar. Taryhy döwrüniň öňünden "I" harpy goýulýar, sowet döwrüniňkä "R"-goýulýar, Garaşsyzlyk döwrüniňkä "G"harpy goýulýar.

Eger-de gazna dolulygyna arhiwden giden bolsa, onda haýsy resminamanyň esasynda resminamalaryň berlendigini, onuň belgisi (nomeri), senesi görkezilmelidir.

**Gaznanyň tagta kagyzy**.-hasaba alyş resminamasy bolup, onda gaznanyň ady, sene çäkleri, gaznanyň resminamalarynyň düzümi, işleriň ýazgysy baradaky maglumatlary özünde saklaýar. Gaznanyň tagta kagyzy resminamalara ilkinji gezek kabul edilende, resminamalaryň kabul edilişiniň ýazgysy edilýän kitapdan, gaznalaryň sanawyndan soň doldurylýar. Ol ilkinji gazna baradaky maglumaty saklaýjy bolýar we oňa materilallaryň gysgaça mazmuny, düzümi barada maglumat ýazylýar.

Gaznanyň tagta kagyzy esasan üç bölümden durýar:

1. Materiallar baradaky umumy maglumat: gaznanyň ady, her bir adyň sene çäkleri, ilkinji kabul edilen senesi, gaznanyň san belgisi ýokary arhiw edarasyna ýazmaça ugradylan senesi, bellikler.

2. Ýazgy düzülmedik işleriň hasaby, her ýazgy edilen senesindäki işleriň mukdary,

3. Ýazgy edilen işleriň mukdary, ýazgy baradaky

maglumaty goşmak bilen onuň ady, senesi, işleriň mukdary, ýazgy edilen işleriň başga arhiwe berlendigi baradaky ýazgy, her ýazgydaky işleriň mukdary.

Gaznanyň tagta kagyzynda gaznanyň ýagdaýy we ýazgylaryň düzümi görkezilýär. Eger-de iki ýa-da üç döwrüň gaznasy öz başyna gaznaşdyrylýar. Ỳagny sowet döwri Garaşsyzlyk döwründen aýratyn gaznalaşdyrylýar. Ýazgylara nomer belgileri edilýär. Gaznanyň tagta kagyzy haçanda täzeden ulgamlaşdyrylanda, täzeden belgilenende, şeýle gaznanyň tagta kagyzy başga arhiwden kabul edilende, gaznanyň täze tagta kagyzy tutulanda, öňki köne tagta kagyz gaznanyň işinde saklanylýar.

Gaznanyň tagta kagyzlary gaznalaryň tertip belgisi boýunça ýerleşdirilýär.

**Has gymmatly işleri hasaba almak işi** döwlet arhiwiniň iş meýilnamasynda bar bolsa, onda arhiwiň aýawhana işgärleri ilkinji nobatda resminamalarynyň içinde has gymmatlylary bardyr öýdülýän gaznanyň resminamalarynda, her bir tagta kagyzyna seretmek arkaly resminamalary gözden geçirýärler. Ilkinji nobatda has gymmatly resminamalaryň saklanylýan işleri hasaba alynýar.

Ikinji geçirilýän iş has gymmatly resminamalary saklaýan işlere özbaşdak ýazgylar düzülýär.

Üçünji geçirilýän iş, has gymmatly resminamalaryň nusgalary taýýarlanylýar.

Dördünjiden, has gymmatly resminamalar ulanylmaga ele berilmeýär, ulanylmaga olaryň diňe nusgalary berilýär. Ol bolsa resminamalaryň asyl nusgalarynyň abat saklanylmagyna ýardam edýär.

Has gymmatly resminamalar saklanylýan işler arhiwiň aýrybaşga aýawhanasynda aýratynlykda saklanylýar.

Döwlet arhiwlerinde has gymmatly resminamalary gözlemek işi iş meýilnamasyna baglylykda her ýylda

geçirilip bilner ýa-da resminamalaryň öz ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy geçirlenilende ugurdaş iş hököminde bilelikde hem geçirilip bilner.

Has gymmatly işlere ýazgy düzülişi hemişelik saklanylmaly işlere düzülişi ýalydyr.

Aýratyn gymmatly resminama-bu Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzümindäki medeni-taryhy, ylmy gymmatlylygy bolan resminama bolup, şeýle hem jemgyýet we döwlet üçin aýratyn ähmiýeti bolan hem-de ýitirilen mahalaynda hukuk we ýa-da döredijiniň golýazmasy taýdan öwezini dolup bolmajak resminamadyr.

## § 2. Resminamalaryň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy

Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwlerinde işleriň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy, işleriň hakykatdan-da ýazgylar boýunça, tabşyryş ýazgysy boýunça ýa-da işleriň at ýazgysy boýunça işleriň ýerindeligini anyklamak we olaryň durkuny dikeltmek işini geçirmek gerek resminamalary ýüze çykarmak maksady bilen gecirilýär.

Resminamalaryň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy hemişelik saklanylýan işlere 5 ýylda bir gezek geçirilýär. Edaralar resminamalary döwlet arhiwine tabşyrjak bolanlarynda öňünden hökman resminamalaryň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy geçirilýär.

Şahsy düzümiň we wagtlaýyn (10 ýyldan köp) saklanylýan resminamalaryň ýerinde barlygy we ýagdaýynyň barlagy her 10 ýyldan bir gezek geçirilýär.

Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwlerinde işleriň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagynyň geçirilişiniň bäş görnüşi ulanylýar:

1.Ýörite meýilnama boýunça köptaraplaýyn barlag.

2.Belli bir gaznananyň ýa-da aýratyn alnan

aýawhananyň resminamalarynyň barlagy.

3.Başga işler geçirilende ugurdaş geçirilen barlag.

4.Geçen ýyldaky ulanylmaga berlen işler barlanylanda geçirilen işleriň ýerindediginiň we ýagdaýynyň barlagy.

5.Pudaklaýyn arhiwde işleriň barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy bir gezeklik barlagy aşakdaky ýagdaýda geçirilýär:

5.1. Işler başga bir jaýa geçirilýän ýagdaýynda;

5.2.Işleri başga jaýa geçrmäge sebäp bolan adatdan daşary ýagdaýyň ýüze çykan ýa-da aýawhanalara keseki adamlar aralaşan ýagdaýynda;

5.3.Arhiwiň müdiri ýa-da arhiw üçin jogapkär adam çalşan ýagdaýynda;

5.4.Gurama gaýtadan guralan ýa-da ýatyrylan ýagdaýynda;

Barlag geçirmezden ozal, guramanyň ýolbaşçysy buýruk bilen iş toparyny ýa-da geçirmek üçin jogapkärleri; geçirilmeli möhletleri, jemlemäni geçirmegiň tertibini buýruk belen belleýär. Işleriň barlagy geçirilende barlag kagyzy doldurylýar.Barlag kagyzynyň esasynda "Işleriň ýerinde barlygynyň we olaryň saklanyş ýagdaýynyň barlagy barada delilnama" düzülýär. Delilnamany guramanyň ýolbaşçysy tassyklandan soň, ähli görkezijileri boýunça hasaba alyş resminamalaryna üýtgeşmeler girizilýär.

**Işleriň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagyny geçirmezden_** öňinçä, öňki geçirilen barlagyň resminamalaryny öwrenmeli, işleriň jemleýji ýazgylarynyň her ýyllyk bölüminde işleriň belgilenişiniň dogrulygyny, işleriň belgileriniň gaznalardaky ýazgylaryň jemleýji ýazgylaryna we tagta kagyzdaky maglumatlara gabat gelýändigi barlanlyp görülýär.

Işleriň barlagy we saklanyş ýagdaýynyň barlagy ýazgydaky beýan ediji makalalary, işleriň sahaplarynyň ýüzündäki ýazgylar (şifr, gaznanyň we onuň bölümleriniň

ady, işleriň iş dolandyryş boýunça indeksleri, işleriň seneleri, işlerdäki tagta kagyzlaryň mukdary) bilen deňeşdirip görmek arkaly geçirilýär.

Işleriň saklanylyşynyň fiziki ýagdaýy olary gözden geçirmek arkaly kesgitlenilýär, ýüze çykarylan ähli kemçilikler barlag kagyzlarynda, soňra bolsa barlag geçirilenden soň düzülýän delilnamada görkezilýär.

Barlag döwründe işleriň ýazgylarynda we beýleki hasaba alyş resminamalarynda haýsydyr bir bellikleri ýa-da ýazgylary etmek gadagandyr.

Okalga zalyna we guramanyň düzüm bölümlerine, arhiwiň iş jaýlaryna berilýän işler aýawhanalardan berilýän işler barada ýöredilýän kitaplar esasynda umumy esasda barlanylýar.

Wagtlaýyn peýdalanmak üçin beýleki guramalara berlen işler bermek baradaky kitaplara we işleriň berlendigi barada düzülen delilnamalar boýunça barlanylýar hem-de hasapda bar hasaplanýar.

Gaznada işleriň barlygy we olaryň saklanyş ýagdaýy barlanylanda düzülýän barlag kagyzy gönüden-göni barlag gidip duran wagty gaznanyň ähli resminmalaryna düzülýär. Gaznanyň işleriniň mukdarynyň uly we ýazgylarynyň sanynyň köp bolan ýagdaýynda her bir ýazga aýratyn barlag kagyzyny düzmäge ygtyýar berilýär. Barlag resminamalary her gaznanyň öz san belgisi bilen belgilenilýär we barlagy geçirenler tarapyndan gol çekilýär.

Işleriň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy geçirilende, barlag kagyzynda göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar ýüze çyksa, onda barlag kagyzyna goşmaça sütün girizilýär.

Barlag netijesinde hiç hili kemçilik ýüze çykmadyk bolsa, barlag kagyzy gaznanyň işine goşulmaýar.

1. Işleriň barlagy geçirilende aşakdakylary berjaý

etmek zerurdyr:Işleriň tekjelerde, gapyrjaklarda, papkalarda ýerleşiş tertibini saklamaly;

2. Barlanylýan gaznanyň nädogry goýlan işlerini öz durmaly orunlarynda goýmaly;

3. Başga gaznalara degişli işleri aýryp aýratyn goýmaly;

4. Gaznanyň ýazgysyna girizilmedik işleri aýryp aýratyn goýmaly. Hasaba alynmadyk işlere barlagyň gidişinde ýazga girizmek gadagandyr. Hasaba alynmadyk hemişelik saklanylmaly işleriň ýazgysyna, şahsy düzümiň işleri, şahsy düzüm boýunça işleriň ýazgysyna barlag gutarandan soň goşulýar;

1. Tapylmadyk her işe ýazmaça kartoçka düzülýär; ýazmaçlar tapylmadyk işleriň kartotekasyna goşulýar;
2. Barlagyň netijesinde zaýalanan işler tapylan badyna, olar aýrylyp özbaşdak goýulýar we arhiwiň ýolbaşçysy habardar edilýär.

Çeperçilik gymmatlyklary ýa-da başga bir sebäplere görä işiň içindäki resminamalar tikilmän goýlan bolsa, olaryň barlagy içki ýazgy bilen deňeşdirmek esasynda geçirilýär. Barlagyň netijesi barlag tagta kagyzynda görkezilýär, “bellik” diýen sütünde ýok tagta kagyzlar we olaryň tertip san belgileri görkezilýär.

Işleriň barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy her bir ýazgy boýunça geçirilenden soň ýazgyda jemleýji ýazgydan soň “Barlanyldy” diýip ýazgy edilýär we senesi görkezilýär. Barlan adam öz wezipesini görkezip gol çekýär

Eger-de ýazgyda jemleýji ýazgyda hasaba alynmadyk harp belgili, boş, gaýtalanan we goýberilen san belgileri anyklanylan ýagdaýynda jemleýji ýazgy täzeden ýazylýar, barlag tagta kagyzynda ol barada bellik ediýär, soňundan ol jemlenilen ýagdaýda işleriň barlygynyň we ýagdaýynyň

delilnamasynda görkezilýär.

Barlag tagta kagyzyndaky jemleýji ýazgy esasynda gaznanyň resminamalarynyň ýerindedigininiň we ýagdaýynyň delilnamasy düzülýär. Delilnama barlagy geçirmäge gatnaşan her bir işgär gol çekýär we edara ýolbaşçysy tassyklaýar. Delilnamada görkezilen kemçilikleri düzetmek işleri geçirilýär. Sanitar-arassalaýyş işlerini geçirmegi talap edilýän işler hasaba alynýar we derew bejeriş işleri geçirilýär.

**Işleri gözläp tapmagy guramak.**

Eger-de işleriň ýerinde barlygynyň we ýagdaýynyň barlagy geçirilende işiň ýoklugy ýüze çykarylan bolsa onda olaryň gözlegi guralýar.

Şu maksat üçin aşakdaky işleri geçirmek maslahat berilýär:

1. Işleriň aýawhanadan berlendigi baradaky resminamalary öwrenmek;
2. Tapylmadyk işleri ulanmaga alan bölümlerden gözlemek;
3. Goňşulykda ýerleşen gaznalaryň ýa-da düzüm bölümleriniň işleriniň içinde ýalňyşlyk bilen goşulan bolmagy mümkindigi üçin olaryň içinden gözlemek.
4. Gaznanyň işiniň resminamalaryny öwrenmeli, ilki bilen resminamalary ýok etmäge düzülen delilnamalary, işleri wagtlaýyn ulanmaga berlendigi baradaky delilnamalary, öňki barlagda düzülen işleriň ýerindediginiň we ýagdaýynyň barlagy baradaky delilnamany.

Tapylmadyk işleriň gözleg barlagy tamamlanandan soň bir ýylyň dowamynda geçirilýär.

Tapylmadyk işlere ýazmaçlar düzülip, kartoteka guralýar.

**Gözlegiň netijelerini resmileşdirmek.** Gözlegiň

netijesinde tapylan işler öz orunlarynda goýulýar, “tapyldy we ýerinde goýuldy” diýip, hasaba alyş resminamalarynda ýazgy edilýär.

Işiň ýoklugy degişli resminamalar bilen tassyklananlary, ýazgydan we beýleki hasaba alyş resminamalaryndan kabul edilen düzgüne laýyklykda öçürilýär.

Tapylmadyk işleriň kartotekasyndaky ýoklugy tassyklanylan işleriň ýazmaçalaryna, işiň ýoklugyny tassyklaýan resminamanyň senesi we belgisi görkezilýär.

Işleriň ýoklugyny tassyklaýan resminamalar:

1. Resminamalary we işleri ýok etmek üçin düzülen delilnamalar;
2. Gözlemegiň ýollary tamamlanylan işlere düzülen tapylmadyk işleriň delilnamasy;
3. Işlere düzedip bolmajak zeper ýetenligi barada delilnama;
4. Başga pudaklaýyn arhiwe, edara berlendigi barada delilnama.

Gözläp tapmak boýunça ähli çäreler geçirilenden soň hem tapylmadyk, şeýle-de düzedip bolmajak derejede zeper ýeten resminamalary saklaýan işlere arhiwiň müdiri ýa-da arhiwe jogapkär işgär degişli delilnamalary düzýärler. Şol delilnamalary guramanyň seljeriş topary soňra, guramanyň ýolbaşçysy tassyklaýar. Işleriň tapylmanlygy hakynda düzülen delilnamanyň ýanyna gözleg geçirilendigi barada güwänama goşulýar.

Döwletiň saklamagyna berilmeli işler tapylmadyk ýagdaýynda we olara düzedip bolmajak zeper ýetenligi hakynda düzülen delilnamalar diňe degişli arhiw edarasy bilen ylalaşylandan soňra, guramanyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar.

Delilnama tassyklanylandan soňra ähli arhiw hasaba alyş resminamalaryna degişli ýazgylar edilýär.

## YII bap. Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryna düzülýän ylmy-gözleg ulgamy

### § 1. Ylmy-maglumat ulgamy diýen düşünje we onuň usuly esasy

Arhiw resminamalaryna ylmy-gözleg ulgamyny düzmek işi döwlet arhiwleriniň ylmy-gözleg ulgamy bölüminiň işgärleriniň ýerine ýetirýän işleriniň bir bölegidir. Ylmy –maglumat işi ylmy iş bolup,edaralary, guramalary, kärhanalary we raýatlary resminamalaýyn maglumatlar bilen üpjün etmek işini kämilleşdirmek, maglumaty gözlemegi we tapmagy ýeňilleşdirmek üçin döredilýän ulgamdyr. Resminamalaýyn maglumat bu resminamanyň saklaýan maglumaty-habarydyr. Döwlet arhiwleri özlerinde Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary çeçen döwriň retrospektiwnyý resminamalaýyn maglumaty saklaýar. Arhiwleriň resminamalaryndan alnyp peýdalanylýan maglumat esasan ylmy dolanyşyga ilkinji gezek goşylýan resmi maglumatdyr. Başgaça aýdanyňda TMAG-yň resminamalary maglumat çeşmesi hököminde ilkinji resminamalaýyn maglumaty özünde saklaýar.

Arhiwlerdäki ilkinji resminamalaýyn maglumaty tapmak üçin, ilki bilen resminamalarda seljerme geçirilýär, soňundan bolsa ol maglumatlar umumylaşdyrylýar ýa-da başga görnüşe geçirilýär. Şeýle usulda döredilen maglumatlara arhiwleriň resminamalaýyn ikilenji maglumaty diýilýär. Ikilenji resminamalaýyn maglumat –maglumat gözleg ulgamynda saklanylýat. Her bir maglumat-gözleg ulgamy maglumaty girizmek, gözleg we ikilenji maglumaty bermek ulgamydyr. Şeýle maglumatlar ulgamlary döwlet arhiwlerinde döredilýär, olar arhiwleriň däp bolan maglumatnamalarydyr (ýazgylar, kataloglar ýolgörkezijiler, kömekçi ylmy-habar beriş gollanmalary ýa-da mehanizimleşdirilen we awtomatlaşdyrylan

gözleg ulgamydyr. Bular tutuşlygyna arhiwiň ylmy-maglumat ulgamyny düzýär. Ylmy-maglumat ulgamlary arhiwiň resminamalarynyň düzümini we mazmunyny açyp görkezýärler we olaryň saklanylýan ýerini-salgyny görkezýärler.

Ikilenji resminamalaýyn maglumat TMAG-nyň resminamalary bilen geçirilýän dürli işleri geçirmek üçin giňden peýdalanylýar. Ilkinji nobatda toplumlaýyn resminamalaýyn maglumatlary almak, resminamalaryň-işleriň hasabyny ýöretmek, resminamalaryň gözlegini ýeňilleşdirmek, resminamalary peýdalanmagy guramak, arhiwde geçililýän beýleki işleri guramak (resminamalary toplamak, olary gaznalaşdyrmak, ätiýäçlik gaznalaryny döretmek) üçin resminamalaryň we işleriň ylmy-maglumat ulgamyny döredýärler.

Ylmy maglumat ulgamy düzülende aşakdaky talaplar berjaý edilmelidir:

1. Maglumaty resminamalar toplumynyň hemmesi barada bermeli, belli bir resminamadan başlap TMAG-nyň resminamalarynyň toplumy bilen gutarmaly;
2. Resminamalaryň ähli görnüşlerine ulanylýan, dürli maglumat göterijide döredilen, şeýle-de pudaklaýyn arhiwde, döwlet arhiwinde hem ulanmaga ýaramly;
3. Ulgama girýän maglumatnamalaryň kysmy we görnüşi taýýarlanylanda bir usulda taýýarlamaly;
4. Ähli derejelerde maglumatyň köpugurlar boýunça gözlegini geçirmek.

**Ylmy gözleg ulgamynyň gurluşy.** Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryna düzülýän ylmy gözleg ulgamynyň bölünişi:

1. Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy tutuşlygyna;
2. Döwlet we pudaklaýyn arhiwlerde saklanylýan çäk-gurluş birliklerine degişli resminamalar toplumy;
3. Döwlet arhiwlerinde ýa-da pudaklaýyn arhiwlerde saklanylýan resminamalar toplumy;

4. Arhiw gaznasy;
5. Iş ýa-da başga saklaw birligi (ylmy-tehniki resminamalar, kinifotofonoresminamalar).

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryna düzülýän ylmy-maglumat ulgamy- bu Türkmenistanyň Baş arhiw müdirliginiň ýöredýän Türkmenistanyň Milli arhiw gasnasynyň Merkezi gazna katalogydyr.

Türkmenistanyň pudaklaýyn arhiwleri, döwlet arhiwleri derejesinde düzülýän ylmy-maglumat ulgamlary:

1. Arhiwiň ýol görkezijisi ýa-da gyzgaça maglumatnama;
2. Kabul edilen resminamalar hasaba alynýan kitap;
3. Arhiwiň gaznalarynyň sanawy;
4. Arhiwiň gaznalarynyň tagta kagyzy;
5. Arhiwiň gaznalaryndaky işleriň ýazgylary;
6. Köp ugurly resminama ulgamlary boýunça, atlar boýunça we başga görnüşli kataloglar;
7. Resminamalaryň temalary boýunça synlar;
8. Resminamalaryň ýerleşi boýunça topografiki görkezijiler;
9. Arhiwleriň pasporty.

Türkmenistanyň pudak arhiwleriniň we döwlet arhiwleriniň gaznalary boýunça düzülýän ylmy-maglumat ulgamlary:

1. Gaznanyň tagta kagysy;
2. Gaznadaky işleriň ýazgysy;
3. Gaznanyň resminamalaryna ýazylan syn;
4. Gaznanyň resminamalaryna düzülen kopugurly ulgamlar boýunça, atlar boýunça kataloglar;
5. Gaznanyň resminamalarynyň ýerleşýän ýerini görkezýän topografiki görkezijiler;

6. Mehanizimleşdirilen maglumat gözleg ulgamy mysal: ýygnaknamalar boýunça perfekartalar, şahsy düzümiň resminamalary üçin perfekartalar).

Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwleriniň **maglumat-gözleg ulgamy.** Ilkinji resminamalaýyn maglumatlary guramagyň aýratynlygy resminamalary ýönekeý toparlara birleşdirmekdir ( iş, saklaw birligi) we Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň düzüminde bellenilen tertip boýunça bölmegi berjaý etmekdir.

Arhiw resminamalarynynyň şeýle gurnalyşy ilkinji maglumat çeşmesi höküminde olaryň gözleg sypatlary şulardan durýar:

1. Arhiwiň ady;
2. Gaznanyň harp we san belgisi;
3. Gaznanyň resminamalarynyň ýazgysynyň belgisi;
4. Işiň belgisi;
5. Maglumatyň ýerleşýän tagta kagyzynyň san belgisi.

Her bir maglumat gözleg ulgamynda ýörite maglumat gözleg diliniň bolmagy mümkindir. Bu emeli dil resminamalaryň mazmunyny ýazmaga niýetlenilendir we maglumaty gözlemäge niyetlenilendir.

Arhiw ýörelgeleninde düzgün bolşy ýaly maglumat gözleg dili (MGD) indekislerden durýar. Adaty arhiw maglumatnamalarynda: ýazgyda, synda, ýolgörkezijide-maglumaty şertli görkezmek indekisler görnüşinde, maglumatnamanyň bölüminiň, bölümçesininiň indeksi görnüşinde berilýär.

TMAG-nyň resminamalary bölünende 3 basgançakly bölmek barada aýdyldy. Resminamalaýyn maglumat bölünende 4 basgançakly –ýagny ikilenji resminamalaýyn maglumat hem gabat gelýär.

Maglumat gözleg dili bölmek görnüşinde, esasan, köp ugurly, predmet-temalaýyn, seneler boýunça kataloglarda

ulanylýar. Şeýle maglumat gözleg dili aşakdaky görnüşde bolýar:

A. Beýik Oktýabr sosialistik rewolýusiýasy, sowet häkimýetini gurulmagy we sowet hökümetiniň berkemegi:

A.1. Beýik Oktýabr rewolýusiýasynyň taýýarlanylyşy.

A.1.01. Gurultaýlar, maslahatlar, konferensiýalar.

A.1.02. RSDP(b) Merkezi Komiteti.

A.2. Beýik Oktýabr rewolýusiýasynyň ýeňmegi1.

A.2.01/ 39. Beýik Oktýabr rewolýusiýasynyň Petrogradda ýeňmegi.

Çepde duran alamatlar (elipbiý we san) maglumat gözleg diliniň indeksleridir. Maglumat dözleg diliniň söz görnüşi (predmet baradaky kataloglarda ulanylýar we görkezijiler predmet düşünjesiniň sanawy, elipbiý yzygiderliginde berilýär.

01. Awstraliýa.
02. Awstriýa.
03. Albaniýa.
04. Aljir.
05. Argentina.
06. Awganstan.
07. Belgiýa.
08. Bereg Slonowoý Kosti.
09. Birma.

Şeýle maglumat – gözleg dili gerek bolan predmet baradaky maglumaty elipbiý tertibiý boýunça tiz tapmaga kömek edýär.

## § 2. Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryndan düzülen işlere ýazgy düzmek

Garaşsyz Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalaryna-işlere düzülýän ýazgy –resminamalara düzülýän ylmy-maglumat gözleg resminamalarynyň iň giň ýaýran görnüşidir. Döwlet arhiwlerinde hemişelik saklanylýan Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň ähli resminamalaryna ýazgy düzülendir. Ýazgy düzülmeginiň sebäbi döwlet arhiwleriniň aýawhanalaryna saklamak üçin kabul edilen her bir resminamama ýazgy düzülmedik bolsa onda ol hemişelik saklanylmaga kabul edilmäge degişli däldir.

Garaşsyz Türkmenistanyň şertlerinde resminamalara ýazgy iki gezek düzülýär. Birinji sapar haçanda resminamalar bölümlerden edaranyň pudaklaýyn arhiwine tabşyrylanda ýazgy düzülýär. Ol ýazgy esasan her bir bölümiň resminamalary üçin düzülýär we ol ýazgylar wagtlaýyn ulanylýan ýazgylardyr. Sebäbi edaranyň bölümleriniň düzen ýazgylary resminamalary edaranyň arhiwine tabşyrmaga we edaranyň ähli bölümleriniň resminamalary toplanyp, döwlet arhiwlerine resminamalary tabşyrmak üçin birleşdirilen ýazgy düzülende esas bolup hyzmat edýär.

**Edaralaryň iş dolandyryşynda işleri düzmäge edilýän talaplar.** Resminamalar edaranyň iş dolandyryşynda öz ýerine ýetirmele wezipesini ýerine ýetirenden soň olary edaranyň işleriniň at ýazgysy boýunça işlere toplaýarlar. Resminamalary işlere toplamaga arhiw kadalary boýunça birnäçe talaplar bildirilýär.

Iş dolandyryşdan öz wezipesini ýerine ýetiren resminamalar işleriň at ýazgysyna laýyklykda işlere toplamaga işleri düzmek diýilýär. Resminamalar işlere mazmunlary boýunça işiň sözbaşysyna laýyklykda toplanylýar. Şonda resminamalaryň garamalary, ikinji nusgalary şeýle-de yzyna gaýtarylyp berilmäge degişli resminamalar işlere ýygnalmaýar.

Iş dolandyryş merkezleşdirilen ýagdaýda alnyp barylýan halatynda işler guramanyň Dolandyryşy resmina üpjünçilik gullugy tarapyndan düzülýär. Iş dolandyryş

merkezleşdirilmedik ýagdaýynda alnyp barylýan edaralarda bolsa bölümlerde düzülýär.

Edaralarda işleri düzmek işine pudaklaýyn arhiwleriň işgarleri işjeň gatnaşýarlar. Işleri toplamak işinde kynçylyklar ýüze çykan ýagdaýynda döwlet arhiwiniň işgärleri usuly kömegi bermäge borçludyrlar.

Işler düzülende aşakdaky görkezilen talaplaryň berjaý edilmegi zerurdyr:

1. Resminamalar işlere toplanylanda ilkinji nobatda hemişelik saklanylmaly işler bilen wagtlaýyn saklanylmaly işler aýrybaşga işlere toplanylmalydyr;
2. Ýokarda belleşimiz ýaly, işe resminamanyň diňe bir nusgasy toplanylmalydyr;
3. Işde ýerleşdirilýän her bir resminama döwlet standartyna laýyklykda taýýarlanylan we resmileşdirilen bolmalydyr.
4. Işe diňe bir kalendar ýylynyň resminamalary toplanylan bolmalydyr.Diňe kadadan çykma höküminde ýyldan ýyla geçýän işler, kazyýet işleri, şahsy işler, saýlawly gyramalaryň resminamalaryna düzülen işler, okuw jaýlarynyň okuw ýyly boýunça işleri, teatrlaryň möwsümler boýunça işleri birnäçe ýylyň resminamalaryny özünde saklap bilerler.
5. Işdäki resminamalaryň tagta kagyzlarynyň mukdary 250 tagta kagyzdan, galyňlygy bolsa 40 mm-den geçmeli däldir.

   Garaşsyz Türkmenistanyň arhiwlerinde **işlere ilkinji gezek ýazgy** edaranyň düzüm bölümlerinde edaranyň pudak arhiwine resminamalary tabşyrmak üçin düzülýär. Edaranyň pudak arhiwinde resminamalary döwlet arhiwine hemişelik saklamak üçin edaranyň resminamalarynyň birleşdirilen ýazgysy düzülýär. Ýazgylar ilki bilen hemişelik saklanylmaly işlere düzülýär. Ondan soňra wagtlaýyn saklanylýan 10

ýyldan köp saklanylýan işlere düzülýär. Ahyrynda şahsy düzümiň resminamalaryna düzülýär. Düzgün bolşy ýaly, şahsy düzümiň resminamalaryndan düzülen işler 75-ýyl saklanylýar. Edaranyň resminamalaryna kada bolşy ýaly ýazgy birnäçe ýyl üçin bir gezekde düzülýär.

Eger-de edaranyň resminamalary birinji gezek tertipleşdirilip ýazgy düzülýän bolsa, onda ýazgyny birinji tertip san boýunça başlaýarlar. Eger-de resminamalar öň tertipleşdirilen bolsa, onda öňki ýazgynyň gutaran san belgisini dowam edýärler. Ýazgylaryň özüni hem san belgileri bilen kä wagtlar bolsa san belgisiniň üstüne harp belgisini hem goşup belgileýärler. Bir ýazgyny dört belgili sana çenli dowam edýärler.

Haçanda işleriň belgisi dört belgili sana ýetenden soňra ol ýazgyny bes edýärler we täze belgili ýazgyny täze san belgisi bilen birden başlap düzüp başlaýarlar. Işleriň bir gezek ulanylan belgisi ikinji gezek gaýtalanyp ulanylmaýar.

Hemişelik saklanylmaly işleriň ýazgysy kiçiräk edaralarda bir ýazgyda düzülýär. Bir ýazgyda edaranyň ähli resminamalaryndan düzülen hemişelik saklanylmaly işlere ýazgy düzülende –işleri düzüm bölümleriniň tertibinde ýerleşdirmek maksadalaýykdyr. Bölümleriň tertibi edaranyň işgärleriniň sanawynyň ýerleşiş tertibinde ýerleşdirilise ýazgynyň shemasyny düzmek ýeňil düşýär. Işlere ýazgy düzülende bölümleriň içinde işlerdäki resminamalaryň wajyplygyny göz öňünde tutulyp has gymmatlylary başda, galanlary bolsa şol yzygiderlilikde ýerleşdirilmelidir.

Çylşyrymly uly edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň hemişelik resminamalaryndan düzülen işlere ýazgy düzülende her bir düzüm bölüminiň resminamalaryna ýazgyny aýratynlykda düzmek ýeňildir. Bu hemişelik resminamalardan düzülen işlerde hem işleriň ýerleşiş tertibini olardaky resminamalaryň wajyplygyndan ugur alnyp

ýerleşdirilse, arhiw düzgünlerine laýyk bolýar. Ol ýazgylaryň san belgileriniň gapdalyna bölümiň adynyň baş harpy goşulsa ýazgyny tanamaklyk üçin ýeňil bolar.

Wagtlaýyn saklanylmaly işler görnüşleri boýunça köpdürli bolmasa onda her bir resminamadan düzülen iş üçin aýratyn ýazgy düzülip bilner.

Şahsy düzümiň resminamalary hemişelik saklanylmaly işlere ýazgy düzülişi ýalydyr. Ýöne ýazgy düzülýän işleriň mukdary köp bolsa onda her bir resminamanyň görnüşi üçin aýratyn ýazgy düzülip bilner. Işgärleriň işe alnandygy, işden çykandygy, olaryň başga wezipelere geçirilendigi hakyndaky buýruklara özbaşdak ýazgy düzülip bilner. Şeýle-de gullukçylaryň we işgärleriň alan zähmet haky baradaky resminamalar aşakdakylardan durýar:

1. Işgärleriň şahsy hasaplaşyk hasaplary-ýazmaçlar;
2. Işgärleriň alan zähmet haky barada düzülen sanawlar;
3. Işgärleriň zähmet haky baradaky kompýuterda düzülen hasaplaşyk hasaplary.

Işden çykyp giden gullukçylaryň şahsy işlerine, işgärlere düzülýän ýazmaçlar, şeýle-de önümçilikde bolan ölüm hadysasyna düzülen işlere bir ýazgy düzülip bilner. Emma olaryň mukdary gaty kän bolsa onda aýry-aýry ýazgylar görnüşinde düzülip biliner. Şu ýerde bellemeli zat olam şahsy düzümiň resminamalaryna ýazgy düzülende olaryň esasan elipbiý tertibinde ýerleşdirmelidigi. Şeýle-de resminamalaryň tertipleşdirilýän möhleti ýazgyda görkezilip, ýyllar boýunça bölünmän hem bilner şeýle-de ýyllar boýunça aýry aýrylykda ýazgy düzülip biliner.

Şahsy düzümiň resminamalaryna ýazgy düzülende önümçilikde bolan hadysa sebäpli maýyp bolan işgäre kazyýet tarapyndan ömürlik kömek puly bellenilen bolsa şeýle işler hemişelik saklanylmaga degişlidigini arhiwçiniň elmydama ýatda saklamagy zerurdyr.

Işleriň ýazgylary düzülende aşakdakylary berjaý etmek zerurdyr:

1. Hemişelik saklanylmaly işlere düzülýän ýazgylar dört nusgada taýýarlanylýar;
2. Şahsy düzümiň resminamalaryndan düzülende işlere üç nusgada taýýarlanylýar;
3. Wagtlaýyn saklanylmaly işlere düzülýän ýazgy döwlet arhiwleri bilen ýlalaşmaga hödürlenilmeýär, şonuň üçin hem edaranyň özüne gerek bolan mukdarda taýýarlanylyp bilner.

Garaşsyz Türkmenistanyň döwlet arhiwleriniň kabul eden kadalary boýunça ýazgylara aşakdaky talaplar bildirilýär:

1. Işleriň sözbaşylary edaranyň işleriniň at ýazgysy boýunça düzülip,
arhiw kadalaryna laýyk gelmelidir;

2. Ýazga goşulýan her bir işiň öz san belgisi bolýar, eger-de iş birnäçe jiltden durýan bolsa onda olaryň her birine özbaşdak san belgisi görkezilýär we olaryň her biriniň öz sene çäkleri görkezilýär;

3. Ýazgyda işlere san belgi bermeklik döwlet arhiwleriniň resminama toplaýan
edaralarynda döwlet arhiwleri bilen ylalaşylmalydyr;

4. Ýazgyda berlen maglumatlar işleriň sahaplaryndaky maglumatlaryna laýyk bolmalydyr;

5. Ýazgyda birmeňzeş sözbaşyly işler yzly-yzyna gabat gelende (esasan, şeýle ýagdaý haçanda işler birnäçe jiltden ybarat bolanda gabat gelýär) işiň sözbaşysy diňe birinji işiň ýazgysynda görkezilýär, galanynda bolsa sözbaşa derek diňe “Şonuň ýaly” diýip ýazylýar;

6. Ýazgynyň “bellikler” sütüninde işleriň pudak arhiwine, döwlet arhiwine kabul edilip alnyşy, işleriň bölümlerde, pudak arhiwinde goýulandygy baradaky maglumatlar, şeýle-de işdäki ütgeşiklikler barada maglymatlar berilýär.

Işler barada her hili maglumatyň bolmagy mümkin: işiň içinde ýazgy edilýän döwürden öňden galan resminamalaryň

bolmagy mümkin, resminamalaryň taýýarlanyşynda özboluşlyklaryň bolmagy hem arhiw işinde gabat gelýär. Şeýle-de işiň içinde başga dilde ýazylan resminamalaryň hem bolmagy mümkin. Olar baradaky maglumatlary işiň “bellikler” diýen sütüninde görkezilmäge degişlidir.

Edara döwlet arhiwiniň resminama toplamaga çeşmesi bolup duran bolsa, onda edaranyň resminamalary tertipleşdirilenden soň düzülýän resminamalar:

1. Edaranyň işleriniň at ýazgysy;
2. Hemişelik saklanylmaly işleriň ýazgysy;
3. Şahsy düzümiň işlerine düzülen ýazgylar;
4. Saklanylmaly möhleti geçen resminamalara düzülen delilnama;

Şeýle-de öň ylalaşylmadyk bolsa-

5. Iş dolandyryşy guramak boýunça düzgünnama;
6. Edaranyň seljeriş toparynyň düzgünnamasy;
7. Edaranyň arhiwiniň düzgünnamasy.

Döwlet arhiwiniň seljeriş-barlag topary bilen ylalaşylmalydyr. Diňe şondan soň hemişelik saklanylmaly resminamalardan düzülen işler döwlet arhiwine tabşyrylyp bilner. Saklanylmaly möhleti geçen resminamalar döwletiň çig maly gaýtadan işleýän edaralaryna tabşyrylyp ýok edilip bilner.

## Netije

Arhiw işini öwrenmäge gyzyklanmanyň artmagy kanunalaýyk ösüş. Onuň wajyp ugurlaryny ylmy esasda işläp düzmek, bu işi kämilleşdirmek boýunça teklipleri, maslahatlary hödürlemek, aýratynda Täze Galkynyşlar, beýik özgertmeler zamanasynda örän uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Türkmenistanda sowet döwlet we jemgyýetçilik gurluşyndan demokratik, gurluşa geçiş döwri tamamlanandan soň onuň ornuna Beýik Galkynyşlar döwri geldi”[133] diýen konseptual umumylaşdyrmasy häzirki zaman türkmen jemgyýetine şol sanda arhiw işine dogry we doly düşünmegiň möhüm usulyýeti açary bolup hyzmat edýär.

Golaýda bolup geçen Türkmenistanyň nobatdan daşary, taryhy XXI Halk Maslahatynda ýurdumyzy ösen dünýäniň talaplaryna laýyk düýpli özgertmegiň täze ýollary, täze ugurlary we täze usullary aýdyň kesgitlenildi.

Dünýä işeňňir goşulmak, döwür bilen deň gadam urmak, gelejege ruhubelent taýýarlykly barmak üçin bu Maslahatda il ýurt bähbitli resminamalaryň birnäçesi kabul edildi.

Şolaryň biride Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň täze redaksiýasynyň halkymyzyň kämil Baş Kanunynyň kabul edilmegidir. “Türkmenistanyň Konstitusiýasy-hormatly Prezidentimiz G.M.Berdimuhamedowyň adalatly belleýşi ýaly, raýatlarymyzyň döwlet tarapyndan ykrar edilen ykbalydyr, adamyň erkinligini, mertebesini, hak-hukugyny kepillendirýän möhüm resminamadyr”[134].

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary raýatlarymyzyň azatlygynyň, erkinliginiň, hak-hukugynyň, zähmet işeňňirliginiň barha artýanlygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

---

133

134 Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary, 2008,

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalary özüniň köp görnüşliligi bilen häzirki zaman türkmen jemgyýetiniň ösüşiniň ähli taraplaryny
ylmy esasda öwrenmäge, umumylaşdyrmaga, dogry netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Bu iş Garaşsyzlyk ýyllarynda kabul edilen "Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakynda" Türkmenistanyň Kanuny, "Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda" Türkmenistanyň Kanuny we şolaryň esasynda kabul edilen Türkmenistanyň Milli arhiw fondunyň Düzgünnamasy, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw ministrliginiň Düzgünnamasy, Türkmenistanyň döwlet arhiw gullugynyň düzümi, Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň resminamalarynyň döwlet saklawyny amala aşyrýan döwlet pudaklaýyn arhiw gaznalarynyň sanawynyň tassyklanmagy we ş.m. Türkmenistanyň arhiwleriniň işleriniň düýpli ugurlaryny kämilleşdirmäge şert döretdi. Okuw gollanmasynda getirilen ylmy maglumatlar we netijeler onuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Okuw gollanmasynyň möçberiniň çäkliligi Garaşsyz Türkmenistanda arhiw işiniň gurallyşynyň beýleki wajyp meseleleriniň ählisini bir meňzeş dolulykda seretmäge mümkinçilik bermedi. Olar aýratyn meseleler boýunça geljekde çap etmäge meýilleşdirilýän okuw kitaplarynda öz beýanyny tapar.

## Edebiýatlar

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy; “Türkmenistan” gazeti-2008.
2. Türkmenistanyň Milli arhiw fondy hakynda Türkmenistanyň Kanuny; Türkmen arhiwi, 1993.
2.”Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda, Türkmenistanyň Kanuny 30.11.2003.; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005; Aşgabat, 2005.
3. “Türükmenistanyň Milli arhiw fonduny döretmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany 23.01.1992; Türkmen arhiwi 1993 ý № 1.
4. “Türkmenistanyň Milli arhiw fondynyň dokumentleriniň abat saklanylmagyny üpjün etmek baradaky çäreler hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary, 29.09.1994 № 1955; Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. -1994. № 9.
5. “Aşgabat şäherinde aýratyn möhüm binagärlik desgalaryny gurmak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary 14.11.2000, № 4903; Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. 2000. № 11.
6. “Türkmenistanda arhiw işini has-da ösdürmek we kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary 05.03.2002. № 5550; Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy. 2002. № 3.
7. ”Türkmenistanda arhiw edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň meseleleri” Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary 24.12. 2004. № 7030; Türkmen arhiwi 2003-2004-2005. Aşgabat, 2005.
8. Положение о Государственном архивном фонде СССР. Москва, 1980.
9. Положение о Главном архивном управлении при Совете Министров СССР. Москва, 1980.

10. Dokumentleriň unifisirlenen sistemasy. Guramaçylyk-buýruk beriji dokumentleriň sistemasy. Dokumentleriň taýýarlanyşyna talaplar. Türkmenistanyň döwlet standarty (TDS) 6.38-97.Aşgabat, 1997.
11. Iş dolandyryş we arhiw işi. Türkmenistanyň döwlet standarty (TDS) 621-2003. Aşgabat, 2003.
12. Türkmenistanyň guramalarynyň işinde emele gelýän, saklanylmaly möhletleri görkezilen birkysmy resminamalaryň sanawy. Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi, Aşgabat, 2004.
13. Türkmenistanyň ministrliklerinde, döwlet komitetlerinde, wedomstwalarynda, korporasiýalarynda, konserinlerinde, assosiasiýalarynda, edaralarynda, guramalarynda we kärhanalarynda iş ýöretmek boýunça Düzgünnama. Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi, Aşgabat, 1998.
12.Перечень документов органов Прокуратуры Туркменистана. Генеральная прокуратура Туркменистана. Ашхабад. 1997.
13. Перечень документов с указанием сроков хранения Центрального банка Туркменистана, учреждений и организаций банковской системы Туркменистана. Центральный банк Туркменистана. Ашхабад, 1999.
14. Основные правила работы государственных архивов СССР. Москва, 1984.
15. Основные правила работы ведомственных архивов. Москва. 1987.
16. Теория и практика архивного дела в СССР, Москва, 1980.
17.Головкин А.В. Развитие археографии (публикационный работы) в Туркменистане (1917-1976 гг.). Ашхабад, 1977.
18. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirligi tarapyndan edilen tölegli hyzmatlaryň bahalary Nyrhnama. Türkmenistanyň Baş arhiw müdirligi. Aşgabat, 2003.